Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

U. GAFUROW, K. ŞARIPOW

# TELEKEÇILIGIŇ ESASLARY 11





Orta bilim berýän mekdepleriň 11-nji synp okuwçylary üçin derslik

*Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan tassyklanan*

1-nji neşir



DAŞKENT
«ÖZBEKISTON»
2018

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

UO‘K 338.22(075.32)
KBK 65.290-2
T 14

S y n ý a z a n l a r:

Respublikan Tälim merkeziniň «Ykdysady bilimleriň esaslary» predmeti metodisti **A.N. Sattarow;**

Mürze Ulugbek adyndaky Özbegistan Milli uniwersitetiniň «Ykdysadyýet nazaryýeti» kafedrasynyň dosenti, y.y.k. **Ş.O. Olimjanowa;**

Daşkent maliýe institutynyň «Biznes we telekeçilik» kafedrasynyň uly mugallymy **U.K. Muhtarowa**.

## Şertli belgiler:

– *Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar*

– *Bilimiňizi synaň*

– *Tema boýunça amaly ýumuşlar we maşklar*

– *Bu gyzykly...*

– *Bilýäňizmi?*

## Şertli gysgaltmalar

| | |
|---|---|
| AITB | Aksioner innowasion täjirçilik banky |
| PJ | Paýdarlar jemgyýeti |
| JÇJ | Jogapkärligi çäklendirilen jemgyýet |
| ÖRK | Özbegistan Respublikasynyň Kanuny |
| MK | Maşgala kärhanasy |
| MT | Maşgala telekeçisi |
| PP | Prezidentiň Permany |
| HK | Hususy kärhana |

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.**

© U. Gafirow, K. Şaripow, 2018.
© «O‘ZBEKISTON» NÇDÖ, 2018.

ISBN 978-9943-25-612-5

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# I BAP

# TELEKEÇILIK, ONUŇ GÖRNÜŞLERI WE ŞEKILLERI

## 1-nji TEMA

## TELEKEÇILIGIŇ MAZMUNY WE ÄHMIÝETI

Biziň ýene bir möhüm wezipämiz – kiçi biznes we telekeçilik ugruny goldamak we höweslendirmek, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny, ýurdumyzda parahatçylyk we berkararlyk, sosial jebisligi berkitmekden, bu ugruň ülşüni has-da artdyrmak üçin amatly şertleri döredip bermekden ybarat. Näme üçin diýende, telekeçi diňe bir özüni we maşgalasyny däl, eýsem hem halky, hem döwleti bakýar. Men gaýtalaýan bolsam hem, aýtmakdan hiç haçan ýadamaryn, ýagny, halk baý bolsa, döwlet hem baý we güýçli bolýar.

***Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Ş. Mirziýoýew***













ABŞ




Madagaskar




Malaýziýa

### UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. 1–3-nji suratlarda görkezilen adamlaryň durmuş şertleri nämeleri bilen tapawutlanýar?
2. 4–6-njy suratlarda baýdaklary görkezilen haýsy ýurtda telekeçilik iş köpräk ösen diýip oýlaýarsyňyz? Näme üçin? Pikiriňizi esaslandyryň.
3. Daşky gurşawyň we şertleriň telekeçilik işleriniň ösenlik derejesi bilen nähili baglanyşygy bar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## TELEKEÇILIK NÄME?

Siz telekeçilik düşünjesi bilen 9-njy synpda geçilen «Ykdysady bilimleriň esaslary» predmeti arkaly gowy tanyşsyňyz. Onda telekeçilik diýende adamlaryň peýda gazanmak maksadynda töwekgelçilik esasynda öz serişdeleri, emlägini, bilimini we mümkinçiliklerini işe salyp, haryt öndürmek we hyzmat etmek işleri düşünilýär, diýlen. Şundan görnüşi ýaly, telekeçilik bazar ykdysadyýetiniň esasyny düzüp, onuň gatnaşyjylaryny herekete ündeýän iş hasaplanýar.

Telekeçilik işleri (telekeçilik) telekeçilik işleriniň subýektleri tarapyndan kanun resminamalaryna laýyklykda amala aşyrylýan, özi töwekgel edip we öz emläk taýdan jogapkärligi astynda girdeji (peýda) gazanmaga gönükdirilen başyny başlaýjylyk işleridir.

***Özbegistan Respublikasynyň 2012-nji ýylyň 2-nji maýyndaky ÖRK-328 belgili täze redaksiýadaky «Telekeçilik işleri erkinliginiň kepilleri barada»ky kanuny, 3-nji madda***

Telekeçi önümçiligiň başga esasy faktorlary – ýer (tebigy resurslar), kapital (önümçilik serişdeleri) we zähmet resurslaryny özara birikdirip, olaryň bir-birine görä hereketini üpjün edip, täze önümleri öndürmek ýa-da hyzmat etmegi amala aşyrýar.

**Telekeçi** – telekeçilik başarnygyna, ýagny nähilidir görnüşdäki haryt öndürmek ýa-da hyzmat etmek prosesini guramagy başarmak boýunça bilime, endige we tejribä eýe şahs.

## TELEKEÇILIGIŇ ESASY TARAPLARY

Eger telekeçi bolmagy isleseňiz, siz özüňizde telekeçiligiň esasy taraplaryny şekillendirmegiňiz zerur bolýar. Olar aşakdakylar:

**1. Başyny başlaýjylyk.** Hut telekeçi öz taglymyny amala aşyryp, peýda gazanmak maksadynda ykdysady resurslary özara birleşdirmek arkaly täze önümleri we hyzmatlary döretmek başlangyjyny öňe sürýär.

**2. Töwekgelçilik.** Telekeçi öz işlerini nähili derejede pugta planlaşdyrmagyna seretmezden, onuň üstünlikli amala aşmagy kepillendirilmedik. Iş dowamynda onuň netijesine erbet täsir edýän örän köp howp-hatarlar (riskler) peýda bolmagy mümkin. Telekeçi – bu dürli howp-hatarlardan,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

problemalardan we päsgelçiliklerden gorkmazdan, öz maksadyna ýetmekde töwekgelçilige baryp bilýän şahs hasaplanýar.

**3. Jogapkärlik.** Telekeçiniň başlangyjynyň we töwekgelçiliginiň aňyrsynda onuň jogapkärligi, ýagny özüniň hereketleri üçin emlägi we resurslary bilen jogapkär bolmaga taýýardygy ýatýar.

**4. Täzelige ymtylma.** Telekeçiligiň mazmunynda täzelige ymtylma, ýagny öz işlerini guramakda we amala aşyrmakda ýene-de ýokary netijeleri gazanmak üçin belli bir täzelik we özgerişler girizip barmak möhüm orun tutýar.

## TELEKEÇILIGIŇ ÄHMIÝETI

Siz öz maşgala agzalaryňyzyň durmuş şertiniň ýokary derejede bolmagyny isleýärsiňizmi? Bu şertleriň we mümkinçilikleriň aglaba bölegi telekeçilik işleri arkaly döredilýändigi hiç oýlap görüpdiňizmi?

Telekeçilik her bir adamy belli bir girdeji bilen üpjün edip, onuň öz zerurlyklaryny dolurak kanagatlandyrmak, durmuş derejesini ýokarlandyrmaga mümkinçilik döredýär. Eger jemgyýetde telekeçi adamlar köp bolsa, onda parahatçylyga we asudalyga, berkararlyga ymtylma şonça güýçli bolýar. Telekeçilik gowy ösen jemgyýetde ýaradyjylyk, ylym-magaryf we sahawat öňdebaryjy orun tutýar.

Telekeçilik öz işlerinden tölenýän salgytlar we pul goýbermeler arkaly döwlet býujetiniň girdejilerini hem üpjün edýär. Býujet serişdeleri näçe köp bolsa, jemgyýet agzalaryna hyzmat edýän şertleri (ýaşaýyş jaýlary, ýollar, lukmançylyk edaralary, okuw mekdepleri we başgalary) ýene-de gowulandyrmak mümkinçiligi peýda bolýar. Diýmek, telekeçiligiň ähmiýeti onuň her bir şahsyň, jemgyýetiň we döwletiň mümkinçiliklerini giňeltmegi arkaly ýüze çykýar. Şoňa görä-de, ýurdumyzda telekeçilik işleri döwlet tarapyndan goralýar we goldaw tapýar.

## KIM TELEKEÇI BOLUP BILER?

Telekeçilik işleri bilen meşgullanmagy isleýän ähli raýatlar telekeçi bolup bilerler. Ýöne munuň üçin raýat mylaýym gatnaşyk ukybyna eýe bolmaly, ýagny on sekiz ýaşyna dolan bolmalydyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

On alty ýaşyna ýeten kämillige ýetmedik şahs zähmet şertnamasy boýunça işleýän bolsa ýa-da ata-enesi, persentlige alyjylary ýa-da howandarynyň razylygyna görä telekeçilik işleri bilen meşgullanýan bolsa, ol doly gatnaşyga ukyply diýlip yglan edilmegi mümkin.

***Özbegistan Respublikasynyň Raýatlyk kodeksi, 28-nji madda***

Şunuň bilen birlikde, käbir sebäplere görä telekeçilik işleri bilen meşgullanmagy mümkin bolmadyk şahslar ýa-da toparlar bar. Bulara:

– döwlet organlary;

– döwlet organlarynyň wezipeli şahslary;

– telekeçilik işleri bilen meşgullanmagy kanun resminamalarynda gadagan edilen başga şahslary girizmek mümkin.

## TELEKEÇILIK ÜÇIN NÄMELER ZERUR?

Siz telekeçilik işlerini amala aşyrmagyňyz üçin aşakdakylar talap edilýär:

– biznes-taglyma eýe bolmak;

– biznes-taglymy amala aşyrmak üçin anyk hereketler plany (biznes-plan) işläp taýýarlamak;

– telekeçilik işlerini ýola goýmak üçin zerur bolan ilkinji (başlangyç) kapitala eýe bolmak;

– telekeçilik işlerini amala aşyrmak üçin kerakli maddy resurslar we şertlere eýe bolmak.

## BU GYZYKLY...

1997-nji ýylda kolležde bile okan dostlar Internetden islendik maglumaty tapyp berip bilýän algoritmi döretmek taglymy bilen gyzyklanan wagtlarynda munuň näme bilen gutarjakdygyny, hatda göz öňüne-de getirmändirler. Bu wagtda olar gowy tälim almaga ymtylýan ýaş talyplardylar. Algoritm döretmegiň üstünde işi dowam etdirmek üçin wagt ýetmanligi üçin olar öz gözleglerini «Yahoo» kompaniýasyna 1 mln. dollara satmaga karar edipdirler. «Yahoo» bilen söwdalaşma nyrhy 500 müň dollara çenlidi, ýöne ahyrky netijede algoritmi satmakdan boýun



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

towladylar. Ýigitler algoritmiň üstünde işlemegi dowam etdirdiler. Netijede hazirki wagtda bahasy 250 mlrd. dollara bahalanýan «Google» kompaniýasy döredi.

## BILIMIŇIZI BARLAŇ!

1. Telekeçilik düşünjesi nämäni aňladýar?
2. Näme üçin telekeçilik bazar gatnaşyjylaryny herekete ündeýän iş hasaplanýar?
3. Telekeçilik ukyby nähili sypatlar arkaly ýüze çykýar?
4. Näme üçin telekeçilik önümçilik faktorlarynyň arasynda iň möhümi hasaplanýar?
5. Telekeçiligiň esasy taraplaryny düşündirip beriň.
6. Telekeçilik aýratyn şahsa, jemgyýete we döwlete nähili peýda getirmegi mümkin?
7. Kimler telekeçi bolup biler?
8. Telekeçiligi başlamak üçin nämeler zerur?

## TEMA BOÝUNÇA AMALY ÝUMUŞLAR WE MAŞKLAR

### Test: «Siz telekeçilik ukybyna eýemi?»

Şu test siziň telekeçilik ykybyňyzyň derejesini bahalamaga mümkinçilik berýär. Soraglara «Hawa» ýa-da «Ýok» diýip jogap beriň.

1. Başlan işiňizi nähilidir päsgelçilikler çykmagyna seretmezden ahyryna çenli ýetirip bilersiňizmi?
2. Öz kararyňyzda berk durup bilersiňizmi ýa-da sizi aňsatja pikiriňizden gaýtarmak mümkinmi?
3. Siz özüňize jogapkärligi almagy, dolandyrmagy halaýarsyňyzmy?
4. Töweregiňizdäkileriň hormatyna we ynamyna sezewarmysyňyz?
5. Sagdynmysyňyz?
6. Derrew netije bolmasa-da daň atandan agşama çenli zähmet çekmäge taýýarsyňyzmy?
7. Başgalar bilen gatnaşyk etmek we hymatdaşlykda işlemegi halaýarsyňyzmy?
8. Başgalary hem saýlap alan ýoluň dogrudygyna ynandyryp bilermiň?
9. Size başgalaryň taglymy we pikirleri düşnüklimi?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

10. Siz öz işiňizi başlamak isleýän ugur boýunça tejribäňiz barmy?

11. Siz amaldaky salgyda çekmek, iş hakyny hasaplamak, buhgalteriýa hasabyny ýöretmegiň düzgünleri bilen tanyşmy?

12. Siz teklip etmekçi bolan haryda ýa-da hyzmata özüňiz ýaşaýan şäherde ýa-da welaýatda talap bolýarmy?

13. Sizde marketing we maliýe ugrunda başlangyç bilimler barmy?

14. Ýaşaýan şäheriňizde (welaýatyňyzda) siz saýlan ýönelişdäki başga telekeçileriň işleri gowy gidýärmi?

15. Göz öňüňizde tutýan kärendesine almak mümkin bolan bina barmy?

16. Siz öz kärhanaňyzy işiňiziň birinji ýylynda üpjün edip durmak üçin ýeterli maliýe serişdesine eýemi?

17. Sizde özüňiz döretjek kärhanany maliýeleşdirmäge garyndaşlary we tanyşlary çekmek mümkinçiligi barmy?

18. Göz öňüňizde tutýan zerur materiallary ýetirip bermegi mümkin bolan üpjünçiler barmy?

19. Göz öňüňizde tutýan sizde ýetişmeýän bilime we tejribä eýe bolan hünärmenler barmy?

20. Öz şahsy işine eýe bolmak – siziň esasy arzuwyňyzdygyna ynanýarsyňyzmy?

**Açar**

Her bir dogry jogap üçin bir balla eýe bolarsyňyz. Ballaryň jemini hasaplaň.

**Netije**

**Eger ballaryň jemi 17 we ondan köp bolsa,** onda siz telekeçi bolmak üçin ähli zerur sypatlara eýesiňiz. Siziň maksada tarap okgunlylygyňyz, güýje we üstünlige bolan ynamyňyz islendik taglymy amala aşyrmakda kömek eder.

**Eger ballaryň jemi 13-den 17-ä çenli bolsa,** siziň telekeçi hökmünde üstünlik gazanmakda ynamyňyz onçakly berk däl. Ýöne siz gowy işewür bolmagyňyz mümkin.

**Eger ballaryň jemi 13-den kem bolsa,** telekeçi bolmagyňyz üçin sizden köpräk tejribe toplamak we hereket talap edilýär. Telekeçiligi başlamazdan öň öz gyzyklanmalaryňysy, islegleriňizi we mümkinçilikleriňizi deňeşdirip, anyk maksada tarap gönükmelisiňiz.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 2-nji TEMA TELEKEÇILIGIŇ GÖRNÜŞLERI WE ŞEKILLERI

Işjeň telekeçi diýende, biz konkurentlik edip biljek önüm öndürmegi başarýan, iň möhümi, täze iş orunlaryny döredip, diňe bir özüni we maşgalasyny bakýan däl, eýsem bütin jemgyýete peýda getirýän başarnykly adamlary düşünýäris.

***Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Ş. Mirziýoýew***





### UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Ýokardaky suratlarda telekeçiligiň nähili görnüşleri görkezilen? Öz pikiriňizi esaslandyryp beriň.
2. Bir wagtyň özünde birnäçe telekeçilik görnüşi bilen meşgullanmak mümkinmi? Mysallar getiriň.

### TELEKEÇILIK IŞINIŇ GÖRNÜŞLERI

Ykdysady iş dürli görnüşlerde amala aşyrylýar. Meselem, biz dürli önümleri (çörek, geýim, okuw gurallary, awtomobil, öý we başgalar) öndürmek bilen hyzmat etmegi (durmuş taýdan hyzmat, tälim hyzmaty, saglygy goraýyş, maslahat bermek we başgalary) tapawutlandyrýarys. Şoňa görä, ykdysadyýetiň ugurlarynyň we pudaklarynyň aýratynlyklaryndan gelip çykmak bilen telekeçilik işleriniň görnüşleri özündäki prosesleriň şekli we mazmuny hem-de olary amala aşyrmagyň usullaryna görä tapawutlanýar. Telekeçilik işleri hyzmat etmek, dellalçylyk işleri, sarp edilýän harytlary öndürmek, maliýe operasiýalar ýaly ugurlarda beýlekilerden netijeli amala aşýar. Telekeçilik işleriniň gönükdirilenligi, kapitaly girizmek obýektine we anyk netijelerine görä telekeçiligiň görnüşleri tapawutlanýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Telekeçiligiň görnüşi** – telekeçilik işleriniň ýönelişine, kapital girizmek ugruna we iş netijesine görä tapawutlanýan belgiler ulgamy.

## ÖNÜMÇILIK TELEKEÇILIGI

Siz telekeçilik bilen meşgullanmagy başlamazdan öň onuň özüňize laýyk görnüşini seçip almalysyňyz. Aýdaly, siz kiçi konditer sehini açmakçysyňyz. Munuň üçin sizde bina, zerur gural-esbaplar we enjamlar hem-de ýeterli derejede maliýe serişdeleriň bolmagy talap edilýär. Siziň konditer önümlerini öndürmek işleriňize önümçilik telekeçiligi diýilýär.

**Önümçilik telekeçiligi –** sarp edijilere satmak maksadynda önüm öndürmek ýa-da hyzmat etmäge gönükdirilen iş.

Önümçilik telekeçiligi hyzmat etmegi-de öz içine alýar. Meselem, awtomobillere tehniki hyzmat etmek, geýimleri himiki usulda arassalamak, dürli meselelerde maslahat bermek, tälim hyzmaty we başgalar şolara degişlidir.

Önümçilik telekeçiligi iş ugruny seçip almak telekeçiniň maliýe resurslary we şahsy meýilliligi arkaly kesgitlenilýär. Ilki marketing barlaglary geçirilýär, bazar öwrenilýär, teklip edilýän harydyň nähili derejede sarp edijä zerurlygy, talabyň derejesi we özgerişi, talap derejesine täsir edýän faktorlar, takmyny harajatlar we satuw möçberleri anyklanýar.

## TÄJIRÇILIK TELEKEÇILIGI

Aýdaly, sizde öndürmek telekeçiligi üçin ýeterli resurs bolmazlygy mümkin. Onda siz önümçilik resurslary ýaly uly zerurlyk talap etmeýän, köpräk dolanyşyk serişdeleri öňdebaryjy orun tutýan täjirçilik telekeçiligi bilen meşgullanyp bilersiňiz.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Täjirçilik telekeçiligi –** haryt-pul gatnaşyklary we söwda-alyş-çalyş operasiýalaryna, ýagny harytlary we hyzmatlary gaýtadan satmaga esaslanan iş.

Bölekleýin we lomaý söwda, dürli emläkler, şol sanda gozgalmaýan mülkler söwdasynda dellalçylyk etmek täjirçilik telekeçiligine mysal bolup biler.

Täjirçilik telekeçiliginde harydy satuw nyrhy onuň satylýan nyrhyndan ýokary bolmagy esasy düzgün hasaplanýar. Şoňa görä-de, täjirçilik telekeçiligini amala aşyrmazdan öň bazaryň ýagdaýy pugta derňelýär.

## MALIÝE TELEKEÇILIGI

Şonuň ýaly-da, siz ýörite bilimleri we endikleri talap edýän maliýe telekeçiligi görnüşi bilen hem meşgullanyp bilersiňiz.

**Maliýe telekeçiligi** – pul we gymmatly kagyzlaryň aluw-satuwy bilen bagly telekeçilik işleri.

Maliýe telekeçiliginde gymmatly kagyzlar (aksiýalar, obligasiýalar we başgalar), walýuta gymmatlyklary we milli pullar aluw-satuw edilmegi onuň özboluşly aýratynlygy hasaplanýar. Şonuň ýaly-da, maliýe telekeçiligini guramak üçin täjirçilik banklary, maliýe-kredit kompaniýalary, fondlar, walýuta biržalary we başga şular ýaly ýörite edaralaryň işlerini ýola goýmak talap edilýär.

## ÄTIÝAÇLANDYRYŞ IŞI

Ýaşaýyş dürli tötänliklerden, garaşylmadyk hadysalardan doly. Islendik adam garaşylmadyk ýagdaýda saglygyny, tebigy apat ýa-da betbagtçylyk sebäpli emlägini ýitirmegi mümkin. Şonuň ýaly-da, bazar ykdysadyýeti şertinde hiç kimiň iş netijesi doly kepillendirilmedik bolup, kärhanalar maliýe taýdan pese düşme duçar bolmagy mümkin.

Şeýle halatlarda ätiýaçlandyryş işlerine zerurlyk duýulýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ätiýaçlandyryş** – dürli hili garaşylmadyk ýagdaýlar netijesinde ýüze çykýan maliýe meselelerinden goramak işleri.

Ätiýaçlandyryş işi-de telekeçiligiň ýörite görnüşi hasaplanýar. Oňa emläk ätiýaçlandyryşy, durmuş we saglygyň şahsy ätiýaçlandyryşy, risk ätiýaçlandyryşy, jogapkärçilik ätiýaçlandyryşy ýalylar girýär. Umumy ýagdaýda ätiýaçlandyryş telekeçiligini ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň aluw-satuw hökmünde häsiýetlendirmek mümkin.

## TELEKEÇILIGIŇ GÖRNÜŞLERINIŇ UMUMY DERŇEWI

Siz meşgullanmakçy bolan telekeçilik görnüşinden özüňize laýygyny saýlamak üçin her bir telekeçilik görnüşiniň aýratynlykly belgisi boýunça maglumatlary umumy jedweliň kömeginde derňäp bilersiňiz. Munda belli bir belginiň çylşyrymlylyk derejesini bahalamak üçin «pes» – 1 ball, «ähmiýetli» – 2 ball, «ýokary» – 3 ball bilen aňladýarsyňyz.

| **Aýratynlykly belgileri** | **Telekeçilik görnüşleri** | | | |
|---|---|---|---|---|
| | **Önümçilik telekeçiligi** | **Täjirçilik telekeçiligi** | **Maliýe telekeçiligi** | **Ätiýaçlandyryş işi** |
| Maddy resurslara talap derejesi | Ýokary (3) | Pes (1) | Pes (1) | Pes (1) |
| Maliýe resursa talap derejesi | Ähmiýetli (2) | Ýokary (3) | Ýokary (3) | Ýokary (3) |
| Risk derejesi | Pes (1) | Ähmiýetli (2) | Ähmiýetli (2) | Ýokary (3) |
| Ýörite bilim we rugsatnama talap derejesi | Ähmiýetli (2) | Pes (1) | Ýokary (3) | Ýokary (3) |
| **Umumy dereje** | **8** | **7** | **9** | **10** |

Meselem, önümçilik telekeçiliginde maddy resurslara (bina, desga, tehnologik liniýa, stanoklar, çig mal we materiallara) talap galan telekeçilik görnüşlerine garanda ýokary bolýar. Maliýe resursa bolan talap hem ähmiýetli derejede, ýöne täjirçilik, maliýe we ätiýaçlandyryş telekeçiligine garanda pesräk bolýar. Şeýlelikde her bir telekeçilik görnüşiniň aýratynlykly belgileri boýunça alnan ballaryň jemi olaryň çylşyrymlylygynyň dürli de-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

rejelerini görkezýär. Şoňa görä, siz hem aýratynlykly belgilerini bahalamak arkaly özüňiz meşgullanmagyňyz mümkin bolan telekeçilik görnüşini saýlap bilersiňiz.

## TELEKEÇILIGIŇ ŞEKILLERI

Telekeçiligiň görnüşleri bilen bir hatarda, telekeçiligiň şekillerini hem dogry saýlamak möhüm hasaplanýar. **Telekeçilik şekli –** iş boýunça hyzmatdaşlar, başga telekeçiler we döwlet edaralary bilen gatnaşygy taýdan tapawutlanýan belgiler ulgamydyr.

Telekeçiligiň belli bir şekli bazaryň ýagdaýy we telekeçiniň ygtyýarynda kapitalyň barlygy arkaly kesgitlenýär. Telekeçiligiň esasy şekillerine ýekebara telekeçilik, kollektiw telekeçilik, korporatiw telekeçilik girýär. Telekeçiligiň her bir şekliniň özboluşly aýratynlyklaryna soňky temalarda garap geçeris.

### BU GYZYKLY...

Berto Jekobs we onuň inisi Jon ýaşaýşa bolan oňat gatnaşygy-da satmak mümkin diýen karara gelipdirler. Munuň üçin olar «Life is good» brendini döredipdirler. Ilki 1984-nji ýylda 48 sany futbolka şeýle şygarly logotipler ýazylypdyr. Olar Boston şäherinde gönüden-göni awtofurgonda satylyp başlanypdyr. 45 minudyň içinde ähli geýimler satylyp gutardy! Şonda aga-iniler adamlara optimizm paýlamak hem baýlyga eltmegi mümkinligini düşündirmegi başardylar. Bu günki günde «Life is good» brendiniň önümleri ABŞ-nyň özünde 4500 sany söwda şahamçasynda satylýar, dünýäniň 27 ýurdunda onuň filiallary bar. Jemi magazinleriniň sany ýüze golaý. Kompaniýanyň peýdasy 2007-nji ýylda 100 million dollara ýetipdir.

### BILIMIŇIZI BARLAŇ!

1. Telekeçiligiň görnüşleri nämäni aňladýar?
2. Belli bir telekeçilik görnüşini saýlanda nämeler hasaba alynýar?
3. Önümçilik telekeçiliginiň özboluşly belgileri nähili?
4. Haýsy ýagdaýda önümçilik telekeçiligini saýlamak mümkin?
5. Täjirçilik telekeçiliginiň esasy taraplaryny düşündirip beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 3-nji TEMA ÝEKEBARA TELEKEÇILIK







### UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1 Ýokardaky suratlarda görkezilen haýsy iş görnüşlerini ýekebara telekeçilik şeklinde guramak mümkin?

2. Şu iş görnüşlerini ýekebara telekeçilik esasynda alyp barmak mümkinligi näme bilen düşündirilýär?

3. Kimler ýekebara telekeçiler bolup biler diýip oýlaýarsyňyz?

## ÝEKEBARA TELEKEÇILIGIŇ MAZMUNY

Siz telekeçiligi başlamazdan öň ony nähili şekilde amala aşyrjakdygyňyzy anyklamalysyňyz. Munuň üçin ilki iň ýönekeý şekli saýlamak maksada laýykdyr. Bu bolsa ýekebara telekeçilik hasaplanýar.

Ýekebara telekeçilik – ýuridik şahsy döretmezden hususy telekeçilik işlerini amala aşyrmak şeklidir. Beýle işi amala aşyrmak üçin «ýekebara telekeçi» hökmünde döwlet sanawyndan geçmek ýeterlidir.

Ýekebara telekeçilik fiziki şahs (ýekebara telekeçi) tarapyndan telekeçilik işlerini ýuridik şahsy döretmezden amala aşyrmakdyr.

***Özbegistan Respublikasynyň 2012-nji ýylyň 2-nji maýyndaky ÖRK-328-nji belgili täze redaksiýadaky «Telekeçilik işleriniň erkinliginiň kepilleri barada»ky kanuny, 6-njy madda***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# FIZIKI WE ÝURIDIK TARAP

Ýekebara telekeçige berlen kesgitlemede fiziki tarap we ýuridik tarap düşünjeleri duşýar. Diýmek, bu düşünjeleriň manysyny doly bilmek telekeçilik şekilleri barada giňräk düşünje almaga mümkinçilik berýär.

**Ýuridik tarap** – raýat hukuklarynyň we borçlarynyň subýektleri hasaplanýan kärhanalar, edaralar, guramalardyr. Özbegistan Respublikasynyň kanunçylygyna görä, ýuridik tarap öz eýeçiliginde, hojalyk ýöretmekde ýa-da operatiw dolandyryşda aýratyn emläge eýe bolan hem-de öz borçlary boýunça şu emläk bilen jogap berýän, öz adyndan emläk we şahsy emläk däl hukuklara eýe bolup, olary amala aşyryp bilýän, borçlary ýerine ýetirip bilýän, sudda dawagär we jogapkär bolup bilýän guramadyr. Ýuridik taraplar özbaşdak balansa ýa-da smeta eýe bolmalydyrlar.

**Fiziki tarap** – hukuk gatnaşyklarynyň gatnaşyjysy bolan aýratyn alnan raýaty aňladýan düşünje. Ol kollektiwleýin düzülme bolan ýuridik tarapdan tapawutlanýar: fiziki tarap gönüden-göni öz adyndan iş ýöredýär – iş ýöretmegi üçin kollektiwleýin düzülme – degişli firmany ýa-da kärhanany kanunda bellenilen tertipde sanawdan geçirmegi hökman däl.

| **ÝEKEBARA TELEKEÇILIGIŇ** | |
|---|---|
| **ARTYKMAÇLYKLARY** | **KEMÇILIKLERI** |
| ***Öz işlerini özbaşdak dolandyrmak hukugyna eýedigi.*** Ýekebara telekeçilik çylşyrymly dolandyryş gurluşyna eýe däl. Ýagny, onda kärhanadaky ýaly direktor, buhgalter ýaly wezipelerini guramak hökman däl. Şu wezipeleriň ählisini ýekebara telekeçiniň özi ýerine ýetirýär | ***Öz işleri netijeleri üçin çäklendirilmedik şahsy jogapkärlikka eýedigi.*** Aýdaly, siz ýekebara telekeçi hökmünde zyýan çekip başladyňyz. Bu nähili ýagdaýda ýüze çykandygyna seretmezden, siz şu işe sarp eden serişdeleri öz emlägiňiz bilen örtmäge mejbursyňyz |
| ***Iş ýöretmegiň beýlekilerden ýeňilligi.*** Meselem, ýuridik tarap görnüşindäki kärhanalar zerur ýagdaýlarda öz işlerini wagtlaýyn togtadyp durmak mümkinçiligine eýe däl. Ýekebara telekeçi üçin bolsa degişli salgyt edarasyna ýüzlenmek arkaly öz işlerini belli bir | ***Işi giňeldende hakyna tutma zähmetden peýdalanmagyň çäklendirilendigi.*** Ýagny, kanunçylyga görä, işiň görnüşine garap, bir sany işgärden üç işgäre çenli hakyna tutmaga rugsat edilýär. Bu bolsa, ýekebara telekeçä öz işinde köp işçileri talap edýän tehnolo- |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| | |
|---|---|
| möhletleýin togtadyp durmak we bu döwür üçin salgyt hem-de başga mejbury tölegleri amala aşyrmazlyga rugsat edilýär | giýany ornaşdyrmaga mümkinçilik bermezligi mümkin |
| ***Ustaw fonduny şekillendirmegiň talap edilmeýänligi.*** Ýagny, siz hiç hili serişdäni aýratyn toplamazdan, gönüden-göni işleriňizi başlap bilersiňiz | ***Meşgullanmak mümkin bolan iş görnüşleriniň çäklendirilendigi.*** Siz ýekebara telekeçi hökmünde diňe rugsat edilen iş görnüşleri bilen meşgullanmagyňyz mümkin |
| ***Aýratyn ýuridik salgynyň talap edilmeýänligi.*** Siz özüňiziň hemişelik ýaşaýan salgyňyzy görkezmek bilen ýekebara telekeçiligi sanawdan geçirip bilersiňiz | ***Serişdeleriň onçakly uly bolmazlygy iri taslamalary amala aşyrmaga päsgel bermegi.*** Siz paýdarlar kompaniýasy ýaly goşmaça aksiýa çykaryp bilmersiňiz, iri hyzmatdaşlary, goşmaça serişdeleri çekip bilmersiňiz |
| ***Hasabatlar tabşyrmagyň ýeňilleşdirilen tertibiniiň ulanylmagy.*** Meselem, kanunçylyga görä kiçi telekeçilik subýektleri diňe döwlet statistika organlary we döwlet salgyt gullugy organlaryna, ýekebara telekeçiler bolsa, döwlet salgyt gullugy organlarya bellenilen tertipde hasabat tabşyrýarlar | |

## BILÝÄŇIZMI?

Özbegistanda telekeçileri goldamak, olaryň bähbitlerini goramak bilen meşgullanýan köp jemgyýetçilik guramalary iş alyp barýar. Aşakda olaryň käbirleri bilen tanşyp geçýäris.

### Özbegistan Respublikasynyň Söwda-senagat palatasy

Özbegistan Respublikasynyň Söwda-senagat palatasy Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2004-nji ýylyň 7-nji iýulyndaky permanyna görä döredilen. Söwda-senagat palatasynyň esasy maksady hususy telekeçiligi has-da ösdürmek üçin amatly şertleri döretmek hem-de işewürlik gurşawyny kämilleşdirmek



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

hasaplanýar. Şoňa görä, Palatanyň esasy wezipelerinden biri – respublikada telekeçilik işini, ilki bilen, kiçi we hususy biznesi ösdürmek, real mülkdarlaryň giň synpyny şekillendirmek, ýurduň ykdysady durmuşynda hususy sektoryň roluny we ähmiýetini artdyrmaga kömek etmekden ybarat.

Palata agza bolan telekeçiler üçin ençeme artykmaçlyklar we mümkinçilikler döredilen. Şol sanda, olar telekeçileriň hukuk taýdan goragyny üpjün etmek, harytlaryň we hyzmatlaryň eksportyny goldamak, daşary ýurt inwestisiýalaryny we minitehnologiýalaryny çekmek, kadrlary okatmak we gaýtadan taýýarlamak hem-de başga ençeme ugurlarda amaly kömek we hyzmatlary almak mümkinçiligine eýe bolýarlar. Siz Söwda-senagat palatasy baradaky başga köp peýdaly maglumatlar bilen guramanyň http://www.chamber.uz elektron sahypasy arkaly tanşyp bilersiňiz.

### Özbegistan Respublikasynyň «Hünärment» bileleşigi

Özbegistan Respublikasynyň halk ussalary, hünärmentleri we hudožnikleri bileleşigi Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 1997-nji ýylyň 31-nji martdaky «Halk çeper hünärmentçilikleri we amaly sungatyny ösdürmegi döwlet ýoly bilen goldamak çäreleri barada»ky 1741-nji belgili Permany esasynda döredilen. Bileleşigiň maksady Özbegistanyň halkynyň baý medeni mirasyny we taryhy däplerini doly saklap galmak we köpeltmek, milli hünärmentçiligi, halk çeper we amaly sungatyny ýene-de ösdürmek, hünärmentçilik işi bilen meşgullanýan raýatlary her taraplaýyn goldamak boýunça maksatly we kompleks çäreleri amala aşyrmakdan, şu esasda ilatyň, aýratynam ýaşlaryň, aýallaryň we kem üpjün edilen maşgalalary iş bilen üpjün etmekden ybarat.

Respublikanyň ähli welaýatlarynda we tümenlerinde bileleşigiň müdirlikleri (13 sany) we bölümleri (159 sany) bar.

Siz «Hünärment» bileleşigi baradaky başga köp peýdaly maglumatlar bilen edaranyň http://handicraftman.uz elektron sahypasy arkaly tanşyp bilersiňiz.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Özbegistanyň telekeçi aýallarynyň «Telekeçi aýal» assosiasiýasy**

Özbegistanyň işewür aýallar assosiasiýasy 1991-nji ýylda döredilen bolup, aýallaryň ykdysady we sosial hukuklaryny giňeltmek we goramak bilen meşgullanýar.

«Telekeçi aýal» assosiasiýasynyň wezipesi aýallaryň ykdysady, sosial hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek hem-de goramak, olaryň telekeçilik we jemgyýetçilik başlangyçlaryny goldamak, maliýe, tälim habar resurslaryndan peýdalanmagyny üpjün etmäge kömekleşmekdir.

Siz «Telekeçi aýal» assosiasiýasy baradaky başga köp peýdaly maglumatlar bilen edaranyň http://adju.uz elektron sahypasy arkaly tanşyp bilersiňiz.

## ÝEKEBARA TELEKEÇILIGIŇ ESASY AÝRATYNLYKLARY

Ýekebara telekeçiler iş görnüşi we ony ýöredýän ýerine garap iň pes iş hakyna kratnyly mukdarlarda berk bellenilen salgyt tölegleri amala aşyrýarlar (temanyň ahyryndaky jedwele garaň).

**Iň pes iş haky** – döwlet tarapyndan ýurtda belli bir wagt döwri (meselem, sagat, gün, hepde, aý ýa-da ýyl) üçin zähmete hak tölemegiň bellenilen iň pes mukdary.

Mysal üçin, kanun resminamalaryna esasan Daşkent şäherinde hasaba alnan, azyk we azyk däl harytlaryny bölekleýin satmak işleri bilen meşgullanýan ýekebara telekeçi iň pes iş hakynyň 7 essesi mukdarynda berk bellenilen salgyt we iň pes iş hakynyň 1 essesi mukdarynda ätiýaçlandyryş tölegi summasyny tölemeli. 2018-nji ýylyň 1-nji ýanwar halatyna görä, iň pes iş haky 172 240 som boldy. Bu döwür üçin ýekebara telekeçi tölemegi zerur bolan berk bellenilen salgyt summasy 1 205 680 soma ($172\,240 \times 7$), ätiýaçlandyryş töleginiň summasy bolsa 172 240 soma ($172\,240 \times 1$) barabar.

Ýekebara telekeçi Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilen tertipde işgärleri hakyna tutmaga haklydyr. Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň 2015-nji ýylyň 31-nji iýulyndaky



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

219-njy belgili karary bilen tassyklanan «Hususy telekeçiler tarapyndan işgärleri hakyna tutmak bilen telekeçilik işlerini amala aşyrmagyň tertibi barada»ky Düzgünnama muňa esas bolup hyzmat edýär.

Işgärler hakyna tutulan ýagdaýda her bir işgär üçin ýekebara telekeçi tarapyndan amala aşyrylýan iş boýunça nazarda tutulan stawkanyň 30 göterimi mukdarynda berk bellenilen salgyt tölemek borçly edilýär.

Hünärmentçilik işlerini amala aşyrýan ýekebara telekeçiler harytlar taýýarlamak (işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlar etmek) üçin köpi bilen bäş sany şägirdi olara degişli hak tölemek bilen işe çekmäge haklydyr.

***Özbegistan Respublikasynyň 2012-nji ýylyň 2-nji maýyndaky ÖRK-328-nji belgili täze redaksiýadaky «Telekeçilik işleriniň erkinliginiň kepilleri barada»ky kanuny, 6-njy madda***

Ýekebara telekeçiler bir wagtda birnäçe iş görnüşi bilen meşgullanmagy mümkin. Özbegistan Respublikasynyň Salgyt kodeksiniň 375-nji maddasyna laýyklykda, işiň birnäçe görnüşi bilen meşgullanýan salgyt töleýjiler berk bellenilen salgydy işiň her bir görnüşi üçin şu görnüşdäki işe görä bellenilen stawkalar boýunça aýry-aýry töleýärler.

**BILIMIŇIZI BARLAŇ!**

1. Ýekebara telekeçilik haýsy edara arkaly döwlet sanawyndan geçirilýär?
2. Ýekebara telekeçi nähili iş görnüşleri bilen meşgullanmagy mümkin?
3. Ýekebara telekeçiligiň artykmaçlyklary we kemçilikleri nämeler arkaly ýüze çykýar?
4. Ýekebara telekeçilikde birnäçe iş görnüşi bilen meşgullanmak mümkinmi?
5. Iň pes aýlyk iş haky düşünjesini düşündirip beriň.
6. Berk bellenilen salgyt tölegleri diýende nämäni düşünýärsiňiz?
7. Ýekebara telekeçilikde işgärleri hakyna tutmak haýsy kanun resminamalaryna esasan kadalaşdyrylýar?
8. Ýekebara telekeçiligi salgyda çekmegiň tertibini düşündirip beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 4-nji TEMA MAŞGALA TELEKEÇILIGI

1

2

3

4

5

6


### UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Haýsy suratlarda maşgala agzalarynyň ygtyýarynda bolmagy mümkin bolan ykdysady resurslar görkezilen?
2. Siziň maşgalaňyzda bilelikde telekeçilik işlerine çekmek mümkin bolan nähili ykdysady resurslar bar?

## MAŞGALA TELEKEÇILIGI NÄME?

Siz ýekebara telekeçiligiň käbir kemçiliklerini maşgala telekeçiligi bilen meşgullanmak arkaly düzedip bilersiňiz. **Maşgala telekeçiligi** – maşgala agzalary we olaryň ýakyn garyndaşlary tarapyndan guralýan telekeçilik işidir.

Maşgala telekeçiligi maşgala agzalary tarapyndan töwekgel edip we öz emlägiy jogapkärligi astynda girdeji (peýda) almak maksadynda amala aşyrylýan başyny başlaýjylyk işleridir. Maşgala telekeçiligi öz gatnaşyjylarynyň meýletinligine esaslanýar.

***Özbegistan Respublikasynyň 2012-nji ýylyň 26-njy aprelindäki ÖRK 327-nji belgili «Maşgala telekeçiligi barada»jy kanuny, 3-nji madda***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Öz işleriňizi maşgala telekeçiligi şeklinde guramak siziň üçin makul saýlaw hasaplanýar. Çünki, maşgala telekeçiligini guramak arkaly özüňiz ýaşaýan çäkde iş ýöredip hem-de öndürilen önümi şu ýeriň özünde satyp bilersiňiz. Munda siz öz ýaşaýan ýeriňizi ýaşamak üçin niýetlenen ýere öwürmegiňiz hökman däl. Şonuň ýaly-da, siz telekeçilik işlerini öz öýüňizde ýola goýsaňyz, elektrik energiýasy, suw üpjünçiligi, kanalizasiýa, gaz üpjünçiligi we ýylylyk üpjünçiligi ýaly kommunal hyzmatlaryň hakyny ilat üçin bellenilen tariflerde töläp bilersiňiz. Bu bolsa, başga şekildäki kärhanalara garanda ýeňillik we uly artykmaçlyk diýmekdir.

## BU GYZYKLY...

Dünýäniň köp göze görnen iri kompaniýalarynyň işleri maşgala biznesine esaslanandyr. Meselem, «Walmart» (ABŞ), «Samsung Group» (Günorta Koreýa) we «Tata Group» (Hindiston) ýaly iri kompaniýalar şolara degişlidir.

## BILÝÄŇIZMI?

Maşgala kärhanasynyň işlerini amala aşyrmagyň şertleri nämelerden ybarat?

Maşgala kärhanasy işiň käbir görnüşlerini diňe ýörite rugsatnama (lisenziýa) bar bolanda amala aşyrmagy mümkin.

Maşgala kärhanasy aksiz salgydy tölenýän önümi öndürmegi we ýer jümmüşinden peýdalanandygy üçin salgyt salynýan gazylyp alynýan peýdaly zatlary gazyp almagy, şonuň ýaly-da, ýuridik taraplar üçin berk bellenilen salgyt ýa-da ýalňyz ýer salgydyny tölemek nazarda tutulan işi amala aşyrmagy mümkin däl.

Maşgala kärhanasynyň işlerinde zäherli, radioaktiw maddalardan we materiallardan, ýokary basyşly gural-enjamlardan hem-de adam we daşky gurşaw üçin uly howp döredýän başga gural-enjamlardan peýdalanmaga ýol berilmeýär. Maşgala kärhanasynyň peýdalanmagy mümkin bolmadyk maddalar, materiallar we gural-enjamlaryň sanawy Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň 2012-nji ýylyň 13-nji sentýabryndaky 269-njy belgili karary bilen tassyklanan.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Şonuň ýaly-da, maşgala kärhanasy tarapyndan senagat tipindäki işi köp kwartiraly ýaşaýyş jaýlarynda amala aşyrmaga ýol berilmeýär.

***http://qoraqalpoq.adliya.uz/qoraqalpoq/uz/interaktivnýe-uslugi/siziň-savolingiz/questions.php? ELEMENT_ID=12342***

## MAŞGALA TELEKEÇILIGINIŇ ŞEKILLERI

Maşgala telekeçiligini ýuridik tarap döretmedik we ýuridik tarap döreden ýagdaýda ýola goýmak mümkin.

Ýuridik tarap döredilmedik ýagdaýyndaky maşgala telekeçiligi **maşgala telekeçi (MT)**, ýuridik tarap döreden ýagdaýdaky maşgala telekeçiligi **maşgala kärhanasy (MK)** diýip atlandyrylýar.

Telekeçilik işleriniň islendik şeklinde bolşy ýaly maşgala telekeçiligindede artykmaç we kemçilikli taraplary bar. Olaryň esasylary barada durup geçýäris.

| MAŞGALA TELEKEÇILIGINIŇ | |
|---|---|
| **ARTYKMAÇLYKLARY** | **KEMÇILIKLERI** |
| 1. Maşgala agzalarynyň arasyndaky özara ynam hymatdaşlykdaky işiň ýokary netijeliligini üpjün edýär | 1. Maşgala gatnaşyklarynyň iş bilen bagly gatnaşyklara erbet täsiriniň barlygy |
| 2. Her bir maşgala agzasynyň akyl we fiziki mümkinçiliklerini gowy bilmek netijeli zähmet bölünişiginden peýdalanmaga esas döredýär | 2. Käbir ýagdaýlarda maşgala agzalarynyň hünärmen hökmündäki endik we başaknyklarynyň ýeterli bolmazlygy |
| 3. Telekeçilik işlerinde maşgaladaky bar bolan goşmaça resurslardan we mümkinçiliklerden peýdalanmak netijä gowy täsir edýär | 3. Maşgala telekeçiligini iri kärhana şeklinde guramak mümkinçiliginiň çäklendirilendigi |
| 4. Maşgaladaky ýaşlaryň telekeçiligiň syrlaryny öwrenmegine mümkinçilik döredýär | |
| 5. Maşgala telekeçiligi miras galdyrmak mümkinçiligi arkaly nesilleriň gelejegini üpjün edýär | |

## MAŞGALA TELEKEÇILIGINIŇ AÝRATYNLYKLARY

Maşgala telekeçisi şeklindäki işi amala aşyrmak ençeme aýratynlyklary bilen häsiýetlenýär. Maşgala telekeçisi öz işinde diňe maşgala agzalaryn-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dan peýdalanmak mümkin bolup, daşardan işgärleri hakyna tutmak hukugyna eýe däl. Munda maşgala agzalary bolup, esasan, är-aýal, ata-eneler we perzentler hasaplanýar.

Maşgala telekeçisi hökmünde hasaba alnan maşgala agzasy berk bellenilen salgydy töleýji hasaplanýar. Maşgala telekeçi aýyna iň pes iş hakyndan kem bolmadyk mukdarda, maşgalanyň başga agzalary bolsa iň pes iş hakynyň 50 göterimi mukdarynda ätiýaçlandyryş tölegleri töleýärler.

## MAŞGALA KÄRHANASYNYŇ AÝRATYNLYKLARY

**Maşgala kärhanasy** – ýuridik tarap döredilen ýagdaýda amala aşyrylýan maşgala telekeçiliginiň şekli. Maşgala kärhanasynyň gatnaşyjylarynyň sany iki adamdan kem bolman, olar kärhananyň işini ýöretmekde hökman şahsy zähmetleri bilen gatnaşmalydyrlar. Maşgala baştutany, onuň durmuş ýoldaşy, çagalary we agtyklary, ata-enesi, zähmete ýaramlylyk ýaşyna ýeten başga garyndaşlary maşgala kärhanasynyň gatnaşyjysy bolup biler. Bir maşgala kärhanasynyň gatnaşyjysy bir wagtyň özünde başga maşgala kärhanasynyň gatnaşyjysy bolmagy mümkin däl.

Maşgala kärhanasynyň gatnaşyjylary we onuň hakyna tutma işgärleriniň umumy sany kiçi telekeçilik subýektleri işgärleriniň kanun resminamalarynda bellenilen ortaça ýyllik sanyndan köp bolmaly däl.

Maşgala kärhanasy onuň gatnaşyjylary tarapyndan harytlary öndürmek (işler ýerine ýetirmek, hyzmatlar etmek) we realizasiýa etmegi amala aşyrmak üçin meýletin esasda, maşgala kärhanasynyň gatnaşyjylarynyň ülüşli ýa-da bilelikdäki eýeçiliginde bolan umumy emläk, şonuň ýaly-da, maşgala kärhanasynyň gatnaşyjylaryndan her biriniň emlägi esasynda guralan kiçi telekeçilik subýektidir. Maşgala kärhanasynyň işi onuň gatnaşyjylarynyň şahsy zähmetine esaslanýar. Maşgala kärhanasy telekeçilik subýektleriniň guramaçylyk-hukuk şekillerinden biridir.

***Özbegistan Respublikasynyň 2012-nji ýylyň 26-njy aprelindäki ÖRK 327-nji belgili «Maşgala telekeçiligi barada»ky kanuny, 4-nji madda***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Maşgala kärhanasynyň esaslandyryjy namasy bolup esaslandyryjy şertnamasy hasaplanýar. Maşgala kärhanasy ustaw fondunyň minimal mukdary iň pes iş hakynyň on essesinden kem bolmaly däl.

Maşgala kärhanasy ýalňyz salgyt töleýjisi bolup hasaplanýar. Salgytlar we başga mejbury tölegleri töläninden soň maşgala kärhanasynyň gatnaşyjylarynyň ygtyýarynda galýan peýda summasyna salgyt salynmaýar.

Kanunçylyga esasan maşgala kärhanasy meşgullanmagy mümkin bolmadyk iş görnüşleri hem bar. Meselem, ol aksiz salgydy salynýan önümleri öndürmek, ýerasty gazylyp alynýan peýdaly zatlary gazyp almak ýaly iş bilen meşgullanmagy mümkin däl.

### BILIMIŇIZI BARLAŇ!

1. Maşgala telekeçiligini guramagyň nähili şekilleri bar? Olaryň arasyndaky tapawutlary düşündirip beriň.
2. Maşgala telekeçiligiň nähili artykmaçlyklary we kemçilikleri bar?
3. Maşgala telekeçisi we maşgala kärhanasy bir-birinden nämesi bilen tapawutlanýar?
4. Maşgala telekeçiligi işlerine degişli aýratynlyklary düşündiriň.
5. Maşgala kärhanasynyň nähili özboluşly aýratynlyklary bar?
6. Maşgala kärhanalarynda ustaw fondunyň iň pes mukdary näçe bolmaly?
7. Kimler maşgala kärhanasynyň gatnaşyjylary bolup bilerler?
8. Maşgala kärhanasynda işleýänleriň sanynyň iň pes mukdary näçe?

### TEMA BOÝUNÇA AMALY ÝUMUŞLAR WE MAŞKLAR

1. Aga-iniler Enwer we Askar Sattarowlar «SEHRLI BO‘YOQ» maşgala kärhanasynyň gatnaşyjylary hasaplanýarlar. Maliýe çeşmelerini çekmek maksadynda gatnaşyjylaryň düzümine maşgala agzasy bolmadyk Akmal Sabirowy goşmakçy. Nähili tertipdäki özgerişlere esaslanyp Akmal Sabirow gatnaşyjy bolup biler?

2. S. Faýzullaýew özüniň 3 perzendi bilen maşgala telekeçiligini döretdi. Amaldaky kanunçylyga esasan olar her aýda näçe mukdarda berk bellenilen salgyt we ätiýaçlandyryş tölegleri töleýärler?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 5-nji TEMA MIKROFIRMA WE KIÇI KÄRHANA







### UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Ýokardaky suratlarda görkezilen haýsy iş görnüşlerini kiçi telekeçilik şeklinde guramak mümkin?
2. Şu iş görnüşlerini kiçi telekeçilik esasynda alyp barmak mümkinligi näme bilen düşündirilýär?
3. Öz işleriňizi mikrofirma ýa-da kiçi kärhana şeklinde guramagyň haýsy biri netijeli diýip oýlaýarsyňyz?

## KIÇI TELEKEÇILIK SUBÝEKTLERI

Dünýä amalyýetinde özüniň iş gerimi boýunça hojalyk ýöretmek mümkinçilikleri çäklendirilen telekeçilik subýektlerini tapawutlandyrmak tejribesi bar. Çünki şu telekeçilik subýektleri döwlet tarapyndan goldaw tapmasa, zerur şertler döredip berilmese, olar başga iri kärhanalaryň öňünde konkurentlik edip bilijiligini ýitirip, öz işlerini bes etmäge mejbur bolýar. Olara **kiçi telekeçilik** ýa-da **kiçi biznes subýektleri** diýýärler. Kiçi telekeçilik subýektlerini tapawutlandyrmakda dünýäde giňden ulanylýan ölçegler hataryna aşakdakylary girizmek mümkin:

– işleýänleriň ortaça sany;
– esasy we dolanyşyk serişdeleriniň göwrümi;
– peýda (girdeji) göwrümi;
– önüm satmakdan jemi düşewünt we başgalar.

Özbegistanda kiçi telekeçilik subýektleriniň iş görnüşi we şu ugurda işleýänler sanyna garap kesgitlenilýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Kärhananyň esasy iş görnüşi** – hasabat döwrüniň jemleri boýunça umumy realizasiýa etmek göwrümindäki düşewünt ülşi agdyklyk edýän işdir.

Mysal üçin bir kärhanada öndürmek, transport hyzmaty, emlägi kärendä bermek işleri alnyp baryldy diýeliň. Hasabat ýylynda kärhanada umumy realizasiýa etmek göwrümindäki düşewüntde iş görnüşleri boýunça ülüş aşakdaky ýaly boldy:

| Işiň görnüşleri | Ähli düşewünt, müň somda | Ülşi, göterimde |
|---|---|---|
| Önümçilik | 250 000 | 53,2 |
| Transport hyzmaty | 135 000 | 28,7 |
| Emlägi kärendä bermek | 85 000 | 18,1 |
| **Jemi** | **470 000** | **100** |

Şundan görnüşi ýaly, hasabat ýylynda kärhananyň esasy iş görnüşi önümçilik hasaplanýar.

## MIKROFIRMA

Özbegistanda kiçi telekeçilik subýektleriniň bir görnüşini **mikrofirmalar** düzýär.

**Mikrofirma** – belli bir ugurdaky işleýänler sany taýdan iň kiçi bolan ýuridik tarap görnüşindäki kiçi telekeçilik subýekti.

Mikrofirmadaky işleýänleriň ortaça ýyllyk sany aşakdaky araçäkden geçmeli däl.

| | |
|---|---|
| Önümçilik ugrunda | 20 adam |
| Hyzmat etmek hem-de başga önümçilik däl ugurlarda | 10 adam |
| Lomaý, bölekleýin söwda we jemgyýetçilik iýmiti ugrunda | 5 adam |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Şundan görnüşi ýaly, eger siz kitap dükanyny açsaňyz we onda 3 sany satyjy işlese, onda siziň kärhanaňyza mikrofirma diýilýär.

## KIÇI KÄRHANA

Işleýänler sany taýdan mikrofirmadan ulurak bolan kiçi telekeçilik subýekti **kiçi kärhana**dyr.

Kiçi kärhanadaky işleýänleriň ortaça ýyllyk sany aşakdaky araçäge çenli bolmalydygy kesgitlenilen:

| | |
|---|---|
| Ýeňil, azyk hem-de gurluşyk materiallary senagatynda | 200 adama çenli |
| Metaly işläp taýýarlamak we gural-enjam, agaç hem-de mebel senagatynda | 100 adama çenli |
| Maşyn gurluşgy, metallurgiýa, ýangyç-energetika we himiýa senagaty, oba hojalyk önümlerini ýetişdirmek we gaýtadan işlemek, gurluşyk we başga önümçilik ugurlarynda | 50 adama çenli |
| Ylym-bilim, ylmy hyzmat etmek, transport, aragatnaşyk, hyzmat ediş ugurlary (ätiýaçlandyryş kompaniýalaryndan daşary), söwda we jemgyýetçilik iýmiti hem-de başga önümçilik däl ugurlarda | 25 adama çenli |

Mikrofirma we kiçi kärhana hasaplanýan telekeçilik subýektlerini dogry anyklamak üçin olarda işleýän ortaça ýyllyk işgärler sanyny hasaplap çykmaly bolýar.

## IŞGÄRLERIŇ ORTAÇA ÝYLLYK SANY

Kärhanadaky işgärleriň ortaça ýyllyk sany ähli aýlarda bar bolan işgärleriň ortaça aýlyk sanyny goşmak we ony 12 aýa bölmek arkaly anyklanýar.

Şu görkezijini anyklamak üçin işgärleriň ýylyň dowamyndaky ortaça aýlyk sanyny hasaplap çykmaly. Işgärleriň ortaça aýlyk sany olaryň her günki sanyndan gelip çykyp kesgitlenilýär. Şu mukdar aýyň kalen-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dar günlerine bölünýär. Dynç alyş ýa-da baýram günlerindäki işgärleriň sany şundan öňki iş günlerindäki işgärler sanyna deň diýlip kabul edilýär. Mysal üçin, ýanwar aýynyň 25-nji senesine çenli kärhanada 22 sany işgär işleýärdi. 26-njy ýanwarda 4 sany işgär öz wezipesinden boşadyldy. Ýanwar aýyndaky işgärleriň ortaça aýlyk sany aşakdaky ýaly hasaplanýar:

$$\frac{22\times25+18\times6}{31} = 21 \text{ adam}$$

Şu usulda başga aýlar üçin hem işgärleriň ortaça aýlyk sany hasaplanylyp, ähli aýlardaky mukdarlary goşup, çykan netijäni 12-ä bölmek arkaly işgärleriň ortaça ýyllyk sany anyklanýar.

| **Ýanwar** | **Fewral** | **Mart** | **Aprel** | **Maý** | **Iýun** | **Iýul** | **Awgust** | **Sentýabr** | **Oktýabr** | **Noýabr** | **Dekabr** |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 21 | 41 | 50 | 89 | 87 | 88 | 120 | 118 | 90 | 45 | 32 | 16 |

$$\frac{21+41+50+89+87+88+120+118+90+45+32+16}{12} = 66 \text{ adam}$$

Diýmek, biziň mysalda işgärleriň ortaça ýyllyk sany 66 adamdan ybarat.

## BU GYZYKLY...

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda 30 mln-dan artyk kiçi kärhana hasaba alnan. Şu sifr orta we iri firmalaryň hem-de kompaniýalaryň sanyndan 2 000 esse artykdyr. Kiçi biznes guramalarynda tutuş Amerikanyň 70% ilaty zähmet çekýär. Bu delil umuman her bir adam öz biznesini açmak mümkinçiligine eýedigini görkezýär.

Kärhanalaryň diňe 55%-i dört ýyldan artyk iş ýöredýär. Takmynan 55%-e ýakyn hususy kärhanalar hasaba alnandan başlap bäş ýylyň dowamynda ýaýlyp gidýär. Munuň sebäbi, kärhana döredilişiniň ilkinji basgançagynda telekeçiler bäsdeşligiň ýokary derejesine döz gelip bilmeýärler, mälim ýalňyşlyklary goýberýärler we ş.m.  Islendik firma üçin bolsa öz ýaşaýyş sikliniň iň çylşyrymly döwürlerinden biri dowamlylygy üç ýyldan ýedi ýyla çenli bolan ilkinji basgançak hasaplanýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Eger kärhana şol basgançagy beýlekilere garanda ýeňil geçen bolsa, onda onuň üstünligi kepillendirilen bolýar.

***http://www.xn-e1atfhn.xn-j1amh/8-faktov-o-biznese/***

## BILÝÄŇIZMI?

2018-nji ýyl 1-nji ýanwar ýagdaýyna respublikamyzda iş alyp barýan kiçi kärhanalar we mikrofirmalar 229 666 sany.

## BILIMIŇIZI BARLAŇ!

1. Kiçi telekeçilik subýektleri nähili ölçeglere görä anyklanýar?
2. Kiçi kärhana mikrofirmadan nämesi bilen tapawutlanýar?
3. Özbegistanda mikrofirmada işleýänleriň ortaça ýyllyk sany haýsy araçäkden geçmeli däl?
4. Kärhanadaky işgärleriň ortaça ýyllyk sany nähili anyklanýar?

## TEMA BOÝUNÇA AMALY ÝUMUŞLAR WE MAŞKLAR

1. Kiçi kärhanada mart aýynyň 20-nji senesine çenli 30 sany işgär işleýärdi. 21-nji martda 4 sany işgär öz wezipesinden boşadyldy. Mart aýyndaky işgärleriň ortaça aýlyk sanyny anyklaň.

2. Hasabat ýylynda kärhana birnäçe ykdysady iş görnüşlerini amala aşyryp, umumy realizasiýa etmek netijesinde aşakdaky girdejilere eýe boldy:

| Işiň görnüşleri | Ähli girdeji, mln. somda | Ülşi, göterimde |
|---|---|---|
| Önümçilik | 900 | |
| Transport hyzmaty | 600 | |
| Emlägi kärendä bermek | 500 | |
| **Jemi** | | |

1) hasabat ýylynda kärhanada umumy realizasiýa etmek göwrümindäki girdejide iş görnüşleri boýunça ülşi anyklaň;

2) hasabat ýylynda kärhananyň esasy iş görnüşini anyklaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 6-njy TEMA HUSUSY KÄRHANA

**HUSUSY KÄRHANA**



| Döredilýär we dolandyrylýar: | Ustaw fondy: | Guramaçylyk namalary: | Işgärleri çekmek: | Salgyda çekmek: |
|---|---|---|---|---|
| *bir fiziki tarap tarapyndan* | *minimal ölçeg ýok* | *düzgünnama;* | *mümkin däl* | *salgytlary kärhana töleýär* |

**UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR**

1. Ýokardaky infografikada getirilen hususy kärhananyň haýsy belgisini iň ähmiýetli diýip hasaplaýarsyňyz?
2. Eger siz öz telekeçilik işleriňizi guramakçy bolsaňyz hususy kärhananyň haýsy taraplary size makul bolýar?
3. Siz özüňiz bilýän hususy kärhanalar barada mysallar getiriň.

### HUSUSY KÄRHANA DÜŞÜNJESI

Käbir telekeçiler öz işleriniň möçberine däl, eýsem onuň özbaşdakdygyna uly üns berýärler. Çünki dolandyrmak, hojalyk kararlaryny çykarmak we girdejini paýlamakdaky özbaşdaklyk telekeçiniň bähbitlerine doly laýyk gelmegi mümkin. Şeýle ýagdaýda telekeçiligiň hususy kärhananyň şekli her taraplaýyn laýykdyr.

Mülkdar ýalňyz fiziki tarap tarapyndan düzülen we dolandyrylýan täjir gurama hususy kärhana diýlip ykrar edilýär. Hususy kärhana telekeçilik subýektleriniň guramaçylyk-hukuk şeklidir.

***Özbegistan Respublikasynyň 2003-nji ýylyň 11-nji dekabryndaky 558-II-nji belgili «Hususy kärhana barada»ky kanuny, 3-nji madda***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Hususy kärhana ýalňyz mülkdar tarapyndan düzülýär. Mülkdar hususy kärhana degişli emläk berýär we onuň ustawyny tassyklaýar. Hususy kärhananyň esaslandyryjysy diňe fiziki tarap bolýar. Bu bir şahs tarapyndan döredilen gurama bolup, biznes işleri esaslandyryjynyň öz emläkleri esasynda amala aşyrylýar. Siz ýurdumyzdaky hususy kärhanalar tarapyndan öndürilen önümleri aňsatja tapawutlandyryp bilersiňiz. Çünki bu önümleriň öndürijisi baradaky maglumatda firmanyň adyndan soň «hususy kärhana» diýen söz ýa-da «HK» abbrewiaturasy ýazylan bolýar.

## HUSUSY KÄRHANANYŇ AÝRATYNLYKLARY

Hususy kärhananyň işleriniň özboluşly tarapy şundan ybarat, ýagny ol başga esaslandyryjylar gatyşmazdan, bir adamyň ýalňyz ýolbaşçylygy astynda amala aşyrylýar. Hususy kärhananyň mülkdary kärhananyň ýolbaşçy hökmünde ýeke özi dolandyrýar.

Ünsli tarapy, hususy kärhananyň işlerine başga esaslandyryjylaryň gatyşmagy gadagan edilse-de, bu hususy kärhananyň başga kärhanalaryň işlerinde gatnaşmagyna rugsat edilendir.

Hususy kärhana kanun resminamalarynda bellenilen tertipde başga ýuridik taraplaryň esaslandyryjysy bolmaga ýa-da olaryň ustaw fondunda özgeçe ýagdaýda gatnaşmaga, wekilhanalar açmaga we filiallar düzmäge haklydyr.

***Özbegistan Respublikasynyň 2003-nji ýylyň 11-nji dekabryndaky 558-II-nji belgili «Hususy kärhana barada»ky kanuny, 9-njy madda***

Hususy kärhana ýalňyz fiziki tarap tarapyndan döredilendigi üçin onuň ustaw fondy ülüşlere bölünmeýär. Şonuň ýaly-da, ustaw fondunyň göwrümini mulkdaryň özi kesgitleýär.

Eger siz hususy kärhana açmakçy bolsaňyz, onuň ustaw fonduna pul, gymmatly kagyzlar, pul bilen bahalanýan başga emläk ýa-da emläk hukuklaryny girizip bilersiňiz. Munda hususy kärhananyň ustaw fonduna girizýän emlägiňizi özbaşdak bahalamak hukugyna eýesiňiz.

Maşgala kärhanalary ýaly salgytlar we başga mejbury tölegleri töläninden soň hususy kärhananyň eýesiniň ygtyýarynda galýan peýda summasyna salgyt salynmaýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Hususy kärhananyň mülkdary kärhanany ýolbaşçy hökmünde ýeke özi dolandyrýar, kärhananyň adyndan ynanç hatysyz iş geçirýär, onuň bähbitlerini aňladýar, hususy kärhananyň pul serişdelerine hem-de başga emlägine eýelik edýär, şertnamalar, şol sanda zähmet şertnamalaryny düzýär, ynanç hatlaryny berýär, banklarda hasaplistleri açýar, ştatlary tassyklaýar, kärhananyň ähli işgärleri üçin mejbury bolan buýruklary çykarýar we görkezmeler berýär.

***Özbegistan Respublikasynyň 2003-nji ýylyň 11-nji dekabryndaky 558-II-nji belgili «Hususy kärhana barada»ky kanuny, 14-nji madda***

| HUSUSY KÄRHANANYŇ | |
|---|---|
| **ARTYKMAÇLYKLARY** | **KEMÇILIKLERI** |
| Hususy kärhananyň ýalňyz fiziki tarap tarapyndan düzülmegi we dolandyrylmagy | Hususy kärhanalar diňe fiziki taraplar tarapyndan döredilmegi, ýuridik tarap onuň mülkdary bolup bilmezligi |
| Hususy kärhananyň mülkdary kärhananyň ýolbaşçysy hökmünde ýeke özi dolandyrmagy netijesinde kararlar kabul etmek tizliginiň artmagy | Ýuridik tarap onuň mülkdary bolup bilmezligi netijesinde goşmaça serişdeleri topamak arkaly kärhanany giňeltmek mümkinçiliklerini çäklendirilenligi |
| Kärhana ýolbaşçysynyň özi wagtlaýyn bolmadyk ýagdaýda şu möhlete ýolbaşçylyk wezipesini başga fiziki tarapyň üstüne ýüklemek mümkinligi | Hususy kärhana mülkdary kärhananyň emlägi ýeterli bolmadyk ýagdaýda kärhananyň borçlary boýunça özüne degişli emläk bilen kanun resminamalaryna laýyklykda doly jogapkär bolmagy |
| Salgytlar we başga mejbury tölegleri töläninden soň hususy kärhananyň mülkdary ygtyýarynda galýan peýda summasyna salgyt salynmaýanlygy. | Kärhana durgunlyga duçar bolanda ähli bergileri we başga tölegleri esaslandyryjynyň özi töleýär. Bu bolsa telekeçige çäklendirilmedik jogapkärçiligi ýükleýär |
| Salgyda çekmegiň umumy bellenilen we ýönekeýleşdirilen salgyt ulgamyndan (ýalňyz salgyt tölegi) birini saýlamak hukugyna eýedigi | |
| Hususy kärhananyň eýesine kärhanany doly emläk toplumy hökmünde satmagy ýa-da sowgat etmegi ýa-da ony ýatyryp, emlägini aýratyn satmak hukugy berlenligi | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## BILÝÄŇIZMI?

Özbegistanda üstünlikli iş alyp barýan hususy kärhanalardan biri – «Murad Buildings» «Franchising Invest» HK hasaplanýar. Bu kompaniýanyň esasy iş ýönelişi öz içine köp etažly öýleri we olara hyzmat edýän sosial infragurluşlary alýan ýaşaýyş jaý taslamalaryny ösdürmek hasaplanýar. Ýaşaýyş jaý toplumlary ýekebara arhitektura konsepsiýasy boýunça gurlup, dürli derejedäki girdejä eýe bolan giň köpçülik üçin niýetlenen.

«Murad Buildings» kompaniýasy bina gurluşygy prosesiniň aşakdaky ähli basgançaklarynda iş alyp barýar: obýekti proýektirlemek, könelişen binalary satyn almak, olary soňluk bilen bozmak we täzelerini gurmak, hiliň üstünden gözegçilik, satmak we satmakdan soňky hyzmat etmek.

***https://www.goldenpages.uz/company/?Id=80592***

## BILIMIŇIZI BARLAŇ!

1. Hususy kärhana düşünjesi nämäni aňladýar?
2. Hususy kärhana kim tarapyndan döredilmegi mümkin?
3. Hususy kärhananyň özboluşly taraplaryny düşündirip beriň.
4. Hususy kärhananyň ýolbaşçysy kärhanany wagtlaýyn dolandyrmak mümkinçiligi bolmadyk ýagdaýynda nähili çemeleşmegi mümkin?
5. Salgyda çekmek boýunça hususy kärhananyň haýsy taraplary başga telekeçilik şekillerine meňzeýär?
6. Hususy kärhanada nähili eýeçilik hukuklary bar?
7. Hususy kärhananyň telekeçilik şekli hökmünde nähili kemçilik taraplary bar?
8. Hususy kärhanada iş netijeleri boýunça jogapkärlik nähili häsiýetnama eýe?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 7-nji TEMA JOGAPKÄRLIGI ÇÄKLENDIRILEN JEMGYÝET

**JOGAPKÄRLIGI ÇÄKLENDIRILEN JEMGYÝET**



| Eýeleri: | Ustaw fondy: | Esaslandyryjy nama: | Işgärleri çekmek: | Iň köp gatnaşyjylar sany: |
|---|---|---|---|---|
| *islendik fiziki we ýuridik tarap, şol sanda daşary ýurt raýatlary. Bir fiziki ýa-da ýuridik tarap tarapyndan hem döredilmegi mümkin* | *iň pes iş hakynyň iň bolmanda 40 essesi mukdarynda* | *şertnama we düzgünnama* | *jemgyýetiň ähli agzalarynyň razylygy esasynda Ustaw fonduna ülüş girizmek* | *50 adam* |

**UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR**

1. Infografikada siziň üçin entek nätanyş bolan nähili maglumatlar getirilen?
2. Jogapkärligi çäklendirilen jemgyýetiň hususy kärhana ýa-da ýekebara telekeçilik infografikasyndan nähili tapawutly taraplary bar?
3. Bu günki günde iň pes aýlyk iş hakynyň 40 essesi näçäni düzýär?

### JOGAPKÄRLIGI ÇÄKLENDIRILEN JEMGYÝET

Siz adyndan soň JÇJ diýen gysgaltma ýazylýan kärhanalar barada eşiden bolsaňyz gerek. Meselem, «Coca-Cola Içgisi» adyndan soň JÇJ (iňlisçe LTD – limited) gysgaltmasy bar bolup, bu «Jogapkärligi çäklendirilen jemgyýet» diýen manyny aňladýar.

**Jogapkärligi çäklendirilen jemgyýet (JÇJ)** – agzalary jemgyýet borçlary boýunça diňe özleri goşan ülüş çäginde jogapkär bolýan jemgyýet. Ol



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

bir ýa-da birnäçe fiziki ýa-da ýuridik taraplaryň ylalaşygyna görä döredilip, ýuridik tarap hasaplanýar.

Bir ýa-da birnäçe şahs tarapyndan esaslandyrylan, ustaw fondy (ustaw kapitaly) esaslandyryjy resminamalary bilen bellenilen mukdarlarda ülüşlere bölünen hojalyk jemgyýeti Jogapkärligi çäklendirilen jemgyýet diýip hasaplanýar. Onuň gatnaşyjylary onuň borçlary boýunça jogapkär bolmaýarlar we jemgyýet işleri bilen bagly zyýanlar üçin özleri goşan goşantlaryň bahasy çäginde jogapkär bolýarlar.

***Özbegistan Respublikasynyň 2001-nji ýylyň 6-njy dekabryndaky 310-II-nji belgili «Jogapkärligi çäklendirilen hem-de goşmaça jogapkärlikli jemgyýetler barada»ky kanuny, 3-nji madda***

Jogapkärligi çäklendirilen jemgyýet ustaw fondy jemgyýet agzalarynyň ülüşlerini goşmak arkaly şekillendirilýär. Ol iň pes iş hakynyň 40 essesinden kem bolmadyk mukdarda bolýar. Jemgyýetiň gatnaşyjylarynyň sany 50 adamdan geçmeli däl. Eger gatnaşyjylaryň sany bellenilen araçäkden aşyp gitse, jemgyýeti paýdarlar jemgyýetine öwürmeli bolýar.

Jemgyýetiň agzasy öz ülüşini başga şahsa diňe jemgyýetyň razylygy bilen geçirmegi we satmagy mümkin. Jemgyýet bergileri boýunça esaslandyryjylar diňe kompaniýa girizen goşantlarynyň çäginde jogapkär hasaplanýarlar.

Jemgyýetiň peýdasy onuň gatnaşyjylarynyň arasynda olaryň ustaw fondundaky ülüşlerine degişlilikde paýlanýar. Özbegistan Respublikasynyň kanunçylygyna görä, esaslandyryjylara yglan edilen diwidend summalaryna görä salgyt hasaplanýar.

## JOGAPKÄRLIGI ÇÄKLENDIRILEN JEMGYÝETIŇ ARTYKMAÇLYKLARY

Jogapkärligi çäklendirilen jemgyýet ýekebara telekeçi ýa-da hususy kärhanadan tapawutlylykda, gatnaşyjylaryň ülüşini goşmak arkaly, gysga möhletiň içinde uly göwrümdäki serişdeleri toplamak mümkinçiligine eýe.

Eger hususy kärhanada diňe fiziki tarap esaslandyryjy bolup bilse, Jogapkärligi çäklendirilen jemgyýetde fiziki we ýuridik taraplar esaslandyryjy bolmagy mümkin.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Jogapkärligi çäklendirilen jemgyýetiň gatnaşyjylarynyň jogapkärligi olaryň ülüşi çäginde çäklendirilýär. Gatnaşyjylar kärhananyň işlerinde şahsy zähmeti bilen gatnaşmagy hökman däl. Jemgyýetiň gündelik işlerini esaslandyryjylary tarapyndan saýlanan ýa-da bellenilen direktor dolandyrýar.

## JOGAPKÄRLIGI ÇÄKLENDIRILEN JEMGYÝETIŇ KEMÇILIKLERI

Jogapkärligi çäklendirilen jemgyýetiň gatnaşyjylarynyň sanynyň kanun taýdan çäklendirilip goýulmagy onuň ustaw fonduny täze agzalarynyň hasabyna giňeltmäge päsgel berýär.

Jogapkärligi çäklendirilen jemgyýetiň gatnaşyjylary öz ülüşini erkin satyp bilmeýär ýa-da başgalara tabşyryp bilmeýär. Netijede jemgyýetiň düzüminden çykanda ülüşiň bir bölegini ýitirmeli bolýar. Bu bolsa olaryň gyzyklanmalaryna erbet täsir etmegi mümkin.

Möhüm dolandyryş kararlaryny kabul etmekde ähli gatnaşyjylaryň razylygyny almak şerti bu prosesiň uzaga çekmegine getirmegi mümkin. Şonuň ýaly-da, bu baradaky pikirleriň laýyk gelmezligi nädogry kararlar kabul edilmegi riskini emele getirýär.

## JOGAPKÄRLIGI ÇÄKLENDIRILEN JEMGYÝETDE DIWIDENDE SALGYT

Jogapkärligi çäklendirilen jemgyýetiň gatnaşyjylary özleri alan diwidendden 10 göterim möçberinde salgyt töleýärler.

**Mysal.** «SAMAR-SUMBULA» JÇJ-niň 2017-nji ýylyň jemleri boýunça sap peýdasy 47 million soma barabar. Jemgyýet 4 esaslandyryjy tarapyndan döredilen bolup, olaryň ustaw fondundaky ülüşleri aşakdaky ýaly:

– birinji esaslandyryjy – 45%;
– ikinji esaslandyryjy – 25%;
– üçünji esaslandyryjy – 18%;
– dördünji esaslandyryjy – 12%.

Şu ýagdaýda sap peýda jemgyýetiň esaslandyryjylarynyň arasynda aşakdaky ýaly paýlanýar:

– birinji esaslandyryjy – 47000000 × 45% = 21 150 000 som;



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– ikinji esaslandyryjy – 47000000 × 25% = 11 750 000 som;

– üçünji esaslandyryjy – 47000000 × 18% = 8 460 000 (salgyt summasy 8 460 000 × 10% = 846 000) som;

– dördünji esaslandyryjy – 47000000 × 12% = 5 640 000 (salgyt summasy 5 640 000 × 10% = 564 000) som.

Sap peýdadan yglan edilen diwidendlere görä salgyt aşakdaky mukdarda hasaplanýar:

– birinji esaslandyryjy – 21 150 000 × 10% = 2 115 000 som;

– ikinji esaslandyryjy – 11 750 000 × 10% = 1 175 000 som;

– üçünji esaslandyryjy – 8 460 000 × 10% = 846 000 som;

– dördünji esaslandyryjy – 5 640 000 × 10% = 564 000 som.

### BILIMIŇIZI BARLAŇ!

1. Jogapkärligi çäklendirilen jemgyýetiň başga guramaçylyk-hukuk şekillerden tapawudyny düşündirip beriň.

2. Näme sebäpden Jogapkärligi çäklendirilen jemgyýet iň giň ýaýran şekillerden biri hasaplanýar?

3. Ýuridik taraplar Jogapkärligi çäklendirilen jemgyýet esaslandyryjysy bolup bilerlermi?

4. Jogapkärligi çäklendirilen jemgyýet gatnaşyjylary sany näçe adamdan geçmeli däl?

5. Jogapkärligi çäklendirilen jemgyýet ustaw fondunyň minimal mukdary näçe?

### TEMA BOÝUNÇA AMALY ÝUMUŞLAR WE MAŞKLAR

1. «UMIDA-NIGORA» JÇJ-niň 2017-nji ýylyň jemleri boýunça sap peýdasy 90 million som boldy. Jemgyýet 4 esaslandyryjy tarapyndan döredilen bolup, olaryň ustaw fondundaky ülüşleri aşakdaky ýaly:

– birinji esaslandyryjy – 40%;

– ikinji esaslandyryjy – 25%;

– üçünji esaslandyryjy – 18%;

– dördünji esaslandyryjy – 17%.

Şu ýagdaýda sap peýda jemgyýetiň esaslandyryjylarynyň arasynda nähili paýlanýar we sap peýdadan yglan edilen diwidendlere görä nähili mukdarda salgyt hasaplanýar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 8-nji TEMA PAÝDARLAR JEMGYÝETI

### PAÝDARLAR JEMGYÝETI



| Esaslandyryjylar we gatnaşyjylar: | Ustaw fondy: | Guramaçylyk namalary: | Serişdeleri çekmek: | Salgyda çekmek: |
|---|---|---|---|---|
| *bir/birnäçe. Daşary ýurt paýdarlary bolmagy hökman, olaryň Ustaw fondundaky ülüşi iň bolmanda 15 göterim bolmaly* | *aksiýalaryň nyrhynyň summasy, MB kursy boýunça iň bolmandada 400 müň ABŞ-nyň dollary. Bir aksiýanyň nominal bahasy köpi bilen 5 müň som* | *ustaw* | *goşmaça aksiýalary çykarmak* | *diwidendler we göterimler görnüşinde paýdarlara tölenýän girdejilere salgyt* |

### UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Ýokardaky infografikada aňladylan paýdarlar jemgyýetiniň haýsy esasy taraplary başga şekiller üçin hem degişli hasaplanýar?

## PAÝDARLAR JEMGYÝETI DÜŞÜNJESI

Siziň üçin telekeçilik şekilleriniň arasynda beýlekilerden köpräk tanyş bolanlaryndan biri – paýdarlar jemgyýetidir. Çünki ol iň iri şekillerden biri hasaplanyp, kä halatlarda korporasiýa diýip hem aýdylýar. Bu günki günde dünýäde öňdebaryjy bolan «Apple inc.», «Microsoft» ýaly kompaniýalar şolara degişlidir.

**Paýdarlar jemgyýeti (PJ)** – esaslandyryjylaryň (paýdarlaryň) meýletin goşantlary esasynda döredilen biznes ýöretmek şekli.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýurdumyzdaky «Özbegistanyň howa ýollary», «Özbegistanyň demir ýollary» ýaly kompaniýalar hem paýdarlar jemgyýeti şeklinde döredilendir.

Ustaw fondy (ustaw kapitaly) paýdarlaryň paýdarlar jemgyýetine görä hukuklaryny tassyklaýan belli bir mukdardaky aksiýalara paýlanan täjirçilik guramasy paýdarlar jemgyýeti diýlip ykrar edilýär.

***Özbegistan Respublikasynyň 2014-nji ýylyň 6-njy maýyndaky ÖRK-370-nji belgili täze redaksiýadaky «Paýdarlar jemgyýetleri we paýdarlaryň hukuklaryny goramak barada»ky kanuny, 3-nji madda.***

## PAÝDARLAR JEMGYÝETINIŇ GÖRNÜŞLERI

Paýdarlar jemgyýeti açyk ýa-da ýapyk bolmagy mümkin. Açyk paýdarlar jemgyýetiniň esaslandyryjylarynyň düzümine girýänleriň iň pes sany çäklendirilmeýär, ýapyk paýdarlar jemgyýetiniň esaslandyryjylary bolsa iň bolmanda üç şahsdan ybarat edip kesgitlenilýär. Jemgyýetiň her bir esaslandyryjysy onuň paýdary bolmaly. Açyk paýdarlar jemgyýeti paýdarlarynyň sany çäklendirilmeýär. Açyk paýdarlar jemgyýeti özi çykarýan aksiýalara açyk obuna geçirmäge we kanun resminamalarynyň talaplaryny hasaba almak bilen olary erkin satmaga haklydyr. Aksiýalary diňe öz esaslandyryjylary ýa-da öňünden bellenilen çäkdäki şahslaryň arasynda paýlanýan paýdarlar jemgyýeti ýapyk paýdarlar jemgyýeti hasaplanýar. Şeýle jemgyýet özi çykarýan aksiýalara açyk obuna geçirmäge ýa-da olary çäklendirilmedik çäkdäki şahslara satyn almak üçin başgaça ýagdaýda teklip etmäge hakly däl. Ýapyk paýdarlar jemgyýetiniň paýdarlarynyň sany elli adamdan geçmeli däldir.

**Açyk paýdarlar jemgyýeti** – gatnaşyjylary özlerine degişli aksiýalary başga paýdarlaryň razylygysyz satyn almak we olary erkin satmak hukugyna eýe bolan jemgyýet.

**Ýapyk paýdarlar jemgyýeti** – aksiýalary diňe onuň esaslandyryjylary ýa-da öňünden bellenilen başga şahslaryň çäginde paýlanýan jemgyýet.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Özbegistan Respublikasynyň 2014-nji ýylyň 6-njy maýyndaky täze redaksiýadaky «Paýdarlar jemgyýetleri we paýdarlaryň hukuklaryny goramak barada»ky Kanunynda paýdarlar jemgyýetleri tarapyndan çykarylýan aksiýalary açyk we ýapyk obuna ýoly bilen ýerleşdirmek mümkinligi kesgitlenildi. Şu kanuna laýyklykda, ýapyk paýdarlar jemgyýeti mazmun taýdan Jogapkärligi çäklendirilen jemgyýetlere meňzeşligi sebäpli paýdarlar jemgyýetleriniň şekilleri açyk we ýapyk görnüşlere bölünmezden, olar umumy ýagdaýda paýdarlar jemgyýeti diýlip atlandyrylýan boldy.

## PAÝDARLAR JEMGYÝETINI DÖRETMEK

Jemgyýeti täzeden esaslandyrmak we (ýa-da) bar ýuridik tarapy gaýtadan guramak (goşup goýbermek, birleşdirmek, bölmek, bölüp çykarmak, gaýtadan düzmek) ýoly bilen düzülmegi mümkin. Paýdarlar jemgyýetleri ustaw kapitalynyň minimal mukdary 1 600 mln. soma barabar. Jemgyýetiň ustaw fondy paýdarlar satyn alan jemgyýetiň aksiýalarynyň nominal bahasyndan ybarat bolýar.

**Aksiýa** – bu onuň eýesi paýdarlar jemgyýetiniň kapitalyna özüniň mälim goşandyny goşanlygyna we onuň peýdasyndan diwidend şeklinde girdeji almak hukugy barlygyna şaýtlyk edýän gymmatly kagyz.

**Aksiýanyň nominal bahasy** – aksiýanyň özünde belenilip goýlan bahasy.

Jemgyýet çykarýan ähli aksiýalaryň nominal bahasy birmeňzeş bolmaly. Aksiýalaryň eýesiniň ady ýazylan emission gymmatly kagyzlar bolup, olar görnüşine görä ýönekeý we ýeňillikli bolmagy mümkin. Aksiýalar emläk hukugy ýa-da başga maddy hukuk esasynda haýsy ýuridik ýa-da fiziki tarapa degişli bolsa, şol ýuridik ýa-da fiziki tarap aksiýanyň eýesi – paýdar diýip aýdylýar.

**Paýdar** – aksiýanyň eýesi bolan ýuridik ýa-da fiziki tarap.

Ýönekeý aksiýalar ses beriji bolup, olar eýesine diwidendler almak, paýdarlaryň umumy ýygnaklarynda we jemgyýeti dolandyrmakda gatnaşmak hukugyny berýär. Aksiýa eýelerine diwidendleri, şonuň ýaly-da, jemgyýet ýatyrylanda aksiýalara goýlan serişdeleri birinji nobatda almak



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

hukugyny berýän aksiýalar ýeňillikli aksiýalardyr. Ýeňillikli aksiýalar öz eýelerine jemgyýet peýda görenligine-görmänligine seretmezden, belli bir diwidendler almak hukugyny berýär.

**Ýönekeý aksiýa** – diwidendi goýlan serişdesine laýyklykda paýlamak mümkinçiligini berýän aksiýa.

**Ýeňillikli aksiýa** – paýdarlar jemgyýetiniň diwidendini we emlägini paýlamakda ýönekeý aksiýa eýesine görä üstünlik berýän aksiýa.

| PAÝDARLAR JEMGYÝETINIŇ | |
|---|---|
| **ARTYKMAÇLYKLARY** | **KEMÇILIKLERI** |
| ***Uly göwrümdäki serişdäni aňsatlyk bilen toplap bilmegi.*** Çünki munuň üçin ýeterli mukdardaky aksiýany çykarmak ýeterli | ***Paýdarlar sanynyň köpligi jemgyýetiň işini mülkdarlar tarapyndan dolandyrylyşyny kynlaşdyrmagy.*** Şoňa görä paýdarlar jemgyýetinde dolandyryş geňeşi döredilýär we direktor bellenýär |
| Paýdarlar jemgyýeti gündelik işlerini dolandyrmak şertnama esasynda başga täjirçilik guramasy – ynanylan dolandyryjysyna tabşyrylmagy mümkin bolan biznesiň ýalňyz şeklidigi | Esasy işe ýa-da dolandyryşa degişli käbir karary kabul etmek üçin onuň paýdarlar ýygnagynda ara alnyp maslahatlaşylmagy bu prosesiň uzaga çekmegine getirýär |
| Paýdaryň dolandyryşda gatnaşmak mümkinçiligi ol eýe bolan aksiýalar görnüşine baglylygy | |
| Ýönekeý aksiýalar sese eýe hasaplanýar we öz eýesine diwidendler almak, jemgyýeti dolandyrmakda gatnaşmak hukugyny berýär | |
| Ýeňillikli aksiýalar bolsa öz eýelerine, birinji nobatda, diwidendleri almaga hem-de PJ ýatyrylan ýagdaýda aksiýa giden serişdelerini almakda üstünlik berýär | |
| Ýeňillikli aksiýalar jemgyýetiň girdejisiniň bar-ýoklygyna seretmezden, belli bir diwidendler almak hukugyny hem berýär | |

Paýdarlara yglan edilen diwidendler kanun resminamalaryna laýyklykda salgyda çekilýär. Aksiýalary satmakda fiziki ýa-da ýuridik tarap üçin



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

salynýan girdeji salgydy tölenýär. Girdeji salgydy aksiýany satyn almak bilen satmagyň arasyndaky tapawutdan hasaplap çykylýar. Paýdar, şonuň ýaly-da, jemgyýetden onuň aksiýalaryny satyn almagyny soramak bilen biznesi terk etmegi mümkin. Bular ýaly meseleler bolsa, Özbegistan Respublikasynyň «Paýdarlar jemgyýetleri we paýdarlar hukuklaryny goramak barada»ky kanuny bilen kadalaşdyrylýar.

**Diwidend** (latynça *diwidendus* – bolmaga degişli) – aksiýanyň eýesine tölenýän girdeji.

### BILIMIŇIZI BARLAŇ!

1. Paýdarlar jemgyýetiniň nähili görnüşleri bar?
2. Paýdarlaryň sany taýdan açyk we ýapyk paýdarlar jemgyýetleriniň arasynda nähili tapawut bar?
3. Näme üçin Özbegistan Respublikasynyň kanunçylygynda ýapyk paýdarlar jemgyýeti şekli ýok?
4. Özbegistanda paýdarlar jemgyýetleriniň ustaw kapitalynyň minimal mukdary näçäni düzýär?
5. Aksiýa näme? Ýönekeý we ýeňillikli aksiýalar nämesi bilen tapawutlanýar?
6. Paýdarlar jemgyýetiniň artykmaç taraplary nämede?
7. Paýdarlar jemgyýetiniň kemçilikleri nämelerden ybarat?

### TEMA BOÝUNÇA AMALY ÝUMUŞLAR WE MAŞKLAR

1. Inwestoryň elinde 100 000 som bar. Bank 20% ýyllyk stawkany teklip etdi. Paýdarlar jemgyýeti 8 sany ýeňillikli aksiýasyny 25 000 som nyrhda her bir aksiýa 10% ýyllyk girdejini we 80 sany ýönekeý aksiýany 20 000 som nyrh bilen çykardy. Paýdarlar jemgyýetinde diwidend üçin 800 000 som goýberildi. Inwestor puluny nirä sarp edende köpräk peýda gazanýandygyny anyklaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 9-njy TEMA  OBA ÝERLERINDÄKI TELEKEÇILIK

Mälim bolşy ýaly, häzirki günde ýurdumyzda 51 göterimden gowrak ilat oba ýerlerinde ýaşaýar. Ýöne oba hojalyk önümleriniň ýurt ähli içki önümindäki ülüşi 17 göterimden geçmeýär. Agrar ugruň önümlerini gaýtadan işlemegiň göwrümi bolsa 10 göterime-de ýetmeýär. Şol bir wagtda, ösen döwletlerde bu görkeziji 50 göterimden artygy düzýär. Şu gatnaşyk bilen oba hojalygyny ýene-de özgertmek boýunça kompleks maksatnama işläp taýýarlamaly.

***Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Ş. Mirziýoýew***








### UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Özbegistanyň ykdysadyýetinde oba hojalygynyň tutýan ornuny nähili bahalamak mümkin? Soňky ýyllarda şu pudakda nähili özgerişler bolup geçýär?
2. Ýurdumyzyň ilatynyň näçe oba käbir ýerlerinde ýaşaýar? Oba bilen şäheriň artasynda nähili tapawutlar bar?
3. Oba ýerlerinde ilatyň girdejilerini artdyrmagyň nähili mümkinçilikleri bar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ŞAHSY KÖMEKÇI HOJALYK

Ýurdumyzyň ilatynyň uly bölegi oba ýerlerinde ýaşaýar. Oba ýerlerinde, esasan, oba hojalyk önümlerini ýetişdirmek bilen meşgullanylýar. Şoňa görä, ykdysadyýetimizde oba ýerlerinde amala aşyrylýan telekeçilik işleri ähmiýetli orun tutýar.

Şu sebäpli siz oba ýerlerinde ilki bilen, şahsy kömekçi hojalyklaryndaky telekeçilik bilen meşgullanmagyňyz mümkin.

**Şahsy kömekçi hojalyk** – oba ýerlerinde ýaşaýan raýatlaryň öz mellek ýerindäki şahsy zähmeti arkaly oba hojalyk önümlerini ýetişdirmek bilen meşgullanmagyna esaslanan maşgala hojalygy.

Şahsy kömekçi hojalyk oba ýerlerinde ýaşaýan raýatlara miras edip galdyrylýan ömürlik eýelik etmek üçin ýaşaýyş jaýyny gurmaga berlen ýer meýdanlarynda döredilýär. Onuň ýaşaýyş jaýy gurulmadyk bölegi mellek ýer diýlip atlandyrylýar. Şol mellek ýerde maşgala agzalarynyň şahsy zähmeti esasynda ekerançylyk we maldarçylyk önümlerini ýetişdirmek mümkin. Onuň esasy bölegi maşgala zerurlyklary üçin ulanylýar. Ýöne, aglaba ýagdaýlarda, bu önümler maşgala zerurlygyndan artykmaç bolýar. Şu artykmaç önümleri daýhan bazarlarynda satmak hem-de goşmaça girdeji almak mümkin bolup, bu öz mazmunyna görä telekeçilik hasaplanýar.

## DAÝHAN HOJALYGY

Eger siz şahsy kömekçi hojalykdaky telekeçilik işleri bilen çäklenmegi islemeseňiz, onda daýhan hojalygyny döredip bilersiňiz.

**Daýhan hojalygy** – maşgala baştutanyna berlen mellek ýer uçastogunda maşgala agzalarynyň şahsy zähmeti esasynda oba hojalyk önümleri ýetişdirilýän we realizasiýa edilýän maşgalaý ownuk haryt hojalygydyr.

Daýhan hojalygy miras edip galdyrylýan ömürlik eýelik etmek üçin maşgala baştutanyna berlen mellek ýer uçastogunda döredilýär. Ol maşgala agzalarynyň şahsy zähmeti esasynda ýöredilýär. Daýhan hojalygy iki görnüşde döredilmegi mümkin:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1) ýuridik tarapy düzmek bilen;
2) ýuridik tarapy düzmedik ýagdaýda.

Daýhan hojalygy maşgala ownuk haryt hojalygy hasaplanýar. Ýagny, onda ýetişdirilen oba hojalyk önüminiň belli bir bölegi şahsy sarp edilmegine galdyrylmak bilen, galan bölegi bazarda satmaga niýetlenen bolýar.

Daýhan hojalygy maşgala ownuk haryt hojalygy bolup, maşgala agzalarynyň şahsy zähmeti esasynda, miras edip galdyrylýan ömürlik eýelik etmek üçin maşgala baştutanyna berlen mellek ýer uçastogunda oba hojalyk önümlerini ýetişdirýär we realizasiýa edýär.

Daýhan hojalygyndaky iş telekeçilik işi toparyna girýär hem-de daýhan hojalygy agzalarynyň islegine görä ýuridik tarap düzmek bilen we ýuridik tarap döretmezden amala aşyrylmagy mümkin.

Daýhan hojalygy öz işlerinde hakyna tutma zähmetden hemişelik esasda peýdalanmagy mümkin däl.

***Özbegistan Respublikasynyň 1998-nji ýylyň 30-njy aprelindäki 604-I-nji belgili «Daýhan hojalygy barada»ky kanuny, 1-nji madda***

## FERMER HOJALYGY

Oba ýerlerindäki has-da iriräk telekeçilik şekli – bu fermer hojalygydyr.

**Fermer hojalygy** – kärendä berlen ýer uçastoklaryndan peýdalanmak bilen oba hojalygy haryt önümçiligi bilen meşgullanýan, özbaşdak hojalyk ýörediji subýekt.

Fermer hojalygyna oba hojalygy ähmiýetindäki ýerler ýerli geňeşlikler tarapyndan miras galdyrmak hukugy bilen 50 ýyla çenli möhlete kärendä berilýär. Fermer hojalygy hem zähmete ýaramly ýaşdaky maşgala agzalaryndan, hem hakyna tutma işçilerden peýdalanmagy mümkin. Fermer hojalygy oba hojalyk önümlerini haryt şeklinde, ýagny, esasan, bazarda satmak üçin ýetişdirýär. Ol ýuridik tarap görnüşinde guralyp, başga ykdysady subýektler bilen özbaşdak ýagdaýda hojalyk gatnaşygyna girişip bilýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Fermer** hojalygy kärendä berlen ýer uçastoklaryndan peýdalanmak bilen oba hojalygy haryt önümçiligi bilen meşgullanýan, özbaşdak hojalyk ýörediji subýektdir.

***Özbegistan Respublikasynyň 2004-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky 662-II-nji belgili täze redaksiýadaky «Fermer hojalygy barada»ky kanuny, 3-nji madda.***

## AGROFIRMALAR

Eger siz diňe bir oba hojalyk önümlerini ýetişdirmek däl, eýsem olary gaýtadan işlemek arkaly hem öz telekeçilik girdejiňizi artdyrmak isleseňiz, onda agrofirma işlerini ýola goýup bilersiňiz.

**Agrofirma** – fermer, daýhan we şahsy kömekçi hojalyklar tarapyndan ýetişdirilen oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemek hem-de satmak bilen meşgullanýan kärhana.

Agrofirma ýuridik tarap görnüşinde döredilýär. Oba hojalyk önümlerini ýetişdirmek, daşamak, saklamak we gaýtadan işlemek, olary içki we daşky bazarlarda satmak agrofirmalaryň esasy wezipeleri hasaplanýar.

### BU GYZYKLY...

Dünýäde yssyhanalaryň köplügi boýunça birinji orunda Gollandiýa durýar. Şol bir wagtda, gollandiýalylar öz yssyhanalaryny plastik bilen däl, eýsem aýna bilen örtýärler. Gollandiýadaky yssyhanalaryň umumy meýdany 10 500 gektary düzýär.

### BILÝÄŇIZMI?

Kiçi biznesi islendik şertde-de guramak mümkin. Muňa aýdyň mysal hökmünde hyýar ýetişdirmek üçin yssyhanany balkonda ýa-da, hatda, äpişgäniň tekjesinde-de gurap bolýandygyny aýtmak mümkin. Hyýar – bu peýdaly we kem üns talap edýän ösümlik. Dogry saýlanan sorty,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

hatda 1 kwadrat metr ýerde-de gowy hasyl bermegi mümkin. Siz az güýç we serişde sarp etmek bilen ýylyň islendik wagtynda satmak üçin hyýar ýetişdirip bilersiňiz. Satmagy ýola goýup almak bilen, siz berkarar girdeji getirýän, harajatlary çalt ödeýän biznese eýe bolmagyňyz mümkin.

## BILIMIŇIZI BARLAŇ!

1. Oba ýerlerindäki telekeçiligiň özboluşly aýratynlyklary nämeler bilen kesgitlenilýär?
2. Oba ýerlerindäki telekeçiligiň nähili şekillerini bilýärsiňiz?
3. Şahsy kömekçi hojalygyň özboluşly belgileri nähili?
4. Daýhan hojalygy başga şekillerden haýsy taraplary bilen tapawutlanýar?
5. Ýuridik tarapy döreden we düzmedik ýagdaýdaky daýhan hojalygynyň esasy taraplaryny düşündirip beriň.
6. Fermer hojalygynyň esasy belgilerini düşündirip beriň.
7. Fermer hojalygyna görä «özbaşdak hojalyk ýörediji subýekt» düşünjesiniň manysy nähili düşündirilýär?
8. Agrofirmanyň esasy belgileri nämelerden ybarat?

## TEMA BOÝUNÇA AMALY ÝUMUŞLAR WE MAŞKLAR

Fiziki tarap A. Sattarow öý şertinde özüniň şahsy serişdeleriniň hasabyndan alnan 500 baş ene towuklary idedip, ýumurtga berýän ene towuklary ýetişdirmegi gurady. Munuň üçin ol jemi aşakdaky görnüşde sarplary amala aşyrdy.

| T/n | Önümiň ady | Talap edilen summa, mln. som |
|---|---|---|
| 1 | Ene towuklary almak üçin | 15 (500*30 000) |
| 2 | Öý guşunyň kapasasy | 2 |
| 3 | Başga harajatlar | 1 |
| | **Jemi:** | **18** |

Ene towuklary idetmek berk režim, rasion we günlük gözegçilik esasynda ideg edilýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Fiziki tarap 500 baş ene towugy doly idetmegi gazansa hem-de talap edilen rasion esasynda bakyp bilse, 500 baş ene towuk önüm berip başlaýar.

1 sany towugy idetmek bilen bagly bolan günlük harajatlar aşakdaky jedwelde berlen.

| T/n | Harajatlaryň görnüşi | 1 sany towuga ideg etmek bilen bagly bolan günlük harajatlar | |
|---|---|---|---|
| | | **Somda** | **% -de** |
| 1 | Iým harajaty | 280 | 87,5% |
| 2 | Kommunal harajatlar (el.energ., suw, gaz) | 15 | 4,7% |
| 3 | Başga harajatlar | 25 | 7,8% |
| | **Jemi** | **320** | **100%** |

Aşakdaky jedwelde ýumurtga ýetişdirmek bilen bagly maglumatlar getirilen. Jedweliň boş öýjüklerini dolduryň.

| Towuklar sany | Ýumurtga berijiligi, % | 1 aýdaky ýumurtgalar sany | 1 ýyldaky ýumurtgalar sany | Ýumurtganyň özüne düşýän gymmaty, som* | Ýumurtganyň bazar nyrhy, som | Ýumurtgany satmakdan gelen jemi girdeji, müň som | Ýumurtga ýetişdirmek bilen bagly jemi sarplar, müň som | 1-nji ýyl | 2 ýylyň içinde |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | Jemi peýda, müň som | Jemi peýda, müň som |
| **1** | 80 | | | | 500 | | | | |
| **500** | 80 | | | | 500 | | | | |

** Bu ýerde ýumurtganyň özüni ödeýiş gymmatyna guşçulygy guramak bilen bagly harajatlar, ýagny ene towuklary satyn almak üçin kapasalary gurmak bilen bagly harajatlar girizilmedik.*

Iki ýyldan soň ene towuklaryň ýumurtga berijilik derejesi peselip, indi olar et edip satylýar. Bir towuk etiniň lomaý bazar nyrhy 15 000 som bolsa, aşakdakylary anyklaň:

a) et satmakdan alynýan goşmaça girdeji;

b) 2 ýylyň içinde alynmagy mümkin bolan jemi sap peýda.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 10-njy TEMA ÝAŞLARYŇ TELEKEÇILIGI







### UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Suratlardaky telekeçileri ýaş taýdan tapawutlandyryň. Telekeçiniň ýaşy onuň işlerine nähili täsir etmegi mümkin?
2. Döwlet tarapyndan ýaş telekeçiler üçin aýratyn gamhorlyk edilmegimi ýa-da ýokmy? Pikiriňizi esaslandyryň.
3. Siz ýurdumyzda ýaşlaryň telekeçiligini goldamak babatda amala aşyrylýan nähili çäreleri bilýärsiňiz?

## ÝAŞLARYŇ TELEKEÇILIGINIŇ ÄHMIÝETI WE ZERURLYGY

Telekeçilik işleri bilen, ýaşyna seretmezden, gatnaşyk ukybyna eýe bolan ähli raýatlar meşgullanmagy mümkin. Ýöne, şunuň bilen birlikde, döwlet mümkingadar ýaşlaryň telekeçilik işleri bilen meşgullanmagyny höweslendirmäge we goldamaga çalyşýar. Çünki ýaşlar jemgyýetiň uly güýç we gaýrat sarplamagy başarýan, hereketjeň, ähli täze hadysalary tiz kabul edýän we özleşdirýän işjeň bölegi hasaplanýar. Ýaşlary telekeçilige çekmek ýurdumyzda telekeçiligi ösdürmek, ýaşlaryň işliligini üpjün etmek, täze iş orunlaryny guramaga mümkinçilik döredýär. Şonuň ýalyda, telekeçi ýaşlaryň hatarynyň giňelmegi milli ykdysadyýeti innowasion ösüş ýolundan barmagyny üpjün edýär. Bu bolsa ýaş, başlangyçly, täzeçe pikirlenýän telekeçiler neslini şekillendirmegi talap edýär.

**Ýaşlaryň telekeçiligi** – ýurtda 18 ýaşdan 35 ýaşa çenli bolan telekeçi şahslaryň işlerini amala aşyrmak prosesidir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÝAŞLARYŇ TELEKEÇILIGINI ÖSDÜRMEGIŇ ÇÄRELERI

Ýaşlaryň telekeçiligini ösdürmekde Prezidentimiziň «Tälim edaralaryny gutarýanlary telekeçilik işlerine çekmek barasyndaky goşmaça çäreler barada»ky permany we «Özbegistan Respublikasynda ýaşlarga degişli döwlet syýasatyny amala aşyrmaga gönükdirilen goşmaça çäreler barada»ky karary möhüm orun tutýar.

Ýaşlaryň telekeçiligi gerimini ýene-de giňeltmek boýunça aşakdaky çäreler toplumy amala aşyrylýar:

– ýaşlaryň arasynda telekeçilik işlerini ýaýbaňlandyrmak;
– olary telekeçilige köpçülikleýin çekmek;
– biznes ýöretmek endigini şekillendirmek;
– biznes taglymlaryny maliýeleşdirmek;
– bazardaky işlerini alyp barmakda her taýdan kömekleşmek.

## ÝAŞLAR TELEKEÇILIGINIŇ KLASTERLERI

Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň 2017-nji ýylyň 16-njy oktýabryndaky «Ýaşlaryň telekeçiliginiň klasterlerini döretmegiň guramaçylyk çäreleri barada»ky karary kabul edildi. Ykdysadyýetde işleri özara bagly bolan, meselem, çig mal we materiallar bilen üpjün edýän, infragurluş hyzmatlaryny edýän, ylmy barlag edaralary we başga guramalar toparynyň belli bir çäge jemlenmegi klaster diýip atlandyrylýar. Klasteriň guralmagy şol guramalaryň iş netijelerini gowulandyryp, bäsdeşligini artdyrýar.

**Klaster** – bu belli bir çäkde jemlenen özara bagly guramalar topary.

**Ýaşlaryň telekeçiliginiň klasterleri** – belli bir çäkde ýaşlaryň telekeçilik işlerini guramakda we amala aşyrmakda ýeňillikli hyzmatlar we amatly şertler bilen üpjün etmäge gönükdirilen özara bagly guramalar topary.

Ýaşlaryň telekeçiliginiň klasterleri respublikanyň tümen merkezlerinde we şäherlerinde ýuridik tarap guralmazdan döredilýär. Olaryň işlerini do-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

landyrmak Özbegistanyň ýaşlar bileleşigininiň tümen we şäher Geňeşleriniň üstüne ýüklenýär.

Klasterlerde ýerleşýän önümçilik meýdanlary diňe Özbegistanyň ýaşlar bileleşigininiň agzasy bolan ýaş telekeçilere, kärhanasy aýaga galýança bolan döwürde, ýöne 5 ýyldan artyk bolmadyk möhlete kärende töleginiň «nol» bahasynda berilýär.

Klasterler özboluşly biznes-inkubator hökmünde işläp, ýaşlara telekeçilik boýunça ýörite okuw kurslaryny geçmegine kömekleşýär. Telekeçilik işleri bilen meşgullanmak üçin zerur resminamalary taýýarlamak, amaly maslahatlar bermek boýunça mugt hyzmat edilýär.

**Biznes-inkubator** – ýaş telekeçileri biznes-taglym işläp taýýarlamakdan çekip tä onuň amala aşyrylmagyna çenli bolan ähli basgançaklarda goldamak bilen meşgullanýan gurama.

Klasterde ýerleşdirilen telekeçilik subýektleriniň işgärleriniň ştatynda 35 ýaşa çenli bolan şahslaryň ülüşi 70 göterimden kem bolmaly däldir.

## KLASTERLERIŇ IŞINI MALIÝELEŞDIRMEGIŇ ÇEŞMELERI

Klasterleriň işlerini maliýeleşdirmegiň çeşmeleri aşakdakylardan ybarat:

– klaster gatnaşyjylaryna tölegli hyzmatlar etmekden alynýan girdejiler;

– klaster gatnaşyjylarynyň peýdalanmak töleglerinden düşýän girdejiler;

– kanun resminamalaryna ters bolmadyk başga çeşmeler.

## BU GYZYKLY...

ABŞ-nyň Pensilwaniýa ştatyndan bolan 13 ýaşly Neha Gupta atly gyz 9 ýaşydaka «Empower Orphans» diýlip atlandyrylýan öz taslamasyny işe düşüripdir. Şondan bäri ol özi esaslandyran täjirçilik däl taslamasynyň kömeginde Hindistandaky ýetim çagalar üçin 30 müň dollar toplamaga miýesser bolupdyr. Gyzyň esaslandyran guramasy el zähmeti bilen taýýarlanan otkrytkalary satmak bilen meşgullanýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Häzirki wagtda gyzyň öňünde ýene 20 müň dollar tapmak wezipesi dur. Ýöne ol munuň bilen togtamakçy däl. Neha gelejekde haýyrlylyk ugrunda özi üçin karýera edip, maksatlaryna ýetmegi plan edipdir.

## BILÝÄŇIZMI?

Biznes-inkubatorlaryň ilkinji görnüşleri XX asyryň ortalarynda Beýik Britaniyada peýda bolupdyr. Häzirki düşünjedäki birinji biznes-inkubator 1959-nji ýylda esaslandyrylypdyr. Jozef Mankuso Batawiýa şäherindäki fabrigiň ýanyndaky ammarhanany satyn alyp, Amerikada «Batawia Industrial Center» diýlip atlandyrylýan birinji inkubatory esaslandyrypdyr. Onuň maksady ykdysady pese gaçma duçar bolan şäherde täze iş orunlaryny guramakdan ybaratdy.

1985-nji ýyla gelip dünýäde 70-e ýakyn biznes-inkubator iş alyp baran bolsa, 1992-nji ýylda olaryň sany 470-e, 1995-nji ýylda bolsa 1100 -e ýetip, olar biznes-inkubatorlaryň Milli assosiasiýasyna birleşdiler.

Biznes-inkubatorlaryň iň köp sany ABŞ-da döredilen bolup, muňa şäher merkezleriniň we çäkleriň ykdysadyýetini ösdürmek, uniwersitetlerdäki innowasion iş we telekeçilik işeňňirligini höweslendirmek, şonuň ýaly-da, hususy inwestorlar üçin amatly şertleri döretmek zerurlygy sebäp bolupdyr.

## BILIMIŇIZI BARLAŇ!

1. Ýaşlaryň telekeçiliginiň ähmiýeti we zerurlygy näme bilen düşündirilýär?
2. «Telekeçi ýaşlaryň hatarynyň giňelmegi milli ykdysadyýeti innowasion ösüş ýolundan barmagyny üpjün edýär» diýen pikiri esaslandyryp beriň.
3. Ýurdumyzda ýaşlaryň telekeçiligini ösdürmek boýunça nähili çäreler amala aşyrylýar?
4. Ykdysadyýetdäki klasterleriň mazmun-manysy nähili?
5. Näme üçin klasterde iş netijeleri ýokary bolýar?
6. Ýaşlaryň telekeçiliginiň klasteri nämäni aňladýar?
7. Ýaşlaryň telekeçiliginiň klasterleri nähili döredilýär?
8. Ýaşlaryň telekeçiliginiň klasteriniň işleri nämelerden ybarat?
9. Biznes-inkubator näme?
10. Ýaşlaryň telekeçiliginiň klasterleriniň işlerini maliýeleşdirmegiň çeşmelerini düşündirip beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# II BAP TELEKEÇILIGI GURAMAK

## 11-nji TEMA BIZNES-PLANY IŞLÄP TAÝÝARLAMAK

### BIZNES-PlAN

Öňki temalardan mälim bolşy ýaly, telekeçilik işleri belli bir derejede töwekgelçilik, risk bilen bagly. Şoňa görä-de, telekeçiden haýsy-da bolsa bir hojalyk kararyny kabul etmek, meselem, bankdan kredit almak, gural-enjam, maddy resurslary satyn almazdan öň ony her taraplaýyn, pugta oýlap görmek, degişli hasap-hesip işlerini amala aşyrmak talap edilýär. Adatda, şeýle hasap-hesip etmek, mälim çäreleri amala aşyrmagyň yzygiderligini kesgitläp almak prosesi biznesi planlaşdyrmak diýlip atlandyrylýar. Biznesi planlaşdyrmak netijesinde taýýarlanan guramaçylyk-ykdysady häsiýetdäki resminama biznes-plan diýip atlandyrylýar.

**Biznes-plan** – telekeçilik işlerini başlamazdan öň onuň häsiýetnamasy, iş döwri, nazarda tutulýan sarp-harajatlar we garaşylýan peýda ýaly möhüm taraplary beýan edilen guramaçylyk-ykdysady häsiýetli resminama.

Amalyýetiň görkezişi ýaly, biznes-plan islendik telekeçilik işleri üçin möhüm we zerurdyr. Eger telekeçi öz işlerini biznes-plansyz başlasa, niýetlenen maksada ýetip bilmezligi mümkin. Biznes-plan telekeçilik işleriniň kartasy hasaplanyp, onuň anyk maksadyny, ugurlaryny we esasy basgançaklaryny kesgitläp berýär. Telekeçilik işlerini başlandan soň alnan netijeler plan bilen deňeşdirilip barylýar, bar meseleler anyklanýar. Ýogsam, telekeçilik işlerini dolandyrmak kynlaşýar.

Biznes-plan düzmek onuň gatnaşyjylaryndan uly bilim, işe degişli maglumatlary, täze tehnologiýalary we bazarlary bilmegi talap edýär. Biznes-plan düzende ähli taraplary hasaba almazlyk ýa-da käbir kem-çilikleri gizlemek hasap-hesip işlerini çolaşdyrýar. Bu bolsa kärha-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

na işlerini hatardan çykarmagy ýa-da erbet täsir etmegi mümkin. Şu sebäpli biznes-plany düzende bilimli hünärmenler, meselem, hukukşynaslaryň, ykdysatçylaryň, buhgalterleriň, tehnologlaryň hyzmatlaryndan peýdalanmak maksada laýykdyr.

## BIZNES-PLANYŇ WEZIPESI

Biznes-plan öz mazmynyna görä, aşakdaky üç möhüm wezipäni ýerine ýetirýär:

birinjiden, kärhananyň, firmanyň we kompaniýanyň, şunuň bilen birlikde, kollektiw agzalarynyň esasy maksatlaryny we wezipelerini kesgitläp berýär;

ikinjiden, taglymyň ýa-da birlenji taslamanyň amaly hereket maksatnamasy şekline getirilen resminama hökmünde hasap-hesipleri, sarp-harajatlary, biznesi guramagyň we ýöretmegiň esasy ugurlary barada maglumat berýär;

üçünjiden, işi maliýeleşdirmek, kredit resurslaryndan peýdalanmak, şonuň ýaly-da, inwestor şärikleri hyzmatdaşlyga çekmekde esas wezipesini ýerine ýetirýär.

## BIZNES-PLANYŇ DÜZÜLIŞI WE DÜZÜM BÖLEKLERI

Her bir telekeçi öz işlerini, maliýe çeşmelerini hasaba almak bilen özi üçin biznes-plan işläp düzýär. Şu sebäpli hemme üçin birmeňzeş laýyk gelýän biznes-planlar bolmaýar. Eger sizde käbir biznes-taglym bar bolup, ony amala aşyrmak boýunça biznes-plan işläp düzmekçi bolsaňyz, takmynan aşakdaky düzüm bölekleri şekillendirmegiňiz talap edilýär.

| Bölüm | Mazmuny |
|---|---|
| **1** | **Rezýume** |
| **2** | **Teklip edilýän taslama taglymy (mazmuny)** |
| 2.1 | Umumy başlangyç maglumatlar we şertler |
| 2.2 | Täze haryt nusgasynyň kesgitlemesi |
| 2.3 | Telekeçilik işleri tejribesini bahalamak |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| | |
|---|---|
| **3** | **Önüm satylýan bazarlary bahalamak** |
| 3.1 | Täze haryt sarp edijileriniň häsiýetnamasy |
| 3.2 | Bäsdeşleri bahalamak |
| 3.3 | Bäsdeşlere görä özüniň güýçli we gowşak taraplaryny bahalamak |
| **4** | **Marketing plany** |
| 4.1 | Marketing maksatlary |
| 4.2 | Marketing strategiýasy |
| 4.3 | Marketing planynyň maliýe üpjünçiligi |
| **5** | **Önümçilik plany** |
| 5.1 | Täze haryt öndürijisi |
| 5.2 | Talap edilýän önümçilik kuwwatlary we olaryň barlygy |
| 5.3 | Önümçiligiň maddy faktorlary |
| 5.4 | Önümçilik prosesini häsiýetlendirmek |
| **6** | **Guramaçylyk plany** |
| 6.1 | Kärhananyň guramaçylyk-hukuk şekli |
| 6.2 | Kärhananyň guramaçylyk gurluşy |
| 6.3 | Borçlaryň paýlanyşy |
| 6.4 | Hyzmatdaşlar barada maglumat |
| 6.5 | Biznesiň daşky gurşawynyň häsiýeti |
| 6.6 | Kärhananyň zähmet resurslary |
| 6.7 | Dolandyryş düzüminiň agzalary barada maglumatlar |
| **7** | **Maliýe plany** |
| 7.1 | Girdejileriň we harajatlaryň plany |
| 7.2 | Pul düşewüntleriniň we tölegleriň plany |
| 7.3 | Kärhana aktiwleriniň we passiwleriniň bilelikdäki balansy |
| 7.4 | Zyýansyzlygy gazanmagyň grafigi |
| 7.5 | Maliýeleşdirmek strategiýasy (serişdeler çeşmeleri we olary sarp etmek) |
| 7.6 | Töwekgelçiligi bahalamak we ätiýaçlandyryş |
| **8** | **Goşmaçalar** |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## BILÝÄŇIZMI?

Häzirki wagtda ýurdumyzda telekeçilik işlerini giň wagyz etmek, telekeçileri goldamak maksadynda biznes-planlar düzmek boýunça maslahatlar, amaly kömek berýän dürli maslahat merkezleri we gurluşlary iş ýöredýär. Şonuň ýaly-da, siz Internet saýtlary arkaly diňe bir biznes-plan barada umumy düşünje, ony işläp taýýarlamak tertip-düzgünleri bilen tanyşyp däl, eýsem taýýar biznes-planlary hem satyn alyp bilersiňiz. Aşakda şeýle Internet saýtlaryndan käbirlerini getirýäris:

https://elmadad.uz/ideas

http://biznestrener.uz/yosh-tabirkor/50-biznes-rezha-qanday-tuziladi.html

http://pba.uz/

http://bizplan.uz/useful_info/samples_bizplan/1049/

http://bizart.uz/biznes-rezha-u-%D2%9Bandaj-tuziladi/

http://www.uzex.uz/uz-latn/pages/Business-plan?Aspx AutoDetectCookieSupport=1

http://uzbekiston.site/cr/biznes-rejalar/

Biznes-plan düzende hünärmenleriň kömeginden hem peýdalanyp bilersiňiz. Köp kärhanalar we edaralar öz işleriniň düzüminde biznes-plan düzmek, degişli maslahatlar bermek ýaly hyzmatlary edýärler. Hatda biznes-plan düzmäge kömekleşýän ençeme elektron sahypalar hem bar. Şolardan biri – «Professional Business Advisers» (http://pba.uz) hasaplanýar.

Şonuň ýaly-da, sahypada biznes-plan düzmek üçin zerur bolan resminamalar sanawy, biznes-plan düzmek hyzmatlarynyň nyrhlary we ýüzlenmeli salgylary getirilen.

## BILIMIŇIZI BARLAŇ!

1. Biznesi planlaşdyrmak näme üçin zerur?
2. Biznes-plan diýip nämä aýdylýar?
3. Biznes-planyň ähmiýetini nähili esaslandyrmak mümkin?
4. Biznes-plan düzmek üçin nähili endikler talap edilýär?
5. Biznes-planyň nähili wezipelerini bilýärsiňiz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 12-nji TEMA BIZNES TASLAMA WE STARTAPLAR

### UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Ýokardaky suratda haýsy kompaniýalaryň söwda belgileri görkezilen?
2. Şu kompaniýalaryň işleriniň umumy taraplary nämede diýip oýlaýarsyňyz?
3. Şu kompaniýalaryň döreýiş taryhynyň we üstünliginiň esaslary barada nämeleri bilýärsiňiz?

### BIZNES TASLAMA

Siziň bilen öňki temada biznes-planlaşdyrmak we biznes-planlar barada maglumata eýe bolupdyk. Mazmun taýdan biznes-plana ýakyn, ýöne özüniň gerimi taýdan giňräk bolan ýene bir guramaçylyk-ykdysady häsiýetli resminama – biznes taslamadyr.

**Biznes taslama** – belli bir biznes taglymyny amala aşyrmak bilen bagly ähli çäreler beýan edilen hem-de netijeliligi esaslandyrylan resminama. Biznes taslama ol ýa-da bu taslama serişde sarplamagyň maksada laýyklygyny anyklap berýär.

Biznes-plan belli bir taglymy ýa-da biznes boýunça çäräni amala aşyrmak üçin pul we başga resurslary çekmegiň maksada laýyklygyny esaslandyrmakda peýdalanylýar. Ýöne telekeçilik işlerinde onuň ähli taraplaryny planlaşdyrmak möhüm orun tutýar.

Adatda, biznes taslama giňräk möçberdäki (täjirçilik, önümçilik, ykdysady, sosial we başgalar) wezipeleri esaslandyrmagy öz içine alyp, biznes-plan onuň düzüm bölekleriniň biri hasaplanýar.

Biznes taslama ykdysady nep ýa-da peýda gazanmak maksadynda täze önümleri, hyzmatlary döretmek, bar önümçilikleri modernizirlemek ýa-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

da rekonstruksiýa etmäge gönükdirilen çäreleriň çylşyrymly toplumyny aňladýar.

## BIZNES TASLAMANYŇ ESASY WEZIPELERI

Biznes taslamanyň esasy wezipeleri aşakdakylardan ybarat:

– önümçiligi göz öňünde tutulýan önüme ýeterli talabyň barlygyny anyklamak;

– önüm öndürmegiň we satmagyň göwrümini anyklamak;

– amala aşyrylmagy göz öňünde tutulýan taslamanyň peýda we rentabellik görkezijilerini bahalamak.

## STARTAP NÄME?

Biznes taslamalardan biri – startapdyr. Häzire çenli dünýäde üstünlikli amala aşan iri startaplara «Hewlett-Packard» (esaslandyryjylary – Dewid Pakkard we Uilýam Hýulett), «Microsoft» (esaslandyryjylary – Bill Geýts we Pol Allen), «Apple Computer inc.» (esaslandyryjylary – Stiw Jobs we Stiw Woznýak), «Google» (esaslandyryjylary – Lerri Peýj we Sergeý Brin)-i mysal getirmek mümkin.

**Startap** (iňl. *startup company, startup* – hereketi başlaýan) – öz işlerini innowasion taglymlara ýa-da tehnologiyalara esaslanmak bilen ýörediji täze guralan kompaniýa, firma ýa-da biznes taslama.

Startaplaryň döredilmegi, üstünlikli ösüşiniň we işleriniň dowam etmeginiň sebäplerinden biri – iri korporasiýalaryň kemhereketligi we gowşaklygydyr. Çünki olar özleri ýola goýan önümleri öndürmek bilen meşgul bolup, täze önümleri döretmek bilen meşgullanmaýarlar. Startapy döretmekde täze taglym esasy resurs hasaplanýar. Bu taglymyň üstünlik faktory – onuň peýdalylygydyr. Startapyň üstünligine onuň guramaçylarynyň ýaşy, taglym we iş bilen gyzyklanmasy hem-de maşakgatly zähmeti hem täsir edýär.

Taslamany amala aşyrmak üçin maliýe serişdeleriniň ýetmezçiligi hem-de kompaniýanyň entek bazarda berk bolmadyk ýagdaýy startapyň aýratynlykly taraplary hasaplanýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## STARTAPY MALIÝELEŞDIRMEGIŇ ÇEŞMELERI

Startapy maliýeleşdirmegiň çeşmelerine aşakdakylary girizmek mümkin:

– biznes-angeller;
– wençur fondlar;
– tanyşlar we garyndaşlar.

**Biznes-angeller** (iňl. *angel, business angel, angel investor* we başgalar) – biznese, adatda, taglymyň şekilleniş basgançagyndan başlap inwestisiýa girizýän hususy şahslar. Olar kompaniýanyň işine gatyşmaýarlar, özleri girizen serişdeleri hem haýal etmän gaýtarylmagyny talap etmeýärler. Kompaniýanyň startapyna goýlan inwestisiýa biznes-angelleriň esasy girdeji çeşmesi däl. Şoňa görä, olaryň maksady uzak möhletleýin gelejekde peýda gazanmak hasaplanýar.

**Wençur fondlar** biznes-angellerden tapawutlylykda, startapa öz amanatçylarynyň (ätiýaçlandyryş kompaniýalary, pensiýa fondlary, hususy şahslar)serişdelerini inwestisiýa edýärler. Olaryň taslamalary maliýeleşdirmekdäki gatnaşmagy ýokary ýa-da orta derejedäki risk hasaplanýar, ýöne alynýan girdeji derejesi-de ýokary bolýar.

## STARTAP ÜÇIN INWESTOR AGTARMAK

Startap taslamasy üçin inwestor agtarmagyň iň netijeli usullaryndan biri «Networking» hasaplanýar.

**«Networking»** – pudaklara degişli forumlarda we konferensiýalarda, startap seçip almada, wençur inwestirlemek boýunça çärelerde gatnaşmak hasaplanýar.

Şu çärelerde maliýe çeşmelerine eýe bolmagy isleýän köp kompaniýalar bilen bir hatarda, geljekki inwestorlar hem gatnaşýar.

Kompaniýa startapy üçin inwestory çekmekde degişli forumlarda we saýtlarda bildirişleri çap etmek uly kömek bermegi mümkin. Şonuň ýalyda, startaplar biržasy hem-de startaplary maliýeleşdirýän guramalar hem bar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## STARTAPLARYŇ ÖSÜŞ BASGANÇAKLARY

Startaplar birnäçe ösüş basgançaklaryndan geçýär.

**«Pre-startup» basgançagy** – taglymyň peýda bolmagyndan başlap harydyň bazara çykmagyna çenli dowam edýän döwür.

**«Pre-seed» basgançagy** – taglym şekillenip bolan, sarp ediji üçin hut näme zerurdygy anyklanyp bolan basgançak. Ýöne entek taglymy nähili edip tehniki taýdan gowurak amala aşyrmak boýunça anyk düşünje bar bolmaýar.

**«Seed» basgançagy** – bazary öwrenmek, startap planyny düzmek, tehniki tabşyrygy düzmek we amala aşyrmak, haryt nusgasyny döretmek we synagdan geçirmek, ilkinji inwestorlary agtarmak we taslamany işe düşürmäge taýýarlyk basgançagy.

**«Startup» basgançagy** – taslamany işe düşürmek hem-de onuň işleýşiniň başlangyç döwri. Ol iki basgançakdan ybarat bolýar:

**Ösüş basgançagy** – startap bazarda berkarar ýagdaýy eýeläp, biznes-plan düzmek basgançagynda bellenilen sepgide ýetmek üçin ynamly hereket amala aşyrylýar.

**Giňelme basgançagy** – startap ilkinji maksatly bazardaky biznes-plany amala aşyryp, başga bazarlary eýelemegiň hasabyna öz araçägini giňeldip başlaýar.

**Çykyş basgançagy** – startapy maliýeleşdirmekde gatnaşýan biznes-angel we wençur inwestorlaryň doly ýa-da bölekleýin biznesden çykmagy. Biznesden çykmak aşakdaky görnüşlerde amala aşyrylmagy mümkin:

– firmany strategik inwestorlara satmak;

– kompaniýanyň aksiýalaryny biržada ýerleşdirmek;

– kompaniýanyň aksiýalaryny gönüden-göni inwestisiýa fondlaryna satmak;

– biznes işlerini bes etmek we kärhananyň bankrotlygy.

### BILIMIŇIZI BARLAŇ!

1. Biznes taslama näme?
2. Biznes taslamanyň biznes-plandan nähili tapawudy bar?
3. Biznes taslamanyň esasy wezipeleri nämelerden ybarat?
4. Startap näme? Onuň biznes taslama nähili baglylygy bar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 13-nji TEMA KÄRHANANYŇ ESASLANDYRYJY RESMINAMALARY

### UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Ýokardaky suratlarda görkezilen haryt belgileri haýsy pudagyň kompaniýalaryna degişli?
2. Suratdaky haryt belgilerini nähili önümlerde duşupdyňyzmy?
3. Özbegistandaky nähili brendleri bilýärsiňiz?

## ESASLANDYRYJY RESMINAMALAR

Kärhana işlerini guramak onuň ustawy, esaslandyryjy şertnamasy ýaly esaslandyryjy resminamalaryny işläp taýýarlamakdan başlanýar. Şu resminamalary taýýarlamak kärhananyň eýelerinden uly jogapkärligi talap edýär. Çünki guralýan iş şu resminamalara esaslanmak bilen amala aşyrylýar.

Ýuridik tarap ustaw esasynda ýa-da esaslandyryjy şertnamasy we ustaw esasynda ýa-da diňe esaslandyryjy şertnamasy esasynda iş alyp barýar.

Ýuridik tarapyň esaslandyryjy şertnamasy onuň esaslandyryjylary tarapyndan düzülýär, ustawy bolsa – tassyklanýar.

***Özbegistan Respublikasynyň Raýatlyk kodeksi, 43-nji madda*.**

## KÄRHANANYŇ USTAWY

**Kärhananyň ustawy** – kärhananyň iş alyp barmak tertibini we şertlerini kesgitläp berýän resminama. Kärhana öz işini ustawynda kesgitlenen düzgünler esasynda alyp barýar.

Kärhananyň ustawynda, adatda, aşakdaky maglumatlar kesgitlenýär:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– kärhananyň guramaçylyk-hukuk şekli;
– onuň ady;
– ýerleşýän salgysy;
– ustaw fondy göwrümi we düzümi;
– ustaw fonduny şekillendirmegiň tertibi;
– peýdany paýlamagyň tertibi;
– kärhanany gaýtadan guramagyň we ýatyrmagyň şertleri hem-de tertibi.

Guramanyň ustaw fonduny kesgitlemekde käbir guramalar üçin bellenilen minimal mukdarlaryň bardygyny hasaba almaly bolýar.

**Ustaw fondy** – esaslandyryjylaryň ýa-da gatnaşyjylaryň özleri guran kompaniýa, hojalyk jemgyýetine ilkinji girizen we hemişelik ülüş hasaplanýan maddy we pul serişdeleri toplumy.

Özbegistanda kärhananyň guramaçylyk-hukuk şeklinden gelip çykmak bilen, ustaw fondunyň bellenilen minimal mukdaryny aşakdaky maglumatdan görmek mümkin.

| Guramaçylyk şekli | Ustaw fondunyň bellenilen minimal mukdary |
|---|---|
| Paýdarlar jemgyýeti | 1 600 000 000 som |
| Jogapkärligi çäklendirilen jemgyýet | Iň pes iş hakynyň 40 essesi |
| Maşgala kärhanasy | Iň pes iş hakynyň 10 essesi |
| Hususy kärhana | Bellenilmedik |

## KÄRHANANYŇ ESASLANDYRYJY ŞERTNAMASY

Kärhanany guramakda iki we ondan artyk taraplar gatnaşanda olaryň arasyndaky hukuklary we borçlary özara ylalaşyp almak zerur bolýar. Şeýle ylalaşyk esaslandyryjy şertnamasy arkaly resmileşdirilýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Esaslandyryjy şertnama** – esaslandyryjylaryň kärhanany guramak çagynda özara ylalaşylan esasy şertlerini aňladýan ýuridik resminama.

Esaslandyryjy şertnamasda taraplar (esaslandyryjylar) ýuridik tarap guramak borjuny alýarlar, ony guramak ugrunda bilelikde iş alyp barmak tertibini, oňa öz emläklerini bermek hem-de onuň işlerinde gatnaşmak şertlerini kesgitleýärler. Şertnamada peýda we zyýanlary gatnaşyjylaryň arasynda paýlamak, ýuridik tarapyň işlerini dolandyrmak, esaslandyryjylaryň onuň düzüminden çykmak şertleri we tertibi hem kesgitlenilýär. Esaslandyryjy şertnama esaslandyryjylaryň ylalaşygyna laýyklykda başga şertleriň hem girizilmegi mümkin.

***Özbegistan Respublikasynyň Raýatlyk kodeksi, 43-nji madda***

## LOGOTIP WE FIRMANYŇ BELGISI

Siz öz kärhanaňyzy giň köpçüligiň arasynda görnükli bolmagyny isleseňiz, onda onuň firma adyny dürli grafiki belgiler, emblema ýa-da teswirler arkaly aňsat ýatda galýan we tanalýan derejesini üpjün etmeli bolýarsyňyz. Munda logotipden we firma belgilerinden peýdalanylýar. Köp halatlarda logotip we firma belgisi birmeňzeş manyda hem ulanylýar.

| Ady | Gysgaça mazmuny | Mysal |
|---|---|---|
| Logotip | Grekçe «*logos*» – söz, «*typos*» – yz, tagma manysyny aňladyp, firmanyň adynyň ýörite usula salnan we gysgaldylan şekli | ASAKA BANK |
| Firma belgisi | Adatda firmanyň ady bilen ýanaşyk ýerleşdirilýän ýa-da aýratynlykda hem ulanylýan seýrek teswir element | Keng Makon MEBELLAR FABRIKASI<br>O'ZAK O'zbekiston Center of Accreditation |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## HARYT BELGISI

Siz özüňiz öndüren önümi ýa-da edilen hyzmaty başga önümlerden we hyzmatlardan tapawutlanyp durmagy üçin haryt belgisi, söwda markasy, hyzmat ediş belgisi ýaly ýörite belgilerden peýdalanyp bilersiňiz. Eger bu belgiler sarp edijilere giňden tanalyp, bazaryň saldamly bölegini eýelese, onda brend diýip atlandyrylýar.

| Ady | Gysgaça mazmuny | Mysal |
|---|---|---|
| Haryt belgisi | Bir öndürijiniň harytlaryny başgalaryndan tapawutlanyp durmagyny üpjün edýän we ýörite sanawdan geçirilen belgi | |
| Söwda markasy | Trademark (söwda markasy, söwda belgisi, haryt markasy) – bu hem haryt belgisi manysyny aňladýar | |
| Hyzmat etmek belgisi | Service mark – mazmun taýdan haryt belgisini aňladýan, ýöne hyzmatlaryň aýratyn, özboluşly aýratynlykly taraplaryny tapawutlandyryp görkezmekde peýdalanylýan belgi | |
| Brend | Brand – sarp edijilere giňden tanalan we bazaryň saldamly bölegini eýelän söwda markasy | |

## SLOGAN WE DUÝDURYJY BELGILER

Slogan – bu reklamanyň aýratyn, örän möhüm görnüşi. Slogan-lar tiz ýatda galýan, aforizm görnüşindäki reklama formulasy bolup, kompaniýanyň sarp edijileriň ýadynda saklanyp galmagyny üpjün etmek arkaly harytlarynyň tiz we uly göwrümde satylmagyna kömek edýär.

Häzirki konkurensiýanyň barha güýçlenýän şertinde telekeçiler öz haryt belgilerini sanawdan geçirip, olaryň başgalar tarapyndan özleşdi-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

rilmeginden goraga alyp goýýarlar. Şeýle halatlarda bu haryt belgisiniň hasaba alnandygy barada duýduryjy belgilerden (meselem, ® we TM) peýdalanylýar.

| Ady | Gysgaça mazmuny | Mysal |
|---|---|---|
| Slogan | Iňlisçe «*to slog*» – güýç bilen urmak manysyny aňladyp, tiz ýatda galýan, aforizm görnüşindäki reklama formulasy | Beeline™<br>Durmuşyň ýagty tarapynda bol |
| Duýduryjy belgiler: ® we TM | Haryt belgisiniň hasaba alnandygy barada ýörite belgi. Meselem:<br>1) harp birikmeleri:<br>«TM» – trade mark;<br>«SM» – service mark;<br>«R» ýa-da ® – haryt belgisi;<br>2) sözler:<br>«Trademark»;<br>«Registered Trademark»;<br>«Marque deposee»;<br>«Marca registrada» | TM ®<br>© SM |

**BILIMIŇIZI BARLAŇ!**

1. Kärhananyň esaslandyryjy resminamalaryna nämeler girýär?
2. Kärhananyň ustawynda nähili maglumatlar kesgitlenen bolýar?
3. Ustaw fondy näme?
4. Kärhananyň esaslandyryjy şertnamasy näme? Onda nähili meseleler beýan edilýär?
5. Haryt belgisi näme? Özbegistandaky haýsy haryt belgilerini bilýärsiňiz?
6. Söwda markasy näme üçin hyzmat edýär?
7. Logotipiň firma belgisinden tapawudy näme? Nähili logotipleri bilýärsiňiz?
8. Özüňiz bilýän birnäçe sloganlary aýdyp beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 14-nji TEMA

## TELEKEÇILERI DÖWLET SANAWYNDAN GEÇIRMEK

...Telekeçilere rugsat berýän resminamalary resmileşdirmäge kömekleşmek, döwlet organlarynda wekillik etmek, dawalary suda çenli çözmek, zähmet hukugy boýunça ýuridik hyzmatlar etmek, hukuk sowatlylygyny artdyrmak ýaly ugurlarda şeýle hyzmatlary güýçlendirmeli.

***Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Ş. Mirziýoýew***










**UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR**

1. Ýokardaky suratlarda görkezilen edaralar nähili döwlet hyzmatlaryny edýärler?
2. Haýsy bir edarada umumy häsiýetli döwlet hyzmatlary edilýär diýip oýlaýarsyňyz? Näme üçin?
3. Telekeçilik bilen meşgullanýan adamlarda haýsy döwlet hyzmatlaryna zerurlyk döremegi mümkin?

## TELEKEÇILIGI DÖWLET SANAWYNDAN GEÇIRMEK

Siz geçen temalarda telekeçilik işleriniň guramaçylyk-hukuk şekilleri bilen tanşyp çykdyňyz. Indi özüňiz üçin telekeçilik işleriniň iň amatly şeklini saýlap, ony döwlet sanawyndan geçirmek proseslerine garap geçeris.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Raýat ýekebara telekeçi hökmünde döwlet sanawyndan geçirilen wagtdan başlap telekeçilik işleri bilen meşgullanmaga haklydyr.

***Özbegistan Respublikasynyň Raýatlyk kodeksi, 24-nji madda.***

Ýuridik tarap kanun resminamalarynda bellenilen tertipde döwlet sanawyndan geçirilmelidir. Döwlet sanawyndan geçirmek hakyndaky maglumatlar hemmeler tanşyp çykmagy üçin açyk bolan ýuridik taraplaryň ýalňyz döwlet reýestrine girizilýär.

***Özbegistan Respublikasynyň Raýatlyk kodeksi, 44-nji madda***

Özbegistanda 2017-nji ýylyň 1-nji aprelindan başlap telekeçilik subýektleriniň döwlet sanawyndan geçmegi boýunça täze tertip amal edilýär. Karara laýyklykda telekeçilik subýektlerini döwlet sanawyndan geçirmek olara **«Ýalňyz äpişge» prinsipi boýunça döwlet hyzmatlaryny edýän ýalňyz merkezler** tarapyndan amala aşyrylýar.

**«Ýalňyz äpişge» prinsipi** – ilat we kärhanalar tarapyndan ýörite edaralara ýüzlenmek arkaly dürli döwlet hyzmatlaryndan peýdalanmak.

Diýmek, telekeçilik işlerini döwlet sanawyndan geçirmek üçin, birinji nobatda, «Ýalňyz äpişge» merkezlerine ýüzlenmek talap edilýär.

**«Ýalňyz äpişge» merkezi** – ilata we kärhanalara dürli döwlet hyzmatlaryny etmek, şol sanda telekeçilik işlerini döwlet sanawyndan geçirmek bilen meşgullanýan ýörite edara.

Siziň ýüzlenmäňiz iki hili ýol bilen amala aşyrylmagy mümkin:

1. **Adaty ýagdaýdaky ýüzlenme** – sanawdan geçirýän organa barmak bilen telekeçilik subýektini döwlet sanawyndan geçirmek.

2. **Onlaýn ýagdaýdaky ýüzlenme** – Internet jahan maglumat ulgamy arkaly sanawdan geçirmek.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ADATY ÝAGDAÝDAKY ÝÜZLENME

Eger siz öz telekeçilik işleriňizi sanawdan geçirmek üçin degişli edara gelseňiz, bu adaty ýagdaýdaky ýüzlenme hasaplanýar. Munda sanawdan geçirenligi üçin döwlet pajyny (iň pes iş hakynyň bir essesi mukdarynda) tölemeli, degişli kagyz resminamalaryň asyl nusgalaryny tabşyrmaly we arza doldurmaly bolýarsyňyz.

## ONLAÝN ÝAGDAÝYNDAKY ÝÜZLENME

Eger siz telekeçilik işleriňizi Internet ulgamy arkaly sanawdan geçirmäge karar etseňiz, bu onlaýn ýagdaýyndaky ýüzlenme hasaplanýar. Munuň üçin islendik ýerden durup, birpenjire uz. veb-saýtynda ýerleşýän maksatnama arkaly sanawdan geçmek mümkin. Onlaýn ýagdaýyndaky ýüzlenmede sanawdan geçirendigi üçin döwlet pajy iň pes iş hakynyň ýarym essesi mukdarynda tölenýär.

Sanawdan geçmek prosesi soragnamany elektron şekilde doldurmak arkaly basgançaklaýyn amala aşyrylýar. Sanawdan geçirmek tamamlanandan soň, size telekeçilik subýekti döwlet sanawyndan geçirilendigi baradaky şahadatnama elektron şekilde berilýär.

## INTERNET ULGAMY ARKALY SANAWDAN GEÇIRMEGIŇ ARTYKMAÇLYKLARY

Siz öz telekeçilik işleriňizi Internet ulgamy arkaly sanawdan geçirseňiz ençeme artykmaçlyklara eýe bolarsyňyz. Şol sanda:

– sanawdan geçirýän organa kagyz görnüşindäki resminamalaryň asyl nusgalaryny tabşyrmak zerurlygy ýitýär;

– arzaçylary sanawdan geçirýän organa, şonuň ýaly-da, sanawdan geçirmäge döwlet pajyny tölemek üçin bankyň kassasyna ýörite barmak zerurlygyndan halas edýär;

– resminamalar Internet arkaly onlaýn tabşyrylanda biznesi sanawdan geçirmek üçin döwlet paçlarynyň stawkalary hut özi baran ýagdaýyna garanda iki esse kem tölenýär;

– biznesi sanawdan geçirmek üçin resminamalary resmileşdirmek we tabşyrmak arzaçy üçin amatly bolan islendik wagtda başlamak, saklap durmak ýa-da gaýtadan başlamak mümkin bolýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## BILÝÄŇIZMI?

Kärhanalar we guramalar ýalňyz döwlet registri maglumatlaryna görä, 2018-nji ýylyň 1-nji ýanwar halatyna sanawa alnan ýuridik taraplaryň sany (fermer we daýhan hojalyklaryndan daşary) 300,2 müňe ýetdi.

Hasaba alnan kärhanalaryň we guramalaryň esasy ülüşi Daşkent şäherinde (20,8%), Daşkent (10,2%), Fergana we Andijan (8,7%) welaýatlarynyň paýyna dogry gelýär.

## BU GYZYKLY...

**Özbegistan «Biznes ýöretmek – 2018» reýtinginde dünýä onlugyna girdi**

Özbegistan Jahan banky toparynyň telekeçilik gurşawyny gowulandyrmak boýunça «Biznes ýöretmek – 2018» (Doing Business – 2018) reýtinginde üçünji gezek dünýäniň öňdebaryjy on döwletiniň hataryndan orun aldy. Bu hakda Jahan bankynyň ýurdumyzdaky wekilhanasynyň metbugat gullugy habar berdi.

...Şu ýylky temasy «Iş orunlaryny döretmek üçin özgertmeler geçirmek» bolan täze hasabatda Özbegistan geçen ýylky 87-nji orundan 13 dereje ýokarlap, 74-nji orny eýeledi.

## BILIMIŇIZI BARLAŇ!

1. Telekeçilik işleriniň döwlet sanawyndan geçirmek näme üçin zerur?
2. Döwlet hyzmatlaryny etmegiň «Ýalňyz äpişge» prinsipi nämäni aňladýar?
3. «Ýalňyz äpişge» merkezi näme?
4. «Ýalňyz äpişge» merkezlerine ýüzlenmegiň nähili ýollary bar?
5. Adaty ýagdaýyndaky ýüzlenme nähili amala aşyrylýar?
6. Onlaýn ýagdaýyndaky ýüzlenme üçin nähili şertler zerur?
7. Siz öz telekeçilik işleriňizi sanawdan geçirmekçi bolsaňyz haýsy ýoldan peýdalanan bolardyňyz? Näme üçin?
8. Onlaýn ýagdaýda sanawdan geçmek prosesi nähili amala aşyrylýar?
9. Internet ulgamy arkaly sanawdan geçirmegiň nähili artykmaçlyklary bar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 15-nji TEMA TELEKEÇILIGIŇ JOGAPKÄRLIGI

Telekeçiler bileleşigi ynsapsyz telekeçilere görä rehimsiz bolmaly. Olara görä, birinji nobatda, döwlet däl, eýsem telekeçileriň özleri gatnaşyk bildirýän we şol gurşawyň arassalygyny üpjün edýän ulgam döretmelidiris.

*Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Ş. Mirziýoýew*

### TELEKEÇINIŇ HUKUGY

Telekeçilik işi bilen meşgullanmazdan öň onuň jogapkärçiligini doly duýmak gerek. Telekeçilik jogapkärligi ilki bilen, kanun resminamalaryn-da kesgitlenip berlen hukuklaryň we borçlaryň ýerine ýetirilmegi arkaly ýüze çykýar.

**Telekeçiniň hukugy** – döwlet tarapyndan telekeçi üçin peý-dalanmagy bellenilen ýa-da rugsat berlen hereketleriň düzgünleriniň toplumy.

Meselem, telekeçiniň esasy hukuklary hökmünde aşakdakylary görkez-mek mümkin:

– kanun resminamalarynda gadagan edilmedik islendik işi amala aşyr-mak;

– emläk hukugy esasynda özüne degişli bolan emläge eýelik etmek, ondan peýdalanmak we oňa hojaýyn bolmak;

– öz işiniň ugurlaryny, harytlar bilen üpjün edijileri we öz harytlarynyň sarp edijilerini özbaşdak ýagdaýda saýlamak;

– ähli önümçilik harajatlarynyň öwezi doldurylyp, salgytlar we başga mejbury tölegler tölenenden soň galan girdejini (peýdany) erkin hojaýynlyk etmek;

– kreditler almak, başga şahslaryň pul serişdelerini hem-de emlägini şertnamanyň şertleri esasynda çekmek;

– daşary ykdysady işi amala aşyrmak.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## TELEKEÇINIŇ BORJY

Telekeçilik jogapkärligi köpräk telekeçi tarapyndan borçlaryň doly we öz wagtynda ýerine ýetirilmegi arkaly ýüze çykýar.

**Telekeçiniň borjy** – döwlet tarapyndan telekeçi üçin berjaý edilmegi ýa-da ýerine ýetirilmegi hökman diýlip bellenilen hereketleriň düzgünleriniň toplumy.

Aşakda telekeçiniň borjunyň käbirleri barada durup geçýäris.

## ŞERTNAMA BORÇLARYNY ÝERINE ÝETIRMEK

Telekeçi öz işlerini dürli subýektler – döwlet edaralary, kärhanalar we guramalar, ýekebara telekeçiler ýa-da raýatlar bilen düzülen şertnamalar esasynda alyp barýar. Şeýle bolýan bolsa, ol ilki bilen şol şertnamalardan gelip çykýan borçlaryny ýerine ýetirmelidir.

Telekeçilerde öz şertnama borçlaryny ýerine ýetirmek jogapkärligi bolmadyk ýagdaýy göz öňüne getirip göreliň. Azyklaryň öz wagtynda ýa-da ýeterli göwrümde ýetirip berilmezligi – ýurtda nyrhlaryň ýiti ýokarlanmagy hem-de açlygyň gelip çykmagyna; kärhanalara çig mallaryň we materiallaryň ýetirip berilmezligi – önümçiligiň gysgalmagy, togtap galmagy, işsizligiň peýda bolmagy we netijede ykdysadyýetiň krizise duçar bolmagyna getirýär.

## TÖLEGLERI ÖZ WAGTYNDA TÖLEMEK

Telekeçi öz işi netijesinde gelip çykýan salgytlary we başga mejbury tölegleri öz wagtynda tölemelidir. Ýogsam, döwlet býujetiniň girdeji böleginiň ýerine ýetirilmezligi we býujet ýetmezçiliginiň peýda bolmagyna getirýär. Netijede, döwlet býujetinden maliýeleşdirilýän kärhanalaryň we guramalaryň maliýe üpjünçiligine putur ýetýär, olaryň işçileri öz wagtynda aýlyk gazanjyny almaýar, pensiýalar we beýleki tölegler gijikýär.

Telekeçi eger öz işinde hakyna tutma zähmetden peýdalansa, işçileriň we işgärleriň iş haky we başga sosial ätiýaçlandyryş töleglerini amala aşyrmaly. Öz wagtynda we zähmetine mynasyp mukdarda iş haky almadyk işçiniň zähmet öndürijiligi peselýär. Netijede başga işe geçmek



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýa-da goşmaça girdeji tapmagyň ýollaryny gözläp başlaýar. Bularyň ählisi telekeçiniň iş netijelerine erbet täsir edýär.

## KANUN RESMINAMALARYNYŇ TALAPLARYNA AMAL ETMEK

Telekeçilik işini guramakda zähmeti goramak hem-de howpsuzlyk tehnikasy, ekologiýa, sanitariýa we gigiýena baradaky kanun resminamalaryň we normatiw resminamalaryň talaplary berjaý edilmelidir. Çünki ýeterli derejede yşyklandyrylmadyk, ýylylyk bilen üpjün edilmedik, öz durmuşyny howp astyna goýmak mümkin bolan şertde işçiler ýokary önüm bilen işläp bilmeýär. Galyberse-de, munuň netijesinde ýüze çykan nähoş ýagdaýlara, bagtsyz hadysalara iş beriji – telekeçi doly jogapkär bolýar.

Ekologiýa, ýagny daşky gurşawyň goragyna üns bermezlik, önümçilik çykyndylaryny ilatly punktlara, suw basseýnlerine taşlamak, zäherli maddanyň ýa-da gazlaryň çykmagynyň öňüni almazlyk, ilki bilen, şu kärhanadaky işçiniň we telekeçiniň, galyberse-de, ähli jemgyýet agzalarynyň saglygyna putur ýetirýär.

## HALAL BÄSDEŞLIK

Başga telekeçiler bilen bäsleşende diňe onuň rugsat edilen (halal bäsdeşlik) görnüşlerinden peýdalanylmagy, şol bir wagtda, sarp edijileriň hukuklaryny goramak hakyndaky kanun resminamalarynyň talaplary berjaý edilmelidir. Öz bäsdeşlerini gorkuzmak, olaryň täjirçilik ýa-da senagat syrlaryny ogurlamaga hereket etmek, emlägine kastdan zyýan ýetirmek, bäsdeşleri döwmek üçin demping nyrh, ýagny önümi özüne düşýän gymmatyndan pes bolan nyrhda satmak ýaly usullar halal däl (haram) bäsdeşlik görnüşleri hasaplanýar. Şeýle bäsdeşligiň giň ýaýramagy ykdysadyýetdäki berkararlygyň bozulmagyna, jemgyýetde bolsa jenaýatçylygyň giňelmegine getirýär.

## DOGRY HASAP ÝÖRETMEK WE HASABAT BERMEK

Telekeçi buhgalteriýa, gyssagly we statistika hasabyny kanun resminamalarynyň talaplaryna laýyklykda ýöretmeli, şonuň ýaly-da, öz işleri baradaky hasabatlary degişli döwlet organlaryna bellenilen tertipde we



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

möhletlerde tabşyrmaly. Dogry hasap ýöretmezlik netijesinde telekeçiniň maliýe netijelerini nädogry görkezmek, peýdany gizlemek arkaly salgydy peselmek halatlary gelip çykmagy mümkin.

## TELEKEÇINIŇ JOGAPKÄRLIGI

Telekeçiniň jogapkärligi bellenilen hukuklara we borçlara amal etmezlik, olary ýerine ýetirmezlik netijesinde peýda bolýar. Telekeçiniň jogapkärligi diýende telekeçi tarapyndan ýerine ýetirilmedik şertnama borçlary, hojalyk subýektleri, sarp edijiler, hakyna tutma işçiler we döwletiň basgylanan hukuklaryny dikeltmäge gönükdirilen belli bir hereketleri amala aşyrmak borjy düşünilýär.

**Telekeçiniň jogapkärligi** – bu telekeçiniň hereketleriniň bellenilen kanun normalary, sosial we ahlak düzgünlere laýyklygy boýunça jogap bermek borjy.

Telekeçiniň jogapkärligi emläk (maddy), administratiw, jenaýat we ahlak görnüşlerde bolmagy mümkin.

Kanuny bozan subýekte görä jogapkärlik ýekebara, toparlaýyn ýa-da kollektiwleýin görnüşlere bölünmegi mümkin. Ýekebara jogapkärlige telekeçilik işleri boýunça öz borçlaryny ýerine ýetirmänligi üçin aýratyn fiziki tarap, toparlaýyn jogapkärlige – fiziki taraplar topary, kollektiwleýin jogapkärlige – ýuridik taraplar eýe bolýar.

### BILIMIŇIZI BARLAŇ!

1. Telekeçilik jogapkärligi näme? Ol nähili halatlar arkaly ýüze çykýar?
2. Telekeçiniň hukugy näme? Ýurdumyzdaky telekeçileriň esasy hukuklaryny sanap beriň.
3. Telekeçiniň borjy näme? Ol telekeçiniň hukugyndan nämesi bilen tapawutlanýar?
4. Näme üçin telekeçi tarapyndan şertnama borçlaryny ýerine ýetirmek zerur hasaplanýar? Şertnamanyň ýerine ýetirilmezligi nähili ýagdaýlara getirýär?
5. Telekeçi tarapyndan salgytlary we başga mejbury tölegleri öz wagtynda tölemezlik nähili netijelere getirmegi mümkin?
6. Telekeçi gol astyndaky işçileriň iş hakyny peseltmek arkaly öz peýdasyny artdyrmagy mümkinmi? Näme üçin?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# III BAP

# KÄRHANANYŇ SERIŞDELERI, HARAJATLARY WE MALIÝE NETIJELERI

## 16-njy TEMA

## KÄRHANANYŇ SERIŞDELERI WE OLARDAN PEÝDALANMAGYŇ NETIJELILIGI






### UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Suratlarda mebel öndürmäge ýöriteleşen kärhananyň serişdeleriniň haýsy şekilleri görkezilen?
2. Şu serişdeleriň haýsylaryny esasy hem-de haýsylaryny dolanyşyk serişdelerine girizmek mümkin? Pikiriňizi esaslandyryň.
3. Kärhananyň serişdelerinden netijeli peýdalanmagyň ýollary nämelerden ybarat diýip oýlaýarsyňyz?

### KÄRHANANYŇ SERIŞDELERI

Hiç üns beripdiňizmi – telekeçi adamdan mälim mukdarda pul berip durmagyny sorasaňyz, ol, adatda, «meniň pullarym dolanyşykda» diýip jogap berýär. Şu jogabyň mazmunyny dolurak düşünmek üçin kärhananyň serişdelerine we olaryň hereketine garap geçeris.

Siz öz telekeçilik işleriňizi alyp barmak üçin täze kärhana açyp bilersiňiz.

**Kärhana** – bu jemgyýetiň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak we peýda gazanmak maksadynda önüm öndürmek, iş ýerine ýetirmek we hyzmat etmek üçin guralan özbaşdak hojalyk ýörediji subýekt.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Kärhananyň işlerini ýola goýmak we ýöretmek üçin serişdeler talap edilýär.

**Kärhananyň serişdeleri** – bu kärhananyň işlerini guramak we amala aşyrmaga hyzmat edýän pul, dürli resurslar we öndürilen harytlar toplumydyr. Bu serişdeler dürli çeşmelerde kapital, fond, serişde ýaly adalgalar bilen hem atlandyrylýar.

## KÄRHANANYŇ SERIŞDELERINIŇ ŞEKILLERI

Amalda kärhananyň serişdeleri üç şekilde bolýar: pul, resurs we haryt.

Pul şeklindäki serişdeler kärhananyň işlerini ýola goýmak üçin zerur resurslary satyn almak ýa-da olardan peýdalananlyk üçin tölegleri amala aşyrmak üçin ulanylýar. Munuň netijesinde pul serişdeleri resurslara ýa-da önümli serişdelere öwrülýär.

**Resurslar** – önümçilik prosesini amala aşyrmak üçin satyn alnan bina, gural-enjamlar, çig mal we materiallar, zähmet resurslary, elektrik energiýasy, suw we başga resurslar şeklindäki serişdelerdir.

Şu resurslar önümçilik prosesinde peýdalanylyp, özüniň bahasyndan köpräk önüm döredeni üçin önümli serişdeler diýip hem ýöredilýär.

Önümçilik prosesinde döredilen önümler haryt, ýagny satmak üçin niýetlenen önüm şeklini alýar.

**Haryt** – bu kärhanada öndürilen we satmaga niýetlenen önüm ýa-da hyzmatlar.

Diýmek, telekeçiniň elinde pul şeklinde bolan serişde öz hereketi dowamynda ilki resurslara, soň bolsa haryda öwrülip, bazarda satylansoň, ýene pul şeklinde telekeçä gaýdyp gelýär. Muny kärhana serişdesiniň (bu ýerde puluň) tegelekleýin aýlanyşy diýilýär.

**Kärhananyň serişdeleriniň tegelekleýin aýlanyşy** – kärhananyň serişdesiniň öz hereketini belli bir (pul, resurs, haryt) şekilden başlap, nobatdaky basgançaklary geçip, ýene özüniň başlangyç şekline gaýtmagy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## KÄRHANA SERIŞDELERINIŇ AÝLANYŞY

Kärhananyň serişdeleriniň tegelekleýin aýlanmagy üzlnüksiz gaýtalanyp, täzelenip durýar. Çünki telekeçi öz serişdesini bir gezek aýlap, ondan alan peýdasy bilen çäklenmeýär. Şu üznüksiz proses **kärhananyň serişdeleriniň aýlanyşy** diýilýär.

**Kärhananyň serişdeleriniň aýlanyşy** – kärhananyň serişdeleriniň tegelekleýin aýlanyşynyň üznüksiz gaýtalanyp, täzelenip durmagy.

Kärhananyň serişdeleriniň düzümindäki dürli resurslaryň aýlanma tizligi tapawutlanýar. Meselem, çig mal we materiallar bir tegelekleýin aýlawdan soň özüniň başlangyç şekline gaýtsa, bina we gural-enjamlar birnäçe tegelekleýin aýlanandan soň özüniň başlangyç şekline gaýdýar.

Şoňa görä, kärhananyň serişdeleri iki bölege: esasy we dolanyşyk serişdelerine bölünýär.

**Esasy serişde** – önümçilik prosesinde uzak möhlet gatnaşyp, öz maddy görnüşini üýtgetmeýän resurs şeklindäki serişde.

**Dolanyşyk serişdeleri** – önümçilik prosesinde bir gezek gatnaşyp, öz maddy görnüşini üýtgedýän resurs şeklindäki serişde.

Esasy we dolanyşyk serişdeleriniň özara tapawudyny aşakdaky jedwel arkaly görmek mümkin.

| **Aýratynlykly tarapy** | **Esasy serişde** | **Dolanyşyk serişdeleri** |
|---|---|---|
| Önümçilik prosesinde gatnaşmagy | – uzak döwür gatnaşýar (meselem, stanok 10 ýyl, bina 50–100 ýyl);<br>– özüniň maddy görnüşini saklap galýar. | – bir gezek gatnaşýar;<br>– özüniň maddy görnüşini ýitip, täze görnüşe geçýär (meselem, deriden aýakgap önümçiligi). |
| Öz bahasyny önümiň bahasyna geçirmegi | – önümiň bahasyna uzak döwrüň dowamynda bölekleýin geçýär. | – önümiň bahasyna bir önümçilik prosesinde doly geçýär. |

Ýokardakylardan görnüşi ýaly, dolanyşyk serişdeleri bir önümçilik prosesinde öz bahasyny önümiň bahasyna doly geçirip, ol satylandan soň ýene gaýtadan satyn almak arkaly dikelmegi mümkin. Meselem, bir jübüt



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

aýakgap öndürmek üçin 60 müň somluk deri sarp edilen bolsa, deriniň bahasy aýakgabyň bahasyna doly goşulýar. Eger aýakgap hyrydara 120 müň soma satylsa, diýmek bu nyrhyň düzüminde 60 müň somluk deriniň bahasy hem bar. Telekeçi aýakgap satmakdan düşen 120 müň somuň 60 müň somuna täze deri çig malyny satyn almak arkaly bu dolanyşyk serişdesini gaýtadan emele getirýär.

Ýöne esasy serişdäni gaýtadan emele getirmek onçakly ýönekeý däl. Çünki esasy serişde düzümindäki bina, desga, gural-enjam, zähmet gurallary uzak möhletiň dowamynda hyzmat edip, olaryň kömeginde köp önümler öndürilýär. Şoňa görä, esasy serişdeler görnüşindäki resurslaryň önümçilik prosesindäki hyzmat möhleti hasaba alnyp, olaryň köneliş bahasy bu möhletiň dowamynda öndürilen önümleriň bahasyna girizip barylýar.

**Esasy serişdäniň könelmegi** – esasy serişdäniň başlangyç bahasynyň barha peselmegi.

Esasy serişdäniň başlangyç bahasynyň barha peselmegi onuň könelişen böleginiň önümiň bahasyna geçirip barylmagy sebäpli bolup geçip, bu proses esasy serişdeleriň amortizasiýasy diýip atlandyrylýar.

**Esasy serişdeleriň amortizasiýasy** – esasy serişdeleriň könelme bahasyny önüm önümçilik harajatlaryna girizip barmak ýoly bilen pul görnüşindäki öweziniň dolmagy.

Amortizasiýa ($A_{goýb}$) pul goýbermesi ($A_{aj}$) ($M_{es}$) esasy serişdäniň şu bahasyny şol bahanyň ($X_d$) hyzmat döwrüne gatnaşygy arkaly anyklanýar:

$$A_{goýb} = \frac{M_{es}}{X_d}$$

Amortizasiýa pul goýbermeleri bellenilen amortizasiýa normasy esasynda goýberilip barylýar. **Amortizasiýa normasy ($A_m$)** esasy serişde bahasy ($M_{es}$) we şu bahanyň hyzmat döwri ($X_d$) bilen köpeltmek hasylyna gatnaşygy hem-de olary göterimde aňlatmak arkaly anyklanýar:

$$A_M = \frac{M_{as}}{M_{as} \times X_d} \times 100\% \text{ ýa-da } A_M = \frac{1}{X_d} \times 100\%$$



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Kärhanada şu ýol bilen ýygylyp barylýan esasy serişdeleriň könelme summasy **amortizasiýa gaznasyny** düzýär.

Aýdaly, kärhana 50 mln. somluk stanok satyn alyndy. Eger stanoguň 10 ýylyň dowamynda hyzmat etmegi nazarda tutulan bolsa, onda bir ýyllyk könelme summasy 5 mln. som, amortizasiýa normasy bolsa 10 göterimi düzýär:

| Ýyllar | Ýylyň başyndaky bahasy | Bir ýyldaky könelmesi | Ýylyň ahyryndaky bahasy | Amortizasiýa gaznasy |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 50 000 000 | 5 000 000 | 45 000 000 | 5 000 000 |
| 2 | 45 000 000 | 5 000 000 | 40 000 000 | 10 000 000 |
| 3 | 40 000 000 | 5 000 000 | 35 000 000 | 15 000 000 |
| 4 | 35 000 000 | 5 000 000 | 30 000 000 | 20 000 000 |
| 5 | 30 000 000 | 5 000 000 | 25 000 000 | 25 000 000 |
| 6 | 25 000 000 | 5 000 000 | 20 000 000 | 30 000 000 |
| 7 | 20 000 000 | 5 000 000 | 15 000 000 | 35 000 000 |
| 8 | 15 000 000 | 5 000 000 | 10 000 000 | 40 000 000 |
| 9 | 10 000 000 | 5 000 000 | 5 000 000 | 45 000 000 |
| 10 | 5 000 000 | 5 000 000 | 0 | 50 000 000 |

Jedweliň maglumatlaryndan görnüşi ýaly, kärhanada her ýyl stanok üçin 5 mln. somluk könelme hasaplanyp, amortizasiýa gaznasyna geçirip barylýar. Netijede, 10 ýyldan soň stanoguň bahasy umuman ýitip, kärhananyň amortizasiýa gaznasynda 50 mln. som pul serişdesi peýda bolýar. Telekeçi indi könelişen stanogy çykaryp taşlamak, ýerine täze stanok satyn almak mümkinçiligine eýe bolýar.

## KÄRHANA SERIŞDELERINDEN PEÝDALANMAGYŇ NETIJELILIGI

Telekeçi üçin öz kärhanasy serişdelerinden peýdalanmak netijeliligini bahalap barmak möhüm hasaplanýar. Munuň üçin ol ençeme görkezijilerden peýdalanmagy mümkin.

**Esasy serişdäniň netijeliligi ($SN_{es}$)** – kärhanada öndürilen önümiň göwrümi ($ÖG$) bilen esasy serişde bahasy ($S_{es}$) arasyndaky gatnaşygy aňladýan görkeziji:

$$SN_{es} = \frac{ÖG}{S_{es}}$$



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Aýdaly, kärhanada 500 mln. somluk esasy serişdeler bar bolup, 2017-nji ýylyň dowamynda 2 mlrd. som möçberinde önüm öndürildi. Onda kärhananyň esasy serişdeleriniň netijeliliginiň görkezijisi 4-i düzýär. Bu kärhananyň her 1 somluk esasy serişdesi 4 somluk önüm öndürmekde gatnaşandygyny aňladýar. Bu görkezijiniň ýokary bolmagy gowy ýagdaý hasaplanýar.

**Esasy serişdäniň sygymy ($SSyg_{es}$)** – esasy serişde netijeliligine ters, ýagny kärhananyň esasy serişdeleriniň bahasy ($S_{es}$) bilen öndürilen önüm göwrümi (ÖG) arasyndaky gatnaşygy aňladýan görkeziji:

$$SSyg_{es} = \frac{S_{es}}{ÖG}$$

Ýokardaky mysal boýunça garalsa, kärhananyň esasy serişdesiniň sygymynyň görkezijisi 0,25-i düzýär. Bu kärhanadaky her 1 somluk önümi öndürmekde 0,25 somluk esasy serişde gatnaşandygyny aňladýar. Şol görkezijiniň pes bolmagy gowy ýagdaý hasaplanýar.

Kärhanada dolanyşyk serişdeden netijeli peýdalanmak önümiň material netijeliligi we material sygymynyň görkezijileri arkaly bahalanýar.

**BILIMIŇIZI BARLAŇ!**

1. Kärhananyň serişdeleri näme?
2. Kärhananyň serişdeleriniň nähili şekilleri bar?
3. Kärhananyň serişdeleriniň tegelekleýin aýlanyşy näme?
4. Kärhananyň serişdeleriniň aýlanyşy tegelekleýin aýlanyşdan nämesi bilen tapawutlanýar?
5. Esasy we dolanyşyk serişdeleriniň bir-birinden tapawudy nämede?
6. Esasy serişdäniň könelişmegi diýende näme düşünilýär?
7. Amortizasiýa normasy nähili hasaplanýar?
8. Kärhananyň serişdelerinden peýdalanmak netijeliligi haýsy görkezijiler arkaly bahalanýar?
9. Esasy serişde netijeliliginiň görkezijisiniň mazmunyny düşündirip beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 17-nji TEMA | BANKYŇ KREDITLERI

Şu maksatda täjirçilik banklary we olaryň ýerlerdäki filiallary, öz mümkinçiliklerinden gelip çykyp, telekeçilere maliýe taýdan kömek we medet bermegi öz üstüne alýar.

Gysga edip aýdýan bolsak, banklar indi halkymyzy telekeçilige, başarnykly adam bolmaga öwretmeli we şoňa eltmeli bolýar.

***Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Ş. Mirziýoýew***










### UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Suratlardan kreditiň mazmun-manysy bilen bagly nähili taraplar görkezilen?
2. Suratdaky sagadyň teswiri nähili manyny aňladýar diýip oýlaýarsyňyz? Kalkulýator nämäni? Öz pikiriňizi düşündirip beriň.

## KREDIT WE ONUŇ PRINSIPLERI

Her bir telekeçi hem öz işlerini ýöretmek üçin ýeterli maliýe serişdesine eýe bolmazlygy mümkin. Ýa-da kärhanany giňeltmek, haýsy-da bolsa bir taslamany amala aşyrmak üçin serişdesi ýetmän galmagy mümkin. Şeýle ýagdaýlarda goşmaça serişde tapmagyň giň ýaýran we netijeli ýoly – bankdan kredit almak hasaplanýar.

**Bankyň krediti** – banklar we ýörite kredit edaralary tarapyndan telekeçilere ýa-da başga şahslara berilýän pul şeklindäki karz.

Kredit bermek ençeme prinsiplere esaslanyp, onuň aşakdaky shema görnüşinde aňlatmak mümkin.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




Şundan görnüşi ýaly, siz bankdan kredit alanda ony nähili maksatda alýandygyňyzy bildirmelisiňiz. Şu maksatdan gelip çykmak bilen kreditiň möhletleri anyklanýar we kredit töleglerini göterimleri kesgitlenilýär. Munda siz alnan kredit we ol boýunça hasaplanan göterimleri öz wagtynda gaýtarylyşyna kepillik bermeli bolýarsyňyz. Köplenç şu kepillik bank tarapyndan berilýän kreditiň summasyndan köpräk bahadaky girew üpjünçiligi arkaly tabşyrylýar.

## KREDITIŇ GÖRNÜŞLERI

Bankyň krediti bilen bir hatarda siz kreditiň başga görnüşleri barada maglumata eýe bolmalysyňyz.

Eger hojalyklarara kredit belli bir harytlaryň tölegini gijikdirmek şeklinde amala aşyrylsa, **täjirçilik krediti** diýip atlandyrylýar.

Gozgalmaýan mülkleri (meselem, ýer, bina) girewe goýmak hasabyna uzak möhlete karz şeklinde berilýän kredite **ipoteka krediti** diýilýär.

**Sarp ediş krediti** – hususy şahslara, birinji nobatda, uzak möhlet peýdalanýan sarp edilýän harytlary (meselem, mebel, awtomobil, telewizor we başgalary) satyn almak üçin mälim möhlete berilýän kredit.

## GÖTERIM STAWKASY

Sizi bankyň kreditinden peýdalanmak ýa-da peýdalanmazlyk baradaky kararyňyza täsir edýän esasy faktorlardan biri – bu kredit boýunça hasaplanýan göterim stawkasydyr.

**Göterim stawkasy** – kredit alyjy tarapyndan tölenýän töleg mukdaryny kredit mukdaryna gatnaşygynyň göterimdäki aňlatmasy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Göterim stawkasyny aşakdaky formula arkaly aňlatmak mümkin:

$$r' = \frac{r}{K_{ssuda}} \times 100$$

bu ýerde:

$r'$ – göterim stawkasy;

$r$ – kredit boýunça töleg mukdary;

$K_{ssuda}$ – kredit mukdary.

Eger-de, siz bankdan 100 müň som mukdaryndaky krediti ýylyna 20 müň som tölemek şerti bilen alan bolsaňyz, şu kreditiň göterim stawkasy 20% -i düzýär. Şundan görnüşi ýaly, göterim stawkasyny dürli, meselem, ýyl, çärýek, aý we başga möhletler üçin hasaplamak mümkin.

## AMALYÝETDE KREDIT GÖTERIMINI HASAPLAMAK WE TÖLEMEK

Häzir bank amalyýetinde kredit göterimini hasaplamak we tölemek esasy karzyň barha kemelmek prinsipinde amala aşyrylýar. Munda alnan kreditiň mukdary bellenilen möhlet, ýagny ýyllary aýlara öwrüp, olaryň sanyna bölünýär we şeýdip kredit göterimi hasaplanyp barylýar. Aýdaly, siz bankdan ýyllyk 20% görnüşinde 1 ýyl möhlete 90 mln. som kredit aldyňyz. Şonda siz kredit tölеglerini aşakdaky tertipde amala aşyrarsyňyz.

| Öý | Kreditiň galyndysy | Kredit boýunça esasy töleg mukdary | Kredit boýunça göterim tölegi mukdary | Kredit boýunça umumy tölegler mukdary |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 90 000 000 | 7 500 000 | 1 800 000 | **9 300 000** |
| 2 | 82 500 000 | 7 500 000 | 1 650 000 | **9 150 000** |
| 3 | 75 000 000 | 7 500 000 | 1 500 000 | **9 000 000** |
| 4 | 67 500 000 | 7 500 000 | 1 350 000 | **8 850 000** |
| 5 | 60 000 000 | 7 500 000 | 1 200 000 | **8 700 000** |
| 6 | 52 500 000 | 7 500 000 | 1 050 000 | **8 550 000** |
| 7 | 45 000 000 | 7 500 000 | 900 000 | **8 400 000** |
| 8 | 37 500 000 | 7 500 000 | 750 000 | **8 250 000** |
| 9 | 30 000 000 | 7 500 000 | 600 000 | **8 100 000** |
| 10 | 22 500 000 | 7 500 000 | 450 000 | **7 950 000** |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 11 | 15 000 000 | 7 500 000 | 300 000 | **7 800 000** |
| 12 | 7 500 000 | 7 500 000 | 150 000 | **7 650 000** |
| | 0 | 90 000 000 | 11 700 000 | **101 700 000** |

## KREDIT ÜPJÜNÇILIGI

Kredit üpjünçiligi – kredit boýunça ylalaşygyň karz alyjy tarapyndan ony bellenilen möhletde gaýtarmak mümkinçiligini artdyrýan goşmaça şerti. Kredit üpjünçiligi hökmünde girew hökmündäki emläkler, dürli guramalaryň kepilleri, üçünji şahsyň kepilligi we başgalar hyzmat etmegi mümkin.

Mysal üçin, «Ýüpek ýoly» AITB-da girew üpjünçiligi hökmünde aşakdakylar kabul edilmegi mümkinligi kesgitläp berlen:

1) emläk (gozgap bolýan we gozgalmaýan mülk) girewi. Girew şekli Özbegistan Respublikasynyň «Girew barada» we «Ipoteka barada»ky kanunlaryna dogry gelýän emläk, zat we emläk hukugy (talapnamalar) şeklinde bolmagy mümkin;

2) täjirçilik banklary ýa-da ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň kepili;

3) üçünji şahsyň kepilligi;

4) alnan kreditiň gaýtmazlyk riskini bankyň peýdasyna ätiýaçlandyrmak barada ätiýaçlandyryş polisi;

5) zergärlik önümleri;

6) kanunda nazarda tutulan başga üpjünçilikler.

## MÜŞDERINIŇ KREDIT ALMAK UKYBYNY BAHALAMAK

Siz kredit almak maksadynda degişli resminamalary banka tabşyranyňyzdan soň bank kredit almak ykybyňyzy bahalap görýär. Çünki müşderä kredit bermek mümkinligi we onuň mukdaryny dogry anyklamak bankyň kreditiniň gaýtarylmagyna mümkinçilik döredýär.

Müşderiniň kredit almak ukybyny bahalamak her bir bank tarapyndan özbaşdak ýagdaýda işlenip taýýarlanan ölçegler we usullar esasynda amala aşyrylýar.

Ilki bilen, bank siziň belli bir döwürde ähli tölegleri amala aşyrandan soňky galýan puluňyzy aşakdaky formula arkaly anyklaýar:

$$SG = AG - HS$$



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

bu ýerde:

*SG* – sap girdeji;

*AG* – alnan girdeji;

*HS* – hemişelik sarplar.

Aýdaly, siziň girdeji salgydy we başga saklanmalardan soňky aýlyk girdejiňiz 1 mln. somy düzýär. Hemişelik sarplar (meselem, kommunal tölegleri, kärende haky we başgalar) mukdary 400 müň som bolsa, onda sap girdejiňiz 600 müň somy düzýär. Alnýan kredit boýunça maglumatlar esasynda siziň kredit almak ykybyňyz koeffisiýentini aşakdaky formula arkaly hasaplamak mümkin:

$$KUK = \frac{SG}{AT}$$

Bu ýerde:

*KUK* – kredit almak ukybyň koeffisiýenti;

*SG* – sap girdeji;

*AT* – her aýlyk tölegler.

Aýdaly, siziň kredit boýunça her aýlyk tölegleriňiz 300 müň som bolsa, onda kredit almak ykybyňyz koeffisiýenti 2-ä deň bolýar. Ýagny, siziň sap girdejiňiz kredit boýunça her aýlyk tölegleriňizi 2 esse ödeýär. Bank şu koeffisiýenti bu barada özi kesgitlän norma deňeşdirip görýär we netije gowy bolsa, bahalamagyň soňky basgançaklaryna geçýär.

**BILIMIŇIZI BARLAŇ!**

1. Bankyň krediti näme?
2. Kredit bermegiň nähili prinsipleri bar?
3. Kreditiň nähili görnüşlerini bilýärsiňiz? Her bir görnüşiniň mazmunyny gysgaça düşündiriň.
4. Kreditiň we lizingiň özara tapawudy nämede?
5. Göterim stawkasy näme we ol nähili aňladylýar?
6. Häzirki günde bankyň amalyýetinde kredit göterimini hasaplamak we tölemek nähili amala aşyrylýar?
7. Kredit üpjünçiligi näme üçin zerur?
8. Müşderiniň kredit almak ukybyny bahalamak näme üçin zerur?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 18-nji TEMA KÄRHANANYŇ HARAJATLARY

## ÖNÜMÇILIK HARAJATLARY

Telekeçilik işiniň üstünligi harajatlary dogry planlaşdyrmaga we amala aşyrmaga bagly. Meselem, siz haýsy-da bolsa bir önümi öndürmek üçin çig mal, esasy we kömekçi materiallar, ýangyç we energiya, amortizasiýa, iş haky we sosial ätiýaçlandyryşa pul goýbermeler, göterim tölegleri we başga harajatlar bilen gabat gelmegiňiz mümkin. Önümi öndürmek we ony sarp edijilere ýetirmek boýunça ähli sarplara umumy harajatlar diýilýär.

Umumy harajatlar ikä bölünýär:
– önümçilik harajatlary;
– dolanyşyk harajatlary.

**Önümçilik harajatlary** – önümi gönüden-göni öndürmek üçin edilýän sarplar.

Olaryň düzümine ýokarda getirip geçilen iş haky, çig mal we material sarplary, amortizasiýa we başgalary girizmek mümkin.

**Dolanyşyk harajatlary** – önümleri öndürijiden alyp, sarp edijä ýetirmek bilen bagly sarplar.

Dolanyşyk harajatlary iki topara bölünýär: goşmaça dolanyşyk harajatlary we sap dolanyşyk harajatlary.

**Goşmaça dolanyşyk harajatlary** – önümleri dolamak, gaplamak, saýlamak, transporta ýüklemek, daşamak we saklamak bilen bagly sarplar. Dolanyşyk harajatlarynyň bu görnüşleri önümçilik harajatlarynyň dowamy hasaplanyp, önümiň bahasynyň düzümine girýär we ony artdyrýar. Harajatlar harytlar satylandan soň alnan pul düşewüntiniň summasyndan öwezi doldurylýar.

**Sap dolanyşyk harajatlary** – satyjynyň aýlygy, marketing, reklama we şular ýalylar bilen bagly sarplar. Sap dolanyşyk harajatlary önümiň bahasyny artdyrmaýar. Olar önüm satylandan soň alnan peýda hasabyndan öwezi doldurylýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## BUHGALTERIÝA WE YKDYSADY HARAJATLAR

Kärhana önümçilik prosesinde öz resurslaryndan ýa-da çekilen resurslardan peýdalanmagy mümkin. Şundan gelip çykmak bilen, harajatlar içki ýa-da daşky harajatlara bölünýär.

**Daşky harajatlar** – kärhana işleri üçin zerur resurslary we hyzmatlary daşardan töleg esasynda çekmegi netijesinde emele gelýän harajatlar.

Meselem, siziň çig mal we materiallar, transport hyzmaty üçin tölegiňiz daşky harajat hasaplanýar. Daşky harajatlar töleg resminamalary bilen resmileşdirilýändigi sebäpli buhgalteriýa harajatlary diýip hem atlandyrylýar.

**Içki harajatlar** – kärhananyň ýa-da telekeçiniň özüne degişli bolan resurslardan peýdalanmak bilen bagly harajatlar.

Şeýle harajatlar üçin pul tölegleri amala aşyrylmaýar. Içki harajatlar şu resurslaryň bahasyny şoňa meňzeş resurslaryň bazardaky nyrhlaryna deňeşdirmek arkaly bahalanýar.

Içki we daşky harajatlary tapawutlandyrmak kärhananyň ykdysady işiniň netijeliligini artdyrmagyň ýollaryny deňeşdirme derňemek mümkinçiligini berýär.

## HEMIŞELIK WE ÜÝTGÄP DURÝAN HARAJATLAR

Önümçilik göwrüminiň üýtgemegine täsir etmegine ýa-da etmezligine garap harajatlar hemişelik we üýtgäp durýan harajatlara bölünýär.

**UMUMY HARAJATLAR**

| Hemişelik harajatlar |
|---|
| Kärhananyň töleg borçlary |
| Salgytlar |
| Amortizasiýa pul goýbermeleri |
| Kärende haky |
| Gorag gullugy harajatlary, işgärleriň aýlygy we ş.m. |

| Üýtgäp durýan harajatlar |
|---|
| Çig mal |
| Material |
| Ýangyç |
| Transport hyzmaty |
| Işçileriň iş haky we şular ýalylar üçin harajatlar |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Hemişelik harajatlar** (FC-fixed cost) – önüm öndürmegiň göwrüminiň üýtgemegine bagly bolmadyk harajatlar.

Meselem, bina üçin kärende haky, reklama üçin töleg, garawul ýa-da başga tehniki işgärleriň iş haky hemişelik harajatlara girýär.

**Üýtgäp durýan harajatlar** (VC-variable cost) – önüm öndürmegiň göwrüminiň üýtgemegine bagly harajatlar.

Meselem, çig mal, materiallar, işçileriň iş haky üýtgäp durýan harajatlar hasaplanýar.

Önümçiligiň her bir derejesinde hemişelik we üýtgäp durýan harajatlaryň jemi **umumy ýa-da ähli harajatlary** (TC-total cost) düzýär.

Hemişelik (FC), üýtgäp durýan (VC) we ähli (TC) harajatlary grafik arkaly aňlatmak mümkin.




## UMUMY, ORTAÇA WE ARAÇÄK HARAJAT

Telekeçi önüm birligini öndürmäge edilýän sarp-harajatlary hasaplamak üçin ortaça umumy, ortaça hemişelik we ortaça üýtgäp durýan harajatlary bilmelidir.

**Ortaça umumy harajatlar** – ähli (umumy) harajatlaryň öndürilen önümiň mukdaryna gatnaşygyny aňladýar:

$$AC = \frac{TC}{Q}$$

bu ýerde: *AC* (average cost) – ortaça umumy harajatlar;

*TS* – ähli (umumy) harajatlar;

*Q* (quantity) – öndürilen önümiň mukdary.

**Ortaça hemişelik harajatlar** hemişelik harajatlaryň öndürilen önümiň mukdaryna gatnaşygy bilen anyklanýar:

$$AFC = \frac{FC}{Q}$$

Bu ýerde: *AFC* (average fixed cost) – ortaça hemişelik harajatlar;

*FC* – hemişelik harajatlar summasy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ortaça üýtgäp durýan harajatlar** üýtgäp durýan harajatlaryň öndürilen önüm mukdaryna gatnaşygy bilen anyklanýar:

$$AVC = \frac{VC}{Q}$$

Bu ýerde: *AVC* (average variable cost) – ortaça üýtgäp durýan harajatlar;
*VC* – üýtgäp durýan harajatlar summasy.

Şonuň ýaly-da, ortaça umumy harajatlary ortaça hemişelik we ortaça üýtgäp durýan harajatlaryň jemi hökmünde hem aňlatmak mümkin:

$$AC = AFC + AVC$$

Iň ýokary derejede peýda gazanmak üçin haryt öndürmegiň zerur mukdaryny anyklamak zerur. Munda araçäk harajatdan peýdalanylýar.

**Araçäk harajat –** önümiň nobatdaky birligini öndürmek bilen bagly goşmaça harajat:

$$MC = \frac{\Delta TC}{\Delta Q}$$

Bu ýerde: MC (marginal cost) – araçäk harajat;
ΔTS – umumy harajatlaryň üýtgemegi;
ΔQ – önüm mukdarynyň üýtgemegi.

**BILIMIŇIZI BARLAŇ!**

1. Önümçilik harajatlary näme? Olar düzümine nämeleri girizmek mümkin?
2. Nähili sarplar dolanyşyk harajatlarynyň düzümine girizilýär?
3. Näme sebäpden harajatlar içki ýa-da daşky harajatlara bölünýär?
4. Näme sebäpden daşky harajatlar buhgalteriýa harajatlary diýip atlandyrylýar?
5. Hemişelik harajatlar we üýtgäp durýan harajatlara mysallar getiriň.
6. Aşakdaky maglumatlar esasynda jedweliň boş öýjüklerini dolduryň.

| Q | TC | FC | VC | MC | ATC | AVC | AFC |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 0 | 60 | | | | | | |
| 1 | 130 | | | | | | |
| 2 | 180 | | | | | | |
| 3 | 240 | | | | | | |
| 4 | 300 | | | | | | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 19-njy TEMA ÖNÜMIŇ ÖZÜNE DÜŞÝÄN GYMMATY

### ÖZÜNE DÜŞÝÄN GYMMAT DÜŞÜNJESI

Telekeçi özi öndüren önümi satmak arkaly peýda görmäge çalyşýar. Ýöne munuň üçin ol öz önümi näçä düşendigi, ýagny onuň özüne düşýän gymmaty barada maglumata eýe bolmalydyr.

**Özüne düşýän gymmat** – önüm öndürmek we satmak harajatlarynyň puldaky aňlatmasy.

Diýmek, şundan görnüşi ýaly, önümiň özüne düşýän gymmatyny anyklamak üçin ony öndürmäge we satmaga edilen sarp-harajatlary gowy bilmelidir. Emma önümiň özüne düşýän gymmatyny dogry anyklamak hem çylşyrymly proses hasaplanýar. Çünki özüne düşýän gymmatyň özi dürli görnüşlere eýe bolup, olary hasaplamakda özboluşly taraplary hasaba almaly bolýar.

### ÖZÜNE DÜŞÝÄN GYMMATYŇ GÖRNÜŞLERI

Özüne düşýän gymmatyň öndürmek özüne düşýän gymmaty, doly özüne düşýän gymmat, araçäk özüne düşýän gymmat ýaly görnüşleri bar.

Önümçiligiň özüne düşýän gymmaty önüm öndürmek bilen bagly harajatlaryň jemidir. Ol öz içine öndürmegi guramakdan başlap tä taýýar önümiň ammara gelip düşýänçe proseslerdäki harajatlary öz içine alýar.

Doly özüne düşýän gymmat önüm öndürmek we ony satmak bilen bagly harajatlaryň jemidir. Ýagny, ol önümçiligiň özüne düşýän gymmaty hem-de önümi satmak bilen bagly täjirçilik harajatlaryndan ybarat.

Araçäk özüne düşýän gymmat – bu her bir nobatdaky öndürilen önüm birliginiň özüne düşýän gymmaty. Mysal üçin, siz 20 sany önüm öndüreniňizde umumy harajatlar 100 000 som boldy. Bu ýagdaýda bir önümiň özüne düşýän gymmaty 5 000 soma dogry gelýär. Aýdaly, siz ýene bir sany goşmaça önüm öndürmekçi bolduňyz. Munuň netijesinde siziň umumy harajatyňyz 104 000 som boldy. Şundan görnüşi ýaly, önümiňiziň araçäk özüne düşýän gymmaty 4 000 som bolupdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Önümçiligiň özüne düşýän gymmaty** – önüm öndürmek prosesi bilen bagly harajatlaryň jemi.

**Doly özüne düşýän gymmat** – önüm öndürmek we ony satmak bilen bagly harajatlaryň jemi.

**Araçäk özüne düşýän gymmat** – her bir nobatdaky öndürilen önüm birliginiň özüne düşýän gymmaty.

**Täjirçilik harajatlary** – önümi satmak bilen bagly bolan, ýagny ony gaplamak, daşamak we reklama etmek harajatlary.

## ÖNÜMIŇ ÖZÜNE DÜŞÝÄN GYMMATYNY HASAPLAMAK

Önümiň özüne düşýän gymmatyny hasaplamak özüne düşýän gymmaty kalkulýasiýa etmek diýip hem ýöredilýär.

**Kalkulýasiýa** – latynça «*calculatio*» diýen sözden alnan bolup, hasap, hasap-hesip diýen manylary aňladýar. Bu önüm birligine dogry gelýän önümçilik harajatlarynyň pul şeklindäki hasap-hesibi.

Özüne düşýän gymmaty kalkulýasiýa etmek öndürmek göz öňünde tutulýan önümiň plan özüne düşýän gymmatyny ýa-da döredilen önümiň hakyky özüne düşýän gymmatyny anyklamaga mümkinçilik berýär.

Kalkulýasiýa etmek önümçilik harajatlarynyň belli bir maddalary boýunça amala aşyrylýar. Aşakda onuň käbir esasy maddalaryna garap geçeris:

**1) çig mallar we materiallar.** Bular öndürmek göz öňünde tutulýan önümiň esasyny düzýär. Çig mal entek adamyň täsiri uly bolmadyk, material bolsa mälim derejede gaýtadan işlenenden soň maddalar hasaplanýar. Mysal üçin, mebel öndürmekde agaç çig mal hasaplansa, ondan taýýarlanan tagtalar material hasaplanýar;

**2) gaýtarylan çykyndylar.** Önümçilik prosesinde emele gelen çykyndylaryň bahasy anyklanyp, harajatlaryň bahasyndan çykaryp taşlanýar. Meselem, mebel öndürmekde kiçi tagta bölekleri, agajyň ýonuşgalarynyň bahasy önümiň özüne düşýän gymmatyndan aýryp taşlanýar;



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**3) ýarym taýýar önümler we satyn alynýan zatlar.** Daşardan satyn alynýan we önümi taýýarlamakda ulanylýan zatlar. Meselem, şkafyň tutawaçlary, olar gapysyna ornaşdyrylan gulplar şolara degişlidir;

**4) ýangyç we energiya.** Önümçilik prosesinde kömür, nebit, benzin ýaly ýangyç, elektrik, gaz, bug ýaly energiýa çeşmelerinden peýdalanmak mümkin;

**5) esasy serişdeleriň amortizasiýasy.** Önümçilikde esasy serişdeleriň könelişen bölegi önümiň özüne düşýän gymmatyna goşulyp barylýar;

**6) iş haky we ätiýaçlandyryş pul goýbermeleri.** Işçilere tölenen iş haky we oňa görä hasaplanan ätiýaçlandyryş pul goýbermeleri önümiň özüne düşýän gymmatyna goşulýar;

**7) önüm satuw harajatlary.** Önümi gaplamak, daşamak we reklama etmek harajatlary hem önümiň özüne düşýän gymmatyna goşulýar.

## ÖNÜMIŇ ÖZÜNE DÜŞÝÄN GYMMATYNY PESELTMEGIŇ MÜMKINÇILIKLERI

Önümiň özüne düşýän gymmatyny anyklamak we onuň düzümini derňemek özüne düşýän gymmaty peseltmek mümkinçiliklerini tapmaga kömek edýär. Umumy ýagdaýda özüne düşýän gymmaty peseltmek mümkinçilikleri hökmünde aşakdakylary görkezmek mümkin:

– esasy kapitaldan netijeli peýdalanmak;
– dolanyşyk kapitalyndan netijeli peýdalanmak;
– öndürmegi netijeli guramak;
– daşky mümkinçilikler.

**Esasy kapitaldan netijeli peýdalanmagyň** aşakdaky ýollary bar: önümçilik tehnologiýasyny kämilleşdirmek; önümçiligi awtomatlaşdyrmak we mehanizasiýalaşdyrmak; önümçilik kuwwatlaryny doly işe düşürmek.

**Dolanyşyk kapitalyndan netijeli peýdalanmak** aşakdakylary talap edýär: materiallardan ýitgileriň öňüni almak; olary tygşytly ulanmak; materialyň sarplaryny normalar esasynda amala aşyrmak.

**Önümçiligi netijeli guramak** aşakdaky çärelerden ybarat bolmagy mümkin: işleýänleriň başarnygyny artdyrmak; zähmeti ylmy esasda guramak; zähmeti norma esasynda guramak we höweslendirmek.

Önümiň özüne düşýän gymmatyny peseltmegiň **daşky mümkinçilikleri** hökmünde çig mallaryň we materiallaryň nyrhyny peseltmek;



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

salgyt ýüküni gysgaltmak; önümçiligi ýöriteleşdirmek we kooperasiýa ýalylary görkezmek mümkin.

### BILIMIŇIZI BARLAŇ!

1. Özüne düşýän gymmat näme? Ony dogry hasaplamak nähili ähmiýete eýe?
2. Özüne düşýän gymmatyň nähili görnüşleri bar?
3. Önümçiligiň özüne düşýän gymmaty öz içine nähili harajatlary alýar?
4. Doly özüne düşýän gymmat nähili harajatlardan ybarat?
5. Araçäk özüne düşýän gymmat nämäni aňladýar? Ony bilmek telekeçä näme üçin zerur diýip oýlaýarsyňyz?
6. Önümiň özüne düşýän gymmatyny hasaplamak nähili amala aşyrylýar?
7. Kalkulýasiýa sözüniň manysy näme?

## TEMA BOÝUNÇA AMALY ÝUMUŞLAR WE MAŞKLAR

1. Aşakdaky jedwelde getirilen mebel önümçilik prosesinde önümiň özüne düşýän gymmatyny kalkulýasiýa etmek maglumatlary esasynda doly özüne düşýän gymmaty anyklaň!

| T/n | Harajatlaryň düzümi | Önüm birligine dogry gelýän harajatlar, som |
|---|---|---|
| 1 | Çig mal we materiallar | 1 000 000 |
| 2 | Gaýtarylan çykyndylar | 100 000 |
| 3 | Ýarym taýýar önümler we satyn alynýan zatlar | 100 000 |
| 4 | Ýangyç we energiya | 30 000 |
| 5 | Esasy serişdeleriň amortizasiýasy | 20 000 |
| 6 | Iş haky we ätiýaçlandyryş pul goýbermeleri | 200 000 |
| 7. | Önüm satmak harajatlary | 50 000 |

2. Jedwelde getirilen maglumatlar esasynda boş öýjükleri dolduryň.

| Q | FC | VC | TC | AC | Araçäk özüne düşýän gymmat |
|---|---|---|---|---|---|
| 10 | 100 000 | | 180 000 | | |
| 11 | | 87 000 | | | |
| 12 | | | | 16 500 | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 20-nji TEMA KÄRHANANYŇ MALIÝE NETIJELERI

## UMUMY GIRDEJI WE PEÝDA

Telekeçini herekete ündeýän sebäplerden biri – bu peýda gazanmaga ymtylmadyr. Peýda göwrümi nähili derejede uly bolsa, bu telekeçi üçin öz zerurlyklaryny dolurak kanagatlandyrmak we işlerini ýene-de giňeltmäge mümkinçilik döredýär.

Telekeçilik peýdasyny anyklamak üçin umumy girdeji düşünjesini hem tapawutlandyrmaly.

**Umumy girdeji** – önüm öndürmek we hyzmat etmek netijesinde alnan pul serişdeleriniň mukdary.

Kärhanalarda harytlary we hyzmatlary satmakdan alnan umumy girdeji umumy düşewünt diýip hem atlandyrylýar. Umumy girdejini (düşewünt) aşakdaky formula bilen aňlatmak mümkin:

$$TR = P \times Q$$

Bu ýerde:

*TR* (total revenue) – önümi satmakdan alnan umumy girdeji;

*P* (price) – önümyň nyrhy;

*Q* (quantity) – önümiň mukdary.

Aýdaly, siz kärhanaňyzda bir aýyň dowamynda 100 müň sany depder işläp çykardyňyz. Her bir depderiň nyrhy 1 000 som. Eger ähli depderler satylan ýagdaýda, kärhanaňyzyň bir aýlyk pul düşewündi 100 mln. soma (100 000 × 1000) deň bolýar.

Ýöne kärhananyň pul düşewüntleri onuň işleriniň netijeliligine baha berip bilmeýär. Çünki bu pul düşewüntleri nähili harajatlaryň öwezine alnandygyny görkezmeýär. Şoňa görä, pul düşewüntleriniň harajatlardan bölüp alnan bölegi – peýda möhüm orun tutýar. Ol aşakdaky ýaly anyklanýar.

$$Pr = TR - TC$$

Bu ýerde:

*Pr* (profit) – peýda;



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**TR** (total revenue) – önümi satmakdan alnan umumy girdeji (düşewünt);
**TC** (total cost) – umumy harajatlar.

**Peýda** – kärhananyň pul girdejilerinden ähli harajatlar çykaryp taşlanandan soň galan položitel tapawut.

Ýokardaky mysalda görkezip geçilişi ýaly, siziň kärhanaňyzda depder öndürmegiň bir aýlyk harajatlary 60 mln. som bolan bolsun. Onda, kärhanaňyzyň bir aýlyk peýdasy 40 mln. soma (100 mln. – 60 mln.) deň bolýar.

Şu ýerde, peýda gazanmak üçin pul girdejileri harajatlardan köp bolmalydygyny, ýagny olaryň arasyndaky tapawut gowy ähmiýete eýe bolmalydygyny nygtamak gerek. Çünki käbir halatlarda harajatlar pul girdejilerinden aşyp gidip, netije otrisatel görkezijä eýe bolmagy-da mümkin. Şu ýagdaý zyýan diýip atlandyrylýar. Meselem, kärhanaňyzyň bir aýlyk pul düşewünti 100 mln. som bolmak bilen, harajatlaryňyz 110 mln. som bolsa, siz peýdanyň ýerine 10 mln. somluk zyýan çeken bolýarsyňyz. Şonuň üçin kärhananyň harajatlaryny hemişelik ýagdaýda gözegçilik edip barmak möhüm hasaplanýar.

## PEÝDANYŇ PAÝLANYŞY

Siziň kärhanaňyzyň ilkinji maliýe netijesi umumy peýda görnüşinde bolýar. **Umumy peýda** – bu umumy girdeji ýa-da girdejiden önümçilik harajatlarynyň tapawudydyr. Ýöne siz entek umumy peýdany doly öz ygtyýaryňyza görä ulanyp bilmeýärsiňiz. Munuň üçin, ilki bilen, kärhananyň umumy peýdasyny paýlamak zerur bolýar.






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Birinji nobatda umumy peýdadan başga ykdysady subýektlere dürli tölegler amala aşyrylýar. Bu töleglere başgalaryň ýerlerinden we binalaryndan peýdalananlygy üçin kärende haky, karzyna alnan pul serişdeleri üçin tölenýän göterimi girizmek mümkin. Şundan daşary, kärhanalar döwlet we ýerli häkimiýet organlarynyň býujetine salgytlar töleýärler, dürli haýyr-sogap we başga fondlara serişdeler girizýärler. Serişdeleriň galan bölegi kärhananyň sap peýdasyny düzýär.




Öz nobatynda sap peýda hem paýlanýar. Sap peýdadan kärhananyň önümçilik we sosial zerurlyklaryna, şonuň ýaly-da, toplamaga (önümçiligi giňeltmäge), daşky gurşawy goramaga, işgärleri taýýarlamaga we gaýtadan taýýarlamaga we başga maksatlara sarplanýar.

## YKDYSADY PEÝDA WE BUHGALTERIÝA PEÝDASY

Öňki temalarda içki we daşky harajatlaryň özara tapawudyna garap geçipdik. Şundan gelip çykmak bilen, ykdysady peýda we buhgalteriýa peýdasyny özara tapawutlandyrmaly.

**Ykdysady peýda** – umumy pul düşewünti bilen ähli içki we daşky harajatlaryň tapawudy.

**Buhgalteriýa peýdasy** – umumy pul düşewünti bilen daşky harajatlaryň tapawudy.

Şu sebäpli buhgalteriýa peýdasy ykdysady peýdadan içki harajatlaryň mukdaryna köpräkdir.

Buhgalteriýa peýdasy = Umumy pul düşewünti − Daşky harajatlar



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Kärhana umumy pul düşewünti düzümindäki umumy we buhgalteriýa harajatlary hem-de peýdasynyň tapawutlanýandygyny aşakdaky teswir arkaly has aýdyň göz öňüne getirmek mümkin.

Ykdysady peýda = Umumy pul düşewünti − Daşky harajatlar − Içki harajatlar

## RENTABELLIK

Siziň kärhanaňyzyň işleriniň maliýe netijelerini bahalamak üçin peýda gazanmagyň özi ýeterli däl. Çünki alnan peýdanyň göwrümi kärhananyň işleriniň gerimi barada doly maglumat berip bilmeýär. Şoňa görä, peýdanyň göwrümini ony almak maksadynda amala aşyrylan önümçilik harajatlaryna deňeşdirilmegi maliýe netijäni dogry bahalamaga mümkinçilik berýär. Bu görkeziji rentabellik diýip atlandyrylýar.

**Rentabellik** – peýdanyň göwrüminiň önümçilik harajatlaryna gatnaşygynyň göterimdäki aňlatmasy.

Siz öz kärhanaňyzyň işleriniň rentabelligini hasaplamakçy bolsaňyz, onda aşakdaky formuladan peýdalanyp bilersiňiz:

$$R = \frac{Pr}{TC} \times 100\%$$

bu ýerde: $R$ – rentabellik; $Pr$ – peýdanyň göwrümi; $TC$ – önümçilik harajatlary.

Aýdaly, siziň kärhanaňyzda depder öndürmekden alnan peýdanyň göwrümi 24 mln. som, önümçilik harajatlary bolsa 60 mln. som bolsa, rentabellik derejesi 40%-i (24 mln. som / 60 mln. som)×100%) düzýär.

Rentabellik öndürilýän önümiň göwrümine göni proporsional hem-de önümçilik harajatlaryna ters proporsionaldyr. Şu sebäpli rentabellik kärhananyň iş netijeliliginiň integral görkezijisi hasaplanýar.

Peýdanyň artmagyna, çykarylýan önümiň umumy göwrümi üýtgetmezden iki ýol bilen: 1) önümçilik harajatlaryny kemeltmegiň hasabyna; 2) nyrhy artdyrmagyň hasabyna gazanmak mümkin.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÖNÜMÇILIGIŇ ZYÝANSYZLYK NOKADY

Telekeçi öz işlerini üstünlikli ýöretmegi üçin önümçilik harajatlary bilen önümi satmak göwrüminiň arasyndaky gatnaşyga üns bermelidir. Munuň üçin ol önümçiligiň zyýansyzlyk nokadyny anyklap bilmelidir.

**Önümçiligiň zyýansyzlyk nokady** – bu önümi satmakdan alnan girdejiler önümçilik harajatlaryny doly ödän halatdyr. Bu nokatda peýdanyň göwrümi nola deň bolýar.

Önüm göwrüminiň önümçiligiň zyýansyzlyk nokadyndan aşmagy – peýda gazanmaga, peselmegi bolsa – zyýan çekmäge getirýär.

Önümçiligiň zyýansyzlyk nokadyny anyklamak üçin telekeçi özüniň hemişelik we üýtgäp durýan harajatlarynyň göwrümini bilmeli. Şu harajatlaryň mazmuny bilen siz 18-nji temada tanşypdyňyz.

Zyýansyzlyk nokadyny iki hili – natural we baha ölçeglerde hasaplamak mümkin. Natural ölçegdäki önümçilik göwrüminiň zyýansyzlyk nokady aşakdaky formula arkaly hasaplanýar:

$$BEPu = \frac{FC}{P-AVC}$$

Bu ýerde:

$BEP_U$ (break-even point in units) – natural ölçegdäki önümçilik göwrüminiň zyýansyzlyk nokady;

$P$ – önümiň nyrhy;

$AVC$ – önüm birligine dogry gelýän üýtgäp durýan harajatlar;

$FC$ – hemişelik harajatlar.

Eger önümiň nyrhy 400 som bolsa, kärhana diňe özüniň harajatlaryny öwezini dolmak üçin 3750 sany önüm öndürmeli bolýar. Önüm öndürmek we satmak göwrümini şu mukdardan artdyrmak peýda gazanmak üçin mümkinçilik döredýär.

Baha ölçegindäki önümçilik göwrüminiň zyýansyzlyk nokady aşakdaky formula arkaly hasaplanýar:

$$BEPv = \frac{TR \times FC}{TR - VC}$$



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Bu ýerde:

*BEP*$_V$ (break-even point in welue) – baha ölçegindäki önümçilik göwrüminiň zyýansyzlyk nokady;

*TR* – önümi satmakdan düşen düşewünt;




*VC* – üýtgäp duryan harajatlar.

Ýokardaky mysalyň maglumatlaryndan görnüşi ýaly, önüm öndürmegiň baha ölçegindäki zyýansyzlyk nokady $BER_V = 400 \times 3750 \times 300\ 000/(400 \times 3750 - 320 \times 3750) = 1500000$ somy düzýär.

## BANKROTLYK

Eger siziň kärhanaňyzyň işleriniň maliýe netijeleri üznüksiz ýagdaýda zyýan bilen tamamlanýan bolsa, onda bankrotlyk ýa-da ykdysady garyplyk halaty emele gelmegi mümkin. Kärhanany bankrot diýip hasaplamak üçin bankrotlyk alamatlary emele gelmelidir. Kanuna görä, kärhananyň üç aýyň dowamynda öz karzlaryny we mejbury tölegler boýunça borjuny ýerine ýetirip bilmezligi onuň bankrotlyk alamatlary diýlip ykrar edilýär.

### BILIMIŇIZI BARLAŇ!

1. Kärhananyň peýdasy nähili anyklanýar?
2. Kärhananyň peýdasy nähili paýlanýar?
3. Kärhananyň peýdasyny artdyrmagyň nähili ýollary bar?
4. Önümçiligiň zyýansyzlyk nokady nähili anyklanýar?



Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE
*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 21-nji TEMA TELEKEÇILIGI SALGYDA ÇEKMEK

Ähli biznes toparlary üçin salgyt ýüküni kemeltmek we amatly etmek, şu esasda önümçiligi we salgyda çekilýän bazany giňeltmek zerurdyr.

Öz zerurlygy üçin obýektler guryan, täze döredilen kiçi we orta telekeçilik subýektlerine ýalňyz salgyt tölegini mälim möhlete gijikdirmek hukugy berilmelidir. Şonuň ýaly-da, kiçi kärhanalar üçin goşmaça baha salgydyny tölemäge geçmegi hökman höweslendirmeli.

***Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Ş. Mirziýoýew***

### SALGYTLAR WE BAŞGA MEJBURY TÖLEGLER

Özbegistan Respublikasynyň täze redaksiýadaky «Telekeçilik işleri erkinliginiň kepilleri barada»ky kanunynyň 9-njy maddasynda telekeçilik işiniň subýektleriniň borçlary hatarynda salgytlary we başga mejbury tölegleri tölemek kesgitlenen. Salgyt kodeksinde salgytlar we başga mejbury tölegler düşünjeleriniň mazmuny aşakdaky ýaly beýan edilen.

Salgytlar diýende şu Kodeksde bellenilen, belli bir mukdarlarda töledilýän, üznüksiz, gaýtaryp berilmeýän we hoşniýetli aýratynlyga eýe bolan, býujete gönükdirilen mejbury pul tölegleri düşünilýär.

Başga mejbury tölegler diýende şu Kodeksde bellenilen döwlet maksatly gaznalaryna mejbury pul tölegleri, gümrük tölegleri, şonuň ýaly-da ygtyýarly organlar hem-de wezipeli şahslar tarapyndan ýuridik ähmiýete eýe bolan hereketleri töleýjilere görä amala aşyrmak üçin, şol sanda belli bir hukuklary ýa-da lisenziýalary we başga rugsat beriji resminamalary bermek üçin tölenmeli bolan ýygymlar, döwlet pajy düşünilýär.

***Özbegistan Respublikasynyň Salgyt kodeksi, 12-nji madda***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Diýmek, salgyt – bu döwletiň öz wezipelerini amala aşyrmagy üçin zerur bolan maliýe serişdelerini şekillendirmek maksadynda fiziki we ýuridik şahslardan býujete mejbury tölegleri töletmek şekli.

## SALGYT SALMAGYŇ UMUMBELLENILEN WE ÝÖNEKEÝLEŞDIRILEN TERTIBI

Öz telekeçilik işini başlan her bir telekeçi salgytlary hasaplamak we tölemek boýunça ýeterli bilime eýe bolmalydyr. Çünki salgytlar öz häsiýetine görä telekeçi üçin harajat mazmunyna eýe bolup, onuň maliýe netijelerine duýarly täsir edýär. Şoňa görä, özi töleýän salgytlary öňünden planlaşdyrmazlyk telekeçilik işlerine-de erbet täsir etmegi mümkin.

Ilki bilen telekeçi özi üçin salgyt salmagyň nähili tertibinden peýdalanmak makullygyny anyklamalydyr. Umuman alanda, telekeçilik subýektleri iki hili görnüşde salgyda çekilmegi mümkin:

1) umumbellenilen tertipde;
2) ýönekeýleşdirilen tertipde.

Birinji tertip ähli umumbellenilen salgytlary hasaplap çykarmakda we tölemekde ulanylýar. Munda her bir salgyt görnüşi boýunça aýratyn hasap-hesip işleri amala aşyrylýar we bellenilen möhletde salgyt summasy töläp barylýar.

Ikinji tertip käbir salgyt töleýjileri goldamak, höweslendirmek, olara belli bir şertler we ýeňillikler döretmek maksadynda ulanylýar. Munda umumbellenilen salgytlaryň ählisi ýa-da birnäçesiniň ýerine başga umumlaşdyrylan salgyt görnüşi girizilmegi mümkin.

**Salgyt salmagyň ýönekeýleşdirilen tertibi** – salgyt salmagyň käbir taýpadaky salgyt töleýjiler üçin kesgitlenilýän hem-de käbir görnüşdäki salgytlary hasaplap çykarmak we tölemegiň, şonuň ýaly-da olar boýunça salgyt hasabatyny tabşyrmagyň ýörite düzgünleri ulanylmagyny nazarda tutýan aýratyn tertibi.

***Özbegistan Respublikasynyň Salgyt kodeksi, 22-nji madda***

Iki tertipde-de ulanylýan salgytlaryň we başga mejbury tölegleriň görnüşlerine garap geçeris.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## UMUMBELGILENEN SALGYTLAR WE BAŞGA MEJBURY TÖLEGLERIŇ GÖRNÜŞLERI

Salgyt kodeksiniň 23-nji maddasynda Özbegistan Respublikasynyň çäginde amal edýän umumbellenilen salgytlaryň we başga mejbury tölegleriň görnüşleri sanap geçilen. Şol sanda, umumbellenilen salgyt görnüşlerine aşakdakylar girizilen.

**Umumbellenilen salgyt görnüşleri**

- Ýuridik taraplardan alynýan peýda salgydy
- Fiziki taraplardan alynýan girdeji salgydy
- Goşulan baha salgydy
- Aksiz salgydy
- Ýer jümmüşinden peýdalanyjylar üçin salgytlar we ýörite tölegler
- Suw resurslaryndan peýdalananlygy üçin salgyt
- Emläk salgydy
- Ýer salgydy
- Benzin, dizel ýangyjy we gaz ulananlyk üçin alynýan salgyt

Şonuň ýaly, umumbellenilen mejbury töleg görnüşleri aşakdakylardan ybaratdygy kesgitlenendir.

**Mejbury töleg görnüşleri**

- Döwlet maksatly gaznalaryna mejbury tölegler
  - ýalňyz sosial töleg
  - býujetden daşary Pensiýa gaznasyna raýatlaryň ätiýaçlandyryş tölegleri
  - döwlet maksatly gaznalaryna mejbury pul goýbermeler
- Döwlet pajy
- Gümrük tölegleri
- Bölekleýin söwda etmek we hyzmatlary etmek hukugy üçin ýygym



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Siz umumbellenilen salgytlaryň esasy görnüşleriniň mazmuny we olary tölemegiň tertibi bilen 8-9-njy synplarda geçilen «Ykdysady bilimleriň esaslary» predmetinde tanşansyňyz.

## ÝÖNEKEÝLEŞDIRILEN TERTIPDE TÖLENÝÄN SALGYTLAR

Salgyt salmagyň ýönekeýleşdirilen tertibi salgyt töleýjileriň käbir toparlary üçin ulanylýar we ýalňyz salgyt tölegini, ýalňyz ýer salgydyny hem-de telekeçilik işleriniň käbir görnüşleri boýunça berk bellenilen salgydy hasaplap çykarmak hem-de tölemegiň ýörite düzgünleri ulanylmagyny, şonuň ýaly-da, şu salgytlar boýunça salgyt hasabaty tabşyrylmagyny nazarda tutýar.




Salgyt salmagyň ýönekeýleşdirilen tertibi öz mazmunyna görä telekeçiler üçin ýeňillik hasaplanýar. Ýöne şu tertip telekeçi üçin islendik şertde-de birmeňzeş bähbitli bolmazlygy mümkin. Şoňa görä, telekeçä salgyt salmagyň haýsy tertibinden peýdalanmagyň erkin saýlamak hukugy berilýär.

**BILIMIŇIZI BARLAŇ!**

1. Näme üçin her bir telekeçi salgytlary hasaplamak we tölemek boýunça ýeterli bilime eýe bolmaly?
2. Telekeçilik subýektlerini salgyda çekmegiň nähili görnüşleri bar?
3. Salgyt salmagyň umumbellenilen tertibi nämäni aňladýar?
4. Salgyt salmagyň ýönekeýleşdirilen tertibi mazmuny nämeden ybarat?
5. Umumbellenilen salgyt görnüşlerine nämeler girýär?
6. Mejbury töleg görnüşleri nämelerden ybarat?
7. Salgyt salmagyň ýönekeýleşdirilen tertibi haýsy salgyt görnüşlerini öz içine alýar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

IV BAP

# TELEKEÇILIGIŇ ÜSTÜNLIGINIŇ ESASLARY

22-nji TEMA

## TELEKEÇILIKDÄKI MARKETING

### MARKETINGIŇ MAKSATLARY WE WEZIPELERI

**Marketing** – bazar talaplaryny öwrenmäge esaslanmak bilen önüm öndürmegi we satmagy guramak.

Marketingiň häzirki zaman konsepsiýasy bazar üçin zerur bolan we bazarda satmak mümkin bolan harytlary zerur göwrümde öndürmegi guramak prinsipine esaslanýar.

**Marketingiň maksady** – sarp edijileriň talabyny maksimal derejede kanagatlandyrmak arkaly ýokary peýda gazanmak hem-de haryt satmagyň iň ýokary göwrümini üpjün etmek.

Bu maksat **marketingiň aşakdaky wezipeleri** arkaly gazanylýar:

– harytlara we hyzmatlara bazar talaby we ony kanagatlandyrmak bilen bagly meseleleri öwrenmek;
– bazardaky konkurensiýany we konkurentleri öwrenmek;
– haryt satmagyň netijeli usullaryny anyklamak;
– talaba laýyklykda haryt öndürmegi planlaşdyrmak;
– harydyň nyrhyny dogry şekillendirmek;
– harytlar we hyzmatlar baradaky maglumat bilen üpjün etmek.

### MARKETING BARLAGY

Marketingiň öz wezipelerini netijeli ýerine ýetirmegi marketing barlagy arkaly amala aşyrylýar.

**Marketing** barlagy – bazary öwrenmek boýunça marketing çärelerinden biri bolup, öndürmek we bazarda satmak göz öňünde tutulýan harytlar baradaky maglumatlary toplamak, derňemek, gaýtadan işlemek proseslerini öz içine alýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Marketing barlagynyň netijeleri degişli karar kabul etmek üçin kärhana ýolbaşçysyna jedwel, shema we grafikler görnüşinde tabşyrylýar.

Marketing barlagynyň zerurlygy we ähmiýeti şundan ybarat, ýagny telekeçä haýsy-da bolsa bir iş bilen meşgullanmagyň maksada laýyklygy diňe ony amala aşyryp bolandan soňky mälim bolmagy mümkin. Ýöne munda onuň zyýan çekmek ähtimaly örän uly bolýar. Şeýle ýagdaýyň öňüni almagyň ynamly we ýeke-täk ýoly – marketing barlagyny geçirmekdir.

Marketing barlagy sarp edijileriň talaby, daty, haýsy-da bolsa bir harydy gowy görmegi, ony saýlamagyň özboluşly aýratynlyklary we başga şular ýaly taraplary anyklamaga kömek edýär.

## MARKETING BARLAGYNY GEÇIRMEGIŇ BASGANÇAKLARY

Marketing barlagynyň üstünligi ony geçirmek basgançaklarynyň hiline bagly. Marketing barlagynyň esasy basgançaklaryny aşakdaky ýaly aňladyp görkezmek mümkin.

**Birinji basgançak:** maksady anyklamak we wezipeleri goýmak → **Ikinji basgançak:** barlag planyny işläp düzmek → **Üçünji basgançak:** maglumat toplamak → **Dördünji basgançak:** maglumaty derňemek → **Bäşinji basgançak:** tanyşdyrylyş taýýarlamak

Her bir basgançaga aýratyn durup geçeliň.

## MARKETING BARLAGYNYŇ MAKSADYNY ANYKLAMAK WE WEZIPELERINI BELLEMEK

Marketing barlagyndan nämä garaşylýar – muny anyk göz öňüne getirmek maksady anyklap almagy talap edýär. Maksada garap, oňa ýetmegi üpjün edýän wezipeler kesgitlenilýär. Şonuň ýaly-da, hut şu basgançakda telekeçiligi guramak boýunça takmynlar ýa-da çak etmeler öňe sürülýär. Meselem:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– mekdebiň ýanynda tiz taýýarlanýan iýmit önümleri dükanyny açmak uly peýda getirýär;

– taýýarlanan önümleri okuwçylaryň synp otaglaryna eltip bermek usulyndan peýdalanmak satuwyň göwrümini ýiti artdyrýar we ş.m.

Marketing barlagy dowamynda şu takmynyň ýa-da çaklaryň dogry ýa-da nädogrudygy anyklanýar.

## MARKETING BARLAG PLANYNY IŞLÄP DÜZMEK

Marketing barlagy dowamynda amala aşyrylýan hereketleriň anyk toplumy onuň planyny ýüze çykarýar. Planda, ilki bilen, aşakdaky taraplar beýan edilýär:

**1) marketing barlagyny amala aşyrmak boýunça meseleler.** Meselem:

– mekdep okuwçylarynda tiz taýýarlanýan iýmit önümlerine talabyň barlygy barada maglumatyň ýoklugy;

– mekdep ýolbaşçylarynyň taýýarlanan önümleri synp otaglaryna alyp girmäge rugsat etmegi ýa-da etmezliginiň anyk däldigi we ş.m.;

**2) maksatly topar, ýagny önümiň potensial hyrydarlary.** Bu babatda siziň maksatly toparyňyz şu mekdebiň okuwçylary hasaplanýar. Siz olaryň bu baradaky pikirlerini öwrenmelisiňiz. Ýöne ähli mekdep okuwçylary bilen ýekän-ýekän söhbetleşip çykmak örän köp wagt talap edýär. Şoňa görä, siz olaryň mälim bir böleginden, aýdaly, her bir synpdan bir sany okuwçydan sorag geçirmek arkaly pikirini bilip bilersiňiz;

**3) barlag häsiýetnamasy.** Barlag häsiýetnamasy aşakdaky ýaly bolmagy mümkin:

– tanyşdyryjy (mesele we onuň çözüwi boýunça ilkinji maglumatlary ýygmak);

– häsiýetlendiriji (anyk sifrleri tassyklamak ýa-da ret etmek);

– eksperiment (hadysalaryň arasyndaky sebäp-netije baglylyklaryny düşündirmek. Meselem, önümleri synp otaglaryna eltip bermek satuwyň göwrümine nähili täsir etdi);

**4) marketing barlagyny geçirmek bilen bagly harajatlary bahalamak.** Adatda, bu harajatlary pul ýa-da wagt görnüşinde aňlatmak mümkin.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MARKETING BARLAGY BOÝUNÇA MAGLUMAT TOPLAMAK

Maglumatlar iki görnüşde – birlenji we ikilenji bolmagy mümkin. Birlenji maglumatlar şu wagta çenli bar bolmadyk maglumatlar hasaplanyp, olar aşakdaky çeşmelerden alynmagy mümkin:

– barlag edilýän mesele boýunça öz pikirine eýe bolan maslahatçy ýa-da ekspertler;

– öwrenilýän mesele gatnaşyjylarynyň hereketlerine gözegçilik etmek;

– sorama arkaly öwrenmek we eksperiment.

Ikilenji maglumatlara alnan maglumatlary derňemek arkaly getirip çykarylan maglumatlar girýär.

## ALNAN MAGLUMATY DERŇEMEK

Marketing barlagyny geçirmek netijesinde alnan maglumatlar derňelýär. Derňew ýörite usullar arkaly amala aşyrlyp, giň köpçülige düşnükli bolmagy üçin jedwel, diagramma, grafik görnüşlerinde resmileşdirilýär.

## BARLAG NETIJELERI BOÝUNÇA TANYŞDYRYLYŞ TAÝÝARLAMAK

Siz geçirilen marketing barlagynyň netijelerini bähbitli taraplara – ýolbaşçylara, inwestorlara, biznes-hyzmatdaşlara, bank işgärlerine we başga hünärmenlere ýetirmeli bolýarsyňyz. Öz pikiriňizi we netijäňizi diňleýjä anyk, düşnükli we gyzykly edip ýetirmek – başlan işiňiziň üstünliginiň girewi hasaplanýar.

### BILIMIŇIZI BARLAŇ!

1. Telekeçilik işlerinde marketingiň ornuny düşündirip beriň.
2. Marketingiň häzirki zaman konsepsiýasynyň mazmuny nämeden ybarat?
3. Marketingiň maksadyny düşündirip beriň.
4. Marketingiň nähili wezipeleri bar?
5. Marketingiň esasy prinsiplerini hasaba almak näme üçin zerur diýip oýlaýarsyňyz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 23-nji TEMA HARYTLARY SATMAK WE REKLAMA

### HARYDY SATMAGYŇ ŞEKILLERI

Bazar ykdysadyýeti şertinde harydy öndürmek esasy mesele däl. Esasy mesele – harydy satmak hasaplanýar. Çünki güýçli konkurensiýa şertinde harydy makul nyrh derejesinde satmak üçin örän uly bilim, ussatlyk we tejribe gerek bolýar. Munuň üçin harydy satmagyň şekillerini bilmelisiňiz.

Eger siz harytlary satmagy bölekleýin söwda şahamçasy arkaly ýola goýmakçy bolsaňyz, ony aşakdaky shemada aňladylan şekillerinden peýdalanyp bilersiňiz.




### ÝÖNEKEÝ HARYTLARY SATMAGYŇ ŞEKILLERI

Eger siz gündelik hojalykda ulanylýan, standart ýa-da tehniki taýdan onçakly çylşyrymly bolmadyk harytlary satmakçy bolsaňyz, onda söwdany **öz-özüne hyzmat etme** şeklinde gurap bilersiňiz. Munda hyrydarlar ýörite tekjelere ýerleşdirilen harytlary özleri görüp, saýlap, olary satyn almak islegi bolan ýagdaýda hasap-hesip amala aşyrylýan ýere getirýärler. Munuň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

amatly tarapy – hyrydaryň özüne erkin saýlamak mümkinçiligi döredilip, oňa gönüden-göni hyzmat etme wagty tygşytlanýar. Häzirki wagtda köp supermarketlerde harytlary satmak edil şeýle şekilde ýola goýlan.

Eger siz hemişe hem satuwda bolmaýan, çäklendirilen harytlar bilen söwda etseňiz, onda müşderilerden **harytlary öňünden buýurma kabul etmek bilen satmagy** ýola goýup bilersiňiz. Şu ýagdaýda hyrydarlar özleri üçin zerur bolan harydy öňünden buýurma edýärler. Buýurmalar ylalaşylan möhletde magazinden alynmagy ýa-da öý, iş ýerine eltilmegi mümkin. Amatlylygy: hyrydar harydy öz wagtynda we kepilli ýagdaýda satyn alýar; satyjy hemişelik müşderä eýe bolmak bilen, kepilli satmak mümkinçiligine eýe bolýar.

Çylşyrymly we konkurensiýa güýçli bolan şertdäki harytlary satmakda müşderiniň hormatyny gazanmagyň netijeli ýoly – **ýekebara hyzmat etmekdir.** Munda siz haryt satuwy her bir hyrydara aýratyn hyzmat etmek şeklinde guraýarsyňyz. Hyrydara harytlary saýlamakda kömekleşip, harytdan peýdalanmak boýunça maslahatlar berýärsiňiz, harydy gaplap, hyrydara gowşurýarsyňyz. Şonuň ýaly-da, hyrydar bilen hasap-hesip etmegiň ähli şekilleri, satmakdan soňky hyzmat etme, hyrydaryň islegine görä menziline eltip bermek, haryt gaýtarylan ýagdaýda kabul edip almagy-da ýola goýmalysyňyz.

Eger siz durmuş taýdan tehniki serişdeleri, mebel we başga enjamlary satmakçy bolsaňyz, **erkin görkezmä goýmak bilen satmak** şeklinden peýdalananyňyz makul. Söwda meýdançasyna goýlan harytlar bilen hyrydar özbaşdak ýagdaýda tanşyp çykýar, zerur ýagdaýlarda siz onuň saýlan harydynyň hilini barlap, maslahatlar berýärsiňiz, harydy gaplap, hyrydara gowşurýarsyňyz.

## ÇYLŞYRYMLY HARYTLARY SATMAGYŇ ŞEKILLERI

Eger siziň harytlaryňyz göwrüm taýdan uly, daşamak kyn bolsa, onda **harytlary nusgalary boýunça satmak** şeklinden peýdalanmak amatlydyr. Hyrydarlar özbaşdak ýagdaýda ýa-da satyjynyň gözegçiliginde söwda zalyna goýlan nusgalar bilen tanyşýar. Haryt saýlanyp we haky tölenenden soň siz harydy magaziniň ammaryndan hyrydara getirip ýa-da onuň öýüne eltip bermegiňiz mümkin.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Häzirki aragatnaşyk tehnologiýalary ösen şertde **telefon arkaly satmak** netijeli şekillerden biri hasaplanýar. Bu şekil harytlary satmagyň işjeň, erkin şekli bolup, munda satyjy müşderileri telefon arkaly reklama etmek arkaly çekýär.

Siz çylşyrymly önüm ýa-da hyzmatlar, meselem, injiniring hyzmatlary, gurluşyk, maglumat tehnologiýalary önümleri üçin **maslahat bermek arkaly satmak** şeklini saýlamagyňyz dogry hasaplanýar. Munda siz satyjy hökmünde hünärmen-maslahatçylary işe çekip, olar hyrydarlara haryt barada zerur maglumatlary ýetirmeli bolýarsyňyz.

**Özara maslahatlaşmak esasynda satmakda** haryt boýunça pikirler diňlenýär, satyjy bilen hyrydaryň arasynda özara düşünme, umumy nukdaý nazar duýgusyny şekillendirmäge hereket edilýär.

## HARYDY SATMAGYŇ BASGANÇAKLARY

Siz haryt satmagy üstünlikli amala aşyrmakçy bolsaňyz, onuň her bir basgançagyna üns bermelisiňiz.

**Gepleşige girişmek we aragatnaşygy ýola goýmek.** Satmagyň ilkinji basgançagy bolan bu proses şol bir wagtda onuň netijesini hem kesgitläp berýär. Siz hyrydar bilen gatnaşyga girişmek bilen, ilki onuň ynamyny gazanmalysyňyz. Hyrydar siziň sözleriňizden islendik ýagdaýda-da öz harydyny satmakçy bolan adamy däl, eýsem öz islegini doly düşünmäge çalyşýan hyzmatdaşy göz öňüne getirmeli. Ýogsam bu basgançagyň ikinji bölegi – aragatnaşygy ýola goýmak amala aşmaýar. Dogry, ähtimal hyrydar siziň harydyňyzy satyn alar, ýöne ol siziň hemişelik müşderiňize we hyzmatdaşyňyza öwrülmegi mümkin.

Şonuň üçin hyrydary **diňlemek we zerurlygyny anyklamak** möhüm hasaplanýar. Siz hyrydary öz isleglerini doly aňlatmaga mümkinçilik beriň we ony üns bilen diňleýändigiňize ynandyryň. Belki hyrydar öz zerurlygyny ýeterli derejede aňladyp bilýän däldir. Siz onuň zerurlygyny dogry anyklamaga çalşyň.

Hyrydaryň zerurlygy anyklanandan soňky basgançak – oňa **harydy görkezmek we deliller getirmek** hasaplanýar. Çünki hyrydarda hakykatdan hem öz zerurlygyndaky haryt görkezilendigine şübhe bolmagy mümkin. Bu babatdaky deliller hyrydary islendik ýagdaýda-da dogry haryt



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

saýlandygyna ynandyrmaga däl, eýsem harydy onuň islegine laýykdygyny aňladýan goşmaça maglumatlar getirmäge hyzmat etmelidir.

Hyrydar tarapyndan närazylyk bildirilmegine mümkinçilik döredilmelidir. Bu babatdaky dogry ýol – **närazylyga jogap gaýtarmak** hasaplanýar. Ýöne jogap hyrydaryň haryt baradaky şübhesine we närazylygyna esasly hem-de hakyky bolmaly.

Ýokardaky basgançaklaryň dogry amala aşyrylmagy ahyrky basgançak – **satmagy amala aşyrmaga** mümkinçilik döredýär. Siz tarapdan harydy satmagyň şekillerini we basgançaklaryny dogry ýola goýulmagy diňe bir satuwyň göwrümini artdyrýar, belki hemişelik müşderiler toparyny şekillendirmäge mümkinçilik döredýär.

## REKLAMANYŇ WEZIPELERI

**Reklama** latynça söz bolup, «*reclamo*» – gygyrýaryn, jar salýaryn, diýen manylary aňladýar. Giňräk manyda bolsa, dürli ýollar bilen köpçülikleýin yglan etmek, bildirmek, hemmäniň ünsüni çekmek üçin edilen hereketdir.

Reklama **marketing, maglumat bermek, bilim beriji, ykdysady we sosial wezipeleri ýerine ýetirýär.**



### BILIMIŇIZI BARLAŇ!

1. Ýönekeý harytlary satmak çylşyrymly harytlary satmakdan nämesi bilen tapawutlanýar?
2. Harydy satmagyň haýsy şekilleri size mälimdi? Indi ýene nähili şekillerini bildiňiz?
3. Harydy satmagyň her bir şekline mysal getiriň. Siz bilýänn magazinlerde harydy satmagyň haýsy şekillerinden peýdalanylýar?
4. Harydy satmagyň nähili basgançaklary bar?
5. Siziň pikiriňizçe, töweregiňizdäki söwda şahamçalarynda harydy satmagyň haýsy basgançaklaryna ýeterli üns berilmeýär? Pikiriňizi düşündiriň.
6. Reklama nähili wezipeleri ýerine ýetirýär?
7. Häzirki wagtda Özbegistanda reklamanyň haýsy wezipesi giňräk ösen?
8. Ýurdumyzdaky haýsy reklama kompaniýalaryny bilýärsiňiz?
9. Aýdaly, siz öz telekeçilik işleriňizi reklama etmekçi boldyňyz. Nähili usullardan peýdalanan bolardyňyz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 24-nji TEMA KÄRHANANY DOLANDYRMAK

Işeňňir telekeçilik biznes işlerini innowasion, ýagny döwrebap çemeleşmeler, öňdebaryjy tehnologiýa we dolandyryş usullary esasynda düzýän ykdysady ugurdyr.

***Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Ş. Mirziýoýew***

## MENEJMENTIŇ MAKSADY WE WEZIPELERI

Siz telekeçi bolmagyňyz üçin köp häsiýetler bilen bir hatarda dolandyrmak ukybyna hem eýe bolmalysyňyz. Telekeçilik işlerini dolandyrmagyň häzirki zaman ulgamy hökmünde menejment uly ähmiýete eýedir.

**Menejment** – kärhananyň işlerini üstünlikli ýöretmek maksadynda ony dolandyrmagyň usullary we prinsipleri toplumy.

Menejmentiň esasy maksady kärhananyň işiniň rentabelligini we onuň bazardaky berkarar ýagdaýyny üpjün etmek hasaplanýar. Şoňa görä, menejmentiň aşakdaky wezipelerini tapawutlandyryp görkezmek mümkin:

– kärhananyň mümkinçiliklerinden gelip çykmak bilen bazar talaplaryna laýyk önümleri (hyzmatlar) öndürmegi guramak;

– önümçilige ýokary hünärli işgärleri çekmek;

– işgärleriň iş şerti, zähmetine hak tölemegi gowulandyrmak arkaly olaryň zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak;

– kärhanany orta we uzak möhletleýin döwürde ösdürmegiň ýollaryny kesgitlemek;

– kärhananyň her bir bölüminiň ýa-da böleginiň iş netijeliligini üpjün etmek maksadynda bellenilen wezipeleriň ýerine ýetirilişine yzygider gözegçilik etmek.

## MENEJMENTIŇ SUBÝEKTI WE OBÝEKTI

Menejment barada dolurak düşünje almak üçin onuň subýektini we obýektini tapawutlandyrmak möhüm.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Menejmentiň subýekti** – bu kesgitlenen maksatlary we wezipeleri amala aşyrmak üçin dolandyryş täsirini edýän adam ýa-da adamlar topary.

**Menejmentiň obýekti** – bu menejmentiň subýektiniň täsiri gönükdirilen, ol tarapyndan dolandyrylýan ähli zatlar.

Şundan görnüşi ýaly, menejmentiň subýekti hökmünde kärhananyň ýolbaşçysy, dürli ugurlara ýöriteleşen hünärmenler we dolandyrmaga ukyply başga şahslar hasaplanmagy mümkin. Şoňa görä, iri kärhanalardaky hakyna tutma dolandyryjy-hünärmenler menejerler diýlip atlandyrylýar.




Menejmentiň obýekti kärhanadaky dolandyryş işleri gönükdirilen şahslardan, ugurlardan, proseslerden we başgalardan ybarat bolmagy mümkin.

## DOLANDYRYŞ FUNKSIÝALARY

Islendik kärhanany dolandyrmagyň mazmuny, onuň ýokarda bellenilen wezipeleri dolandyryş funksiyalary arkaly aýdyň ýüze çykýar.




Derňew – bu kärhananyň işiniň halatyny bahalamak we konkurent kärhanalaryň halaty bilen deňeşdirmek hasaplanýar. Şeýle bahalamak dürli döwürler (aý, çärýek, ýyl) üçin amala aşyrylyp, şol döwürde kärhananyň halatynda ýüze çykan özgerişler anyklanýar. Şonuň ýaly-da, derňew prosesinde kärhananyň iş görkezijilerine täsir edýän faktorlar hem anyklanýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Planlaşdyrmak – bu kärhananyň işlerini ösdürmek maksatlaryny anyklamak bolup, ol anyk netijeler arkaly ýüze çykýar. Muňa biznes-planlaşdyryşy mysal getirmek mümkin. Pugta we anyk planlaşdyrylan iş üstünlik gazanmagyň girewi hasaplanýar.

Guramak – bu kärhananyň aýratyn bölümleriniň we işgärleriniň hereketini özara laýyklaşdyrma prosesi. Guramak arkaly kärhananyň belli bir düzüm gurluşy şekillendirilýär. Şonuň ýaly-da, dürli derejedäki işgärleriň wezipeleri we borçlary özara laýyklaşdyrylýar.

Gyzyklandyrma (motiwasiya) – bu kärhana tarapyndan bellenip alnan maksatlara ýetmekde işgärleriň gyzyklanmalaryny döretmek prosesi. Telekeçiniň dolandyrylyk ussatlygy öz gol astyndaky işgärleri ýeke-täk maksada tarap hereket etmäge ündeýän serişdeleri tapyp bilmegi arkaly ýüze çykýar.

Gözegçilik etmek – bu kärhanada amala aşyrylýan işleriň degişli normalara laýyklygyny deňeşdirmek prosesi. Gözegçilik üznüksiz proses bolup, ol kärhananyň işleriniň ähli basgançaklaryndaky hili barlamaga gönükdirilýär.

## KÄRHANANY DOLANDYRMAGYŇ DÜZÜM BÖLEKLERI

Ýokardakylardan görnüşi ýaly, siz telekeçi hökmünde kärhanany dolandyrmagyň esasy wezipelerini ýola goýup bilmelisiňiz. Eger kärhanaňyz onçakly uly bolmasa, muny bir özüňiz hötdesinden gelmegiňiz mümkin. Iri kärhanalary dolandyrmak beýlekilerden çylşyrymly proses bolup, ony birnäçe düzüm böleklere bölmek mümkin.




Elbetde, siz ýolbaşçy hökmünde şu düzüm bölekleriň her birini dolandyrmagy doly we oňat hilli amala aşyryp bilmezligiňiz mümkin. Çünki



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

her bir ugur özboluşly bilimleri we endikleri talap edýär. Şoňa görä, her bir ugur degişli bilimlere we endiklere eýe hünärmenler tarapyndan gözegçilik edip durulýar.

Meselem, gönüden-göni önümçilik prosesi inženerler we tehnologlar, maliýe – maliýe menejerleri, buhgalterler we auditorlar, işgärler – işgärler meseleleri boýunça hünärmenler, üpjünçilik – satmak boýunça hünärmenler, marketologlar tarapyndan gözegçilik edilýär. Kärhana ýolbaşçysy bolsa olaryň işlerini laýyklaşdyryp, umumy dolandyryşy amala aşyrýar.

## DOLANDYRYŞ USULLARY

Siz öz kärhanaňyzy netijeli dolandyrmak üçin onuň usullary barada düşünjä eýe bolmalysyňyz.

**Kärhanany dolandyrmak usullary** – dolandyryş subýektiniň belli bir netijeleri gazanmak maksadynda dolandyryş obýektine täsir geçirmek usullarynyň toplumy.

Dolandyryş usullary arkaly kärhanadaky ykdysady proseslere täsir edilýär. Täsir etmek mazmunyna görä dolandyryşyň guramaçylyk-edara, ykdysady we sosial-psihologik usullary bar.




### BILIMIŇIZI BARLAŇ!

1. Telekeçi üçin dolandyrmak ukybyna eýe bolmagyň ähmiýeti nähili?
2. Menejment näme? Menejmentiň esasy maksady nämeden ybarat?
3. Menejmentiň nähili wezipeleri bar?
4. Menejmentiň subýekti we obýekti näme? Olar bir-birinden nämesi bilen tapawutlanýar?
5. Dolandyryş funksiýalarynyň her birine häsiýetnama beriň.
6. Kärhanany dolandyrmagyň nähili düzüm böleklerini bilýärsiňiz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 25-nji TEMA ÖNÜMI EKSPORTA ÇYKARMAK

Eksporty has-da höweslendirmek maksadynda tehniki taýdan tertibe salmak ulgamyny halkara standartlara uýgunlaşdyrmaly. Esasy maksatlarymyzdan biri – daşky bazara oňat hilli we sertifikatlanan önümleri «özbek brendi» ady bilen alyp çykmakdan ybarat.

***Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Ş. Mirziýoýew***

### KÄRHANANYŇ DAŞKY YKDYSADY IŞI

Käbir telekeçiler öz önümlerini daşky bazarda satmagy maksat edinýärler.

**Daşky bazar** – belli bir ýurt üçin daşary ýurt döwletleriniň bazary bolup, ol halkara ylalaşyklar arkaly kadalaşdyrylýar.

Çünki daşky bazardaky gatnaşyk telekeçilik işleriniň ýokary derejede ösenligi, onuň daşary ýurtly telekeçiler bilen konkurensiýa taýýardygyny aňladýar. Milli telekeçileriň daşky bazarlara çykmagy döwlet üçin hem bähbitli bolup, ol şeýle telekeçileri goldamaga çalyşýar.

Bu barada telekeçi öz işlerini guramakda iki zada üns bermegi maksada laýykdyr. Birinjiden, ol ýurduň içinde öz işlerini barkarar we netijeli derejede ýola goýup alandan soň daşky bazara çykmagy planlaşdyrmagy mümkin.

Ikinjiden, ol öz işini gönüden-göni daşky bazara önüm çykarmakdan başlamagy mümkin. Iki ýagdaýda-da kärhananyň daşky ykdysady işlerini çuňňur bilmek talap edilýär.

**Kärhananyň daşky ykdysady işleri** – halkara önümçilik integrasiýasy we kooperasiýa, harytlaryň we hyzmatlaryň eksporty we importy, daşky bazara çykmak bilen bagly hojalyk işleriniň ugry.

Kärhana daşky ykdysady işleriniň hojalygyň içki işlerinden tapawudy şundan ybarat, ýagny daşky ykdysady iş erkin konwertirlenýän berk



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

walýutalar esasynda amala aşyrylyp, döwletiň ýörite serişdeleri arkaly kadalaşdyrylýar.

Daşky **ykdysady iş** diýende Özbegistan Respublikasynyň ýuridik we fiziki taraplarynyň daşary ýurt döwletleriniň ýuridik we fiziki taraplary, şonuň ýaly-da halkara guramalar bilen özara peýdaly ykdysady aragatnaşyklary ýola goýmaga we ösdürmäge gönükdirilen işleri düşünilýär.

Özbegistan Respublikasynda hasaba alnan ýuridik taraplar, şonuň ýaly-da, Özbegistan Respublikasynyň çäginde hemişelik ýaşaýan ýerine eýe bolan we ýekebara telekeçi hökmünde sanawa alnan fiziki taraplar daşky ykdysady iş bilen meşgullanmaga haklydyr.

***Özbegistan Respublikasynyň 2000-nji ýylyň 26-njy maýyndaky 77-II-nji belgili täze redaksiýadaky «Daşky ykdysady iş barada»ky kanuny, 3-nji madda***

## DAŞARY SÖWDA

Daşky ykdysady işiň esasy ugurlaryndan biri daşary söwda hasaplanýar. Daşary söwda köplenç daşary söwda şertnamalary bilen resmileşdirilýän täjirçilik ylalaşyklary arkaly amala aşyrylýar.

**Daşary söwda** – ýurtlaryň arasyndaky önümleri we hyzmatlary alyp çykmakdan (eksportdan) we alyp girmekden (importdan)ybarat söwda.

Şundan görnüşi ýaly, daşary söwda önümleriň we hyzmatlaryň eksportyndan we importyndan ybarat.

**Eksport** – önümleri we hyzmatlary ýurtdan daşardaky hyrydarlara satmak.

**Import** – önümleri we hyzmatlary ýurtdan daşardaky satyjylardan satyn almak.

Daşary söwdada gatnaşmak, aýratynam, harydy eksporta satmak birnäçe basgançaklardan ybarat ýörite taýýarlygy talap edýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## EKSPORT EDILÝÄN ÖNÜMIŇ KONKURENTLIK EDIP BILIJILIGINI BAHALAMAK

Siz halkara bazara çykmakçy bolsaňyz ençeme amaly wezipeleri ýerine ýetirmegiňiz talap edilýär. Şol sanda, ilki esasy bäsdeşleriň önümleri bilen tanşyp çykmagyňyz, olaryň tehniki görkezijilerini derňew etmegiňiz zerur. Bu öz önümiňiziň üstün we kemçilik taraplaryny anyklamaga kömek edýär.



A kärhananyň önümi
- Tehniki görkezijileri
- Nyrhy
- Önüm boýunça hyzmatlar
- Esasy satuw bazarlary



B kärhananyň önümi
- Tehniki görkezijileri
- Nyrhy
- Önüm boýunça hyzmatlar
- Esasy satuw bazarlary



Siziň önümiňiz
- Tehniki görkezijileri
- Nyrhy
- Önüm boýunça hyzmatlar
- Esasy satuw bazarlary

Bäsdeşleriň önümleriniň nyrhlaryny derňemek siziň öz önümiňiz üçin bellenilen nyrhyň konkurentlik edip biljeklik derejesini görkezip berýär.

Bäsdeşler tarapyndan eksport edilýän önüm boýunça teklip edilýän hyzmatlar toplumyny öwrenmek siziň önümiňiz konkurensiýa nähili derejede taýýardygyny bahalamaga kömek edýär.

Siz bäsdeşleriň esasy satuw bazarlaryny derňemek arkaly öz önümiňiz üçin haýsy ýurduň bazary amatlydygyny anyklap bilersiňiz.

Bu basgançakdaky işleriň netijesi täze daşky bazarlardaky kärhana önümleriniň gelejegini öňünden göz öňüne getirmek hasaplanýar.

## ÖNÜMI EKSPORTA TAÝÝARLAMAK

Önümi eksporta çykarmak daşky bazara çykmak bilen bagly goşmaça sarp-harajatlary hasaplamagy talap edýär. Şol sanda, önümi öndürmek we satmak bilen bagly esasy harajatlardan daşary reklama, sergilerde gatnaş-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

mak, wekilhanalar açmak ýaly goşmaça harajatlar hem peýda bolmagy mümkin.

**Goşmaça harajatlary hasaplamak**

- Daşky reklama
- Sergilerde gatnaşmak
- Wekilhanalar açmak

**Satmaga taýýarlamak bilen bagly işleri amala aşyrmak**

- gepleşikleri guramak
- önüm barada maglumat bermek
- önüm daşamak üçin transport kärhanalary bilen şertnamalar düzmek
- resminamalaryň taslamalaryny taýýarlamak
- haryt üçin hak tölemegiň tertibi, hasap-hesip şeklini anyklamak
- önümiň pasporty, tehniki häsiýetnamalary, peýdalanmak boýunça gollanmalaryny taýýarlamak

Şonuň ýaly-da, kärhananyň önümlerini eksporta satmaga taýýarlamak bu baradaky gepleşikleri guramak, önüm barada maglumat bermek, önümi daşamak üçin transport kärhanalary bilen şertnamalar düzmek, resminamalaryň taslamalaryny taýýarlamak, haryt üçin hak tölemek tertibi, hasap-hesip şeklini anyklamak, önümiň pasporty, tehniki häsiýetnamalary, peýdalanmak boýunça gollanmalaryny taýýarlamak ýaly işleri amala aşyrmagy talap edýär.

## EKSPORT ÖNÜMIŇ NYRHYNY BELLEMEK

Eksport nyrhyny dogry hasap-hesip etmek we şekillendirmek möhüm hasaplanýar. Çünki munda eksport edilýän önümiň önümçilik harajatlaryndan daşary aşakdaky goşmaça harajatlary hem hasaba alynmalydyr:

Goşmaça harajatlar ⇨ Gaplamak ⇨ Eksporty resmileşdirmek ⇨ Gümrük tölegleri ⇨ Transport ⇨ Ýüki ätiýaçlandyrmak ⇨ Bank operasiýalary



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## GÜMRÜK SANAWYNDAN GEÇIRMEK

Telekeçi öz harydyny eksport etmek üçin ony gümrük sanawyndan geçirmegi talap edilýär. Munuň üçin aşakdaky resminamalar zerur bolýar:
– önümiň eksporty boýunça şertnama (ylalaşyk);
– ýüküň gümrük deklarasiýasy;
– transporta we haryda degişli resminamalar.

## HARYTLARYŇ EKSPORTYNY WE IMPORTYNY GADAGAN ETMEK WE ÇÄKLENDIRMEK

Ýurdumyzda harytlaryň eksportyny we importyny gadagan etmek hem-de çäklendirmek bellenilmegi mümkin. Bu aşakdaky maksatlarda amala aşyrylýar:
– milli howpsuzlygy üpjün etmek;
– ilatyň ýaşaýşyny we saglygyny goramak, haýwanat we ösümlik dünýäsini hem-de daşky gurşawy goramak;
– jemgyýetçilik ahlak-edebe we hukuk-düzgünlere amal etmek;
– medeni mirasy saklamak;
– ýurdumyzyň töleg balansyny saklap durmak;
– ýurdumyzyň halkara borçlaryny ýerine ýetirmek;
– dikeldip bolmaýan tebigy resurslaryň gutarylmagynyň öňüni almak.

Şoňa görä, harytlaryň käbir görnüşlerini eksport we import etmek diňe degişli rugsatnama (lisenziýa) alnandan soň amala aşyrylýar. Lisenziýalar ygtyýarly organlar tarapyndan berilýär.

Käbir harytlaryň görnüşlerini eksport we import etmäge görä mukdar taýdan çäklendirmeler (kwotalar) bellenilmegi mümkin. Kwotalary paýlamak, düzgün hökmünde, saýlaw ýa-da kim ýokary? söwdasy esasynda amala aşyrylýar.

### BILIMIŇIZI BARLAŇ!

1. Daşky bazar näme?
2. Telekeçileriň daşky bazarlara çykmagy kim üçin bähbitli hasaplanýar?
3. Kärhananyň daşky ykdysady işleriniň özboluşly tarapy nämede?
4. Ýurdumyzda daşky ykdysady iş bilen kimler meşgullanmagy mümkin?
5. Daşky söwda näme? Ol nähili amala aşyrylýar?
6. Eksport bilen importyň tapawudy näme?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 26-njy TEMA INWESTIRLEME IŞI

Şu nukdaý nazardan, döwletiň innowasion täzeleniş maksatnamasyny şekillendirmek, innowasiýa we inwestisiýalardan netijeli peýdalanýan täze nesil kadrlaryny, täze maýadarlar synpyny taýýarlamak iňňän möhüm ähmiýete eýe. Munuň üçin Özbegistany tehnologik ösdürmek we içki bazary modernizasiýa etmek boýunça güýçli milli taglym, milli maksatnama gerek. Şu maksatnama Özbegistany dünýädäki ösen ýurtlar hataryna çaltrak alyp çykmaga mümkinçilik döretmelidir.

***Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Ş. Mirziýoýew***

### INWESTIRLEME IŞI

Siz telekeçilik işlerini ýola goýmakçy bolsaňyz inwestirlemek diýen düşünjä duş gelmegiňiz tebigydyr. Çünki telekeçilikde inwestirleme işleri möhüm orun tutýar. Inwestirleme işleri – peýda gazanmak maksadynda pul ýa-da başga görnüşdäki serişdeleri öndürmäge çekmek we olardan peýdalanmak prosesi.

**Inwestirleme işleri** – inwestirleme işleri subýektleriniň inwestisiýalary amala aşyrmak bilen bagly hereketler toplumy.

***Özbegistan Respublikasynyň 2014-nji ýylyň 9-njy dekabryndaky ÖRK-380-nji belgili täze redaksiýadaky «Inwestirleme işleri barada»ky kanuny, 3-nji madda***

Siz, esasan, nähili ýönelişlerde inwestirleme bilen meşgullanmagyňyz mümkin?

Ilki bilen kärhanany täze bina, tehnika we gural-enjamlar bilen enjamlaşdyrmaly ýa-da barlaryny döwrebap, netijeli we öňdebaryjy görnüşdäkileri bilen çalşyrmaly. Bu proses **tehniki ýa-da tehnologik modernizirleme** diýip hem atlandyrylýar.

**Tehniki ýa-da tehnologik modernizirleme** – bar bolan tehniki ýa-da tehnologik enjamlary we gural-enjamlary döwrebap we öňdebaryjy görnüşleri bilen çalşyrmak.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Şonuň ýaly-da, siz önümçilik işlerini giňeltmäge inwestisiýa girizmegiňiz mümkin. Bu goşmaça binalary gurmak, täze önümçilik kuwwatlaryny işe düşürmek, goşmaça işçileri hakyna tutmak ýaly prosesleri öz içine alýar.

Täze iş görnüşlerini özleşdirmek inwestisiýa girizmegiň möhüm ýönelişi hasaplanýar. Çünki siz birnäçe iş görnüşine esaslandyrylan önümçiligi ýola goýsaňyz, bazardaky ýagdaýyň özgeren şertinde-de girdeji almak mümkinçiligiňiz giňeler. Önümçilik işleriniň görnüşlerini giňeltmek **önümçiligi diwersifikasiýalamak** diýip atlandyrylýar.

**Önümçiligi** diwersifikasiýalamak – bazaryň ýagdaýynyň özgerişlerine uýgunlaşyjylygy artdyrmak maksadynda önüm öndürmegiň görnüşlerini giňeltmek.

Diýmek, siziň kärhanany açmak, ony işe girizmek, işlerini giňeltmek we ýene-de ösdürmek maksatlarynda serişdeleri sarplamagyňyz inwestirleme hasaplanýar.

## INWESTISIÝALARY TOPARLARA BÖLMEK

Siz inwestisiýa işlerini netijeli ýola goýmagyňyz üçin inwestisiýalaryň görnüşleri barada doly maglumata eýe bolmalysyňyz. Inwestisiýa (iňl. *investments)* – önümçiligi guramak ýa-da ony giňeltmek maksadynda dürli görnüşde girizilen serişde.

Inwestisiýa hökmünde girizilen serişdeler, adatda, kapital, maýa goýumlar diýip hem atlandyrylýar.

Esasan real we maliýe (portfel) inwestisiýalar tapawutlanýar.

**Real inwestisiýalar** – kärhanalaryň fiziki kapitalyna serişde girizmek. Meselem, gural-enjamlary, enjamlaryny satyn almak ýa-da binalaryny we desgalaryny rekonstruksiýa etmek. Real inwestisiýalar öndürmegi ýola goýmaga we giňeltmäge gönüden-göni täsir edýär.

**Maliýe inwestisiýalary** – kärhananyň gymmatly kagyzlaryny (aksiýa, obligasiýa we başgalaryny) satyn almak. Munda kärhana gymmatly kagyzlaryny satmakdan düşen pul serişdeleri soňluk bilen öndürmegi ýola goýmak we giňeltmek maksatlaryna sarplanmagy mümkin.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## INWESTISIÝA ÇEŞMELERI

Inwestisiýa işlerini amala aşyrmak üçin, ilki bilen, onuň çeşmelerini anyklamak zerur. Bu orunda içki we daşky çeşmelerini bölüp görkezmek mümkin.

Inwestisiýanyň içki çeşmeleri aşakdakylar hasaplanýar:




Inwestisiýanyň daşky çeşmeleri aşakdakylar hasaplanýar:




## INWESTISION TASLAMA

Amala aşyrylan inwestisiýalar elmydama biz oýlan netijä eltmezligi mümkin. Käbir halatlarda olar örän pes netije getirmegi, käte bolsa umuman özüni ödemezligi mümkin. Şeýle halatlar inwestisiýa riski diýlip atlandyrylýar.

**Inwestisiýa riski** – nazarzda tutulmadyk sebäplere görä inwestisiýa serişdeleriniň netije bermezligi netijesinde maliýe taýdan ýitgi ähtimaly.

Inwestisiýa riskini peseltmek maksadynda inwestisiýa serişdesini sarplamagyň öňünden pugta hasap-hesip edilmeli. Bu inwestisiýa taslamasyny işläp taýýarlamak arkaly amala aşyrylýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Inwestion taslama** – ykdysady, sosial we başga ugurdaky peýda gazanmak üçin inwestisiýalary amala aşyrmaga gönükdirilen özara bagly çäreler toplumydyr.

***Özbegistan Respublikasynyň 2014-nji ýylyň 9-njy dekabryndaky ÖRK-380-nji belgili täze redaksiýadaky «Inwestisiýa işleri barada»ky kanuny, 6-njy madda***

Inwestision taslamanyň önümçilik, ylmy-tehniki, täjirçilik, maliýe, ykdysady, sosial-ykdysady taslama ýaly görnüşleri bolmagy mümkin.

## INWESTISION TASLAMANYŇ DERŇEWI

Inwestision taslamanyň dogry işläp düzülenligi, onda bellenilen çäreleriň esaslydygyny bahalamak üçin ony derňemeli bolýar.

**Inwestision taslamanyň derňewi** – inwestisiýalary amala aşyrmagyň maksada laýyklygyny bahalamaga mümkinçilik berýän belli bir usullar we hereketler toplumy.

Islendik inwestision taslamanyň derňewi aşakdaky prosesleri öz içine alýar:

1) zerur maglumaty saýlamak we taýýarlamak;
2) ilkinji maglumaty gaýtadan işlemek we derňew maglumatyny şekillendirmek;
3) derňew maglumatyny düşündirmek;
4) netijeleri we maslahatlary taýýarlamak.

### BILIMIŇIZI BARLAŇ!

1. Inwestisiýa işleri nämäni aňladýar?
2. Önümçiligi diwersifikasiýalamak nämäni aňladýar?
3. Inwestisiýalaryň nähili esasy görnüşleri bar?
4. Real we maliýe (portfel) inwestisiýalarynyň tapawudy nämede?
5. Inwestisiýa işlerini amala aşyrmagyň nähili çeşmeleri bar?
6. Inwestision taslama näme we onuň nähili görnüşleri bar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 27-nji TEMA INNOWASION IŞ

Bu gün biz döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlaryny düýpgöter täzelemäge gönükdirilen innowasion ösüş ýoluna geçýäris. Bu ýöne ýere däl, elbetde. Çünki zaman çalt depginde ösüp barýan häzirki döwürde kim utýar? Täze pikire, täze taglyma, innowasiýa daýanan döwlet utýar.

Innowasiya – bu gelejek diýeni. Biz beýik gelejegimizi gurmagy şu günden başlaýan bolsak, ony hut innowasion taglymlar, innowasion çemeleşme esasynda başlamalydyrys.

***Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Ş. Mirziýoýew***






### UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Suratlarda görkezilen önümleriň adatdaky önümlerden tapawutlanýan aýratynlygy nämede diýip oýlaýarsyňyz?
2. Şu önümleriň özboluşly aýratynlyklarynyň artykmaçlygy nämede?
3. Siz özüňiz hem haýsy-da bolsa bir önümi adatdan daşary öndürmek barada oýlap görüpdiňizmi?

## INNOWASIÝALAR

Size mälim bolşy ýaly, ýurdumyzda 2018-nji ýyl «Işjeň telekeçilik, innowasion taglymlary we tehnologiýalary goldamak ýyly» diýlip atlandyryldy. Ýogsam, innowasiýanyň özi näme?

**Innowasiýa** (iňl. «*innovation*» – täzelik, nowatorlyk) – täze tehnologiýa, önümler we hyzmatlar görnüşi, önümçilik, zähmet, hyzmat etmek we dolandyryş görnüşindäki täzelikleriň ulanylmagy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Diýmek, şundan görnüşi ýaly, eger siz şu wagta çenli bar bolmadyk täze önüm öndürmegi ýa-da hyzmat etmegi ýola goýsaňyz, onda innowasiýany amala aşyran bolarsyňyz.

### BILÝÄŇIZMI?

Innowasiýa düşünjesini birinji bolup awstriýaly ykdysatçy Ý. Şumpeter dolanyşyga girizip, bäş tarapyny belläp beripdir:

– täze tehnika we tehnologik proseslerden peýdalanmak;
– täze häsiýetlere eýe bolan önümi girizmek;
– täze çig maldan peýdalanmak;
– önümçilik we onuň maddy-tehnik üpjünçiligini guramakdaky özgerişler;
– täze satuw bazarlarynyň peýda bolmagy.

## KÄRHANANYŇ INNOWASION IŞI

Ýurtda ýokary ykdysady ösüşi we rowaçlygy üpjün etmek üçin kärhanalarda innowasion işi ýola goýmaly.

**Kärhananyň innowasion işleri** – täze bilimleri we tehnologiýalary önümçilige girizmäge gönükdirilen çäreler ýygyndysy.

Bu çäreler ylmy, tehnologik, maliýe we täjirçilik häsiýetnamasyna eýe bolmagy mümkin. Kärhanada innowasion işi amala aşyrmak netijesinde:

– täze önüm görnüşini öndürmek ýa-da hyzmat etmegi ýola goýmak;
– bar önümlerde ýa-da hyzmatlarda täze hil aýratynlyklary emele getirilmegi mümkin.

Kärhanada innowasion işi dolandyrmak **innowasion menejment** diýlip atlandyrylýar.

## INNOWASIÝALARYŇ TOPARLARA BÖLÜNIŞI

Siz öz işleriňizde innowasiýalary amala aşyrmakçy bolsaňyz, onda olaryň görnüşlerini bilmelisiňiz. Innowasiýalaryň aşakdaky görnüşleri tapawutlanýar.

Her bir innowasiýa görnüşiniň mazmunyna garap geçeris.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




**Tehniki innowasiýalar** – täze ýa-da kämilleşdirilen häsiýetlere eýe önümleri öndürmek. Munda siz öz önümiňiziň haýsy-da bolsa bir tehniki aýratynlygyny kämilleşiren bolmagyňyz mümkin.

**Tehnologik innowasiýalar** – önümleri öndürmegiň beýlekilerden kämilleşen usullaryny ulanmak. Munda önüm öndürmegiň tehnologiýasyna täze özgerdişler girizilmegi mümkin.

**Guramaçylyk-dolandyryşa degişli innowasiýalar** – önümçilik, transport, satuwy we üpjünçiligi makul ýagdaýda guramak bilen bagly prosesler. Siz kärhanadaky bar bolan guramaçylyk-dolandyryş prosesleriniň mazmunynda täze özgerişleri amala aşyrmagyňyz mümkin.

**Maglumata degişli innowasiýalar** – kärhananyň innowasion işlerinde maglumat almak, onuň ynamlylygyny we çalasynlygyny üpjün etmek bilen bagly prosesler. Aýratynam, häzirki maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary çalt ösýän bir wagtda şu ugur möhüm ähmiýete eýe.

**Sosial innowasiýalar** – zähmet şertlerini gowulandyrmak, saglygy goraýyş, tälim, medeniýet ugurlaryndaky meseleleri çözmek bilen bagly prosesler. Şundan görnüşi ýaly, mekdepde okuwçylara tälim bermek proseslerine täze tehnologiýalary ornaşdyrmak hem innowasiýa hasaplanýar.

## INNOWASIÝA TAGLYMLARYNYŇ ÇEŞMELERI

Siz öz işleriňizde innowasiýany amala aşyrmagyňyz üçin ilki innowasiýa boýunça taglyma eýe bolmalysyňyz. Innowasiýa taglymlarynyň özi tötänden peýda bolmagy-da, olary maksada laýyklykda şekillendirmek hem mümkin. Şoňa görä, innowasiýa taglymlarynyň çeşmelerini aýratyn görkezmek maksada laýyk:

1) garaşylmadyk hadysa. Siziň işleriňizde haýsy-da bolsa bir üstünligiň ýa-da şowsuzlygyň, wakanyň bolup geçmegi täze taglymlara, oýlap tapma sebäp bolmagy mümkin;



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2) haýsy-da bolsa bir zat baradaky düşünjelerimiz bilen hakykatyň arasyndaky nälaýyklyk. Adatda düşünje hakyky ýagdaýa görä gowyrak, ýokaryrak bolýar we ol täze özgerişler etmäge ündeýär;

3) prosesiň zerurlyklary esasyndaky täzelikler. Siz haýsy-da bolsa bir prosese gözegçilik etmek bilen, bu ýerde nämedir ýetişmeýändigini duýýarsyňyz. Ony doldurmak bolsa täzeligiň döredilmegine getirýär;

4) iş ýönelişiňizde ýa-da önüm bazarynda bolup geçen adatdan daşary özgerişler;

5) bilimdäki özgerişler. Siziň haýsy-da bolsa bir önüm ýa-da proses barada täze maglumata eýe bolmagyňyz derrew ony amalyýte ornaşdyrmaga ündeýär. Bu bolsa täze bilim esasynda täze önümleriň ýa-da hyzmatlaryň esaslandyrylmagyna getirmegi mümkin.

### BILIMIŇIZI BARLAŇ!

1. Ýurdumyzda 2018-nji ýylyň «Işjeň telekeçilik, innowasion taglymlary we tehnologiýalary goldamak ýyly» diýlip atlandyrylmagynyň sebäbi näme?
2. Innowasiýa sözüniň manysy näme?
3. Kärhananyň innowasion işleri nämäni aňladýar?
4. Kärhanada innowasion işi amala aşyrmagyň netijesini nähili bahalamak mümkin?
5. Kärhanada innowasion işi dolandyrmak nähili atlandyrylýar?
6. Innowasiýalaryň nähili görnüşleri tapawutlanýar?
7. Innowasiýa taglymlary näme we olar nähili peýda bolýar?

### TEMA BOÝUNÇA AMALY ÝUMUŞLAR WE MAŞKLAR

1. Ýaş telekeçi Umida Ýakubjanowa «A» görnüşdäki önüm öndürýär. Onuň bir aýlyk önümçilik göwrümi 32 000 sany, umumy harajatlar 100 mln. som, umumy girdeji bolsa 120 mln. somy düzýär. Telekeçi kärhanada innowasion işi amala aşyryp, önümçilik prosesine täze tehnologiýany ornaşdyrdy we taýýarlanýan önümiň aýratynlyklaryny kämilleşdirdi. Netijede ol indi bir aýda 50 000 sany önüm öndürip, 200 mln. somluk girdeji gazandy. Munda önümçilik harajatlary 125 mln. som boldy. Kärhanada innowasion işi amala aşyrmak netijesinde netijelilik görkezijileri we olaryň özgerişini anyklaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# V BAP TELEKEÇILIKDE RISK WE KONKURENSIÝA

## 28-nji TEMA TELEKEÇILIK RISKLERINE BAHA BERMEK

### RISK DÜŞÜNJESI

Telekeçilik işleri elmydama birmeňzeş üstünlikli amala aşybermeýär. Kä halatlarda telekeçi planlaşdyran işlerini amala aşyryp bilmän galmagy, özi garaşan girdejini ýa-da peýdany almazlygy mümkin. Çünki telekeçilik işi we onuň netijesini öňünden doly we anyk kesgitläp bolmaýar. Şoňa görä, telekeçiligiň esasy aýratynlykly belgilerinden biri – riske barmak hasaplanýar.

**Telekeçilik riski** – resurslardan netijeli peýdalanmak mümkin bolan halatdan çete çykmak we şonuň netijesinde resurslary ýitirmek howpy.

Telekeçilik riski bu baradaky işiň ähli görnüşleri – önüm öndürmek, harytlary satmak we hyzmat etmek; haryt-pul we maliýe operasiýalary; täjirçilik; ylmy-tehniki taslamalary amala aşyrmak bilen baglylykda emele gelmegi mümkin.

Diýmek, telekeçilik riski planlaşdyrylan çäre amala aşman galmak bilen zyýan ýa-da zyýan çekmek ähtimaly. Ol dolandyryş kararlaryny kabul etmekde ýol berilmegi mümkin bolan ýalňyş ýa-da nazarda tutulmadyk halatlar netijesinde hem gelip çykmagy mümkin.

Risk düşünjesi halkara ähmiýete eýe bolýan düşünje bolup, türkmen dilinde howp, hatar, gorky we töwekgelçilik diýen manylary aňladýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## RISKLERIŇ ESASY GÖRNÜŞLERI

Telekeçilik riskini örän köp görnüşlere, meselem, tebigy-klimat, syýasy, hojalyk, transport we başgalara bölmek mümkin. Biz onuň üç esasy görnüşini – önümçilik, maliýe we inwestision riske garap geçeris.

**Önümçilik riski** kärhananyň hojalyk ýöretmek işleri bilen bagly. Munda kärhana özüniň borçlaryny ýerine ýetirmezlik ähtimaly düşünilýär. Meselem, kärhana buýurmaçynyň ýa-da hyrydarlaryň öňündäki şertnama borçlaryny ýerine ýetirmezligi, öz harytlaryny we hyzmatlaryny satyp bilmezligi, olaryň nyrhlaryny dogry kesgitläp bilmezligi, bankrotlyga duçar bolmagy mümkin.

Maliýe operasiýalarynyň häsiýetnamasyndan gelip çykmak bilen ýüze çykýan zyýanlar **maliýe risk**i emele getirýär. Maliýe riski maliýe-kredit, fond biržasy ugurlarynda, gymmatly kagyzlaryň operasiýasyny amala aşyrmakda ýol berilmegi mümkin bolan ýitgileri aňladýar. Maliýe risklerine, şonuň ýaly-da, kredit riski, göterim riski, walýuta riski, maliýe netijesini elden gidermek riski ýalylary girizmek mümkin.

**Inwestision risk** kärhananyň inwestision işi prosesinde nazarda tutulmadyk maliýe ýitgileriniň peýda bolmagyny aňladýar. Ýagny, kärhananyň gymmatly kagyzlarynyň satylman galmagy ýa-da olar getirýän girdejiniň barha peselmegi, inwestisiýa taslamalarynyň amala aşmazlygy şolara degişlidir.

## TELEKEÇILIK IŞINDE RISKI BAHALAMAK

Telekeçilik işlerinde riskiň erbet täsirini kemeltmek maksadynda ol bahalap barylýar. Telekeçilik riskini bahalamagyň ençeme usullary bar. Şol sanda: statistik, analitik, analogiýa we ekspert bahalamak usuly.

## ÄHTIMAL RISKI HASAPLAMAK

Riski ýa-da töwekgelçiligi ölçemegiň esasy ähtimal düşünjesi bilen bagly. Amerikaly alym F. Naýt (1885–1972) ähtimaly iki görnüşe bölýär: matematiki, ýagny öňünden anyklamak mümkin bolan ähtimal we statistik ähtimal.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Birinji görnüşdäki ähtimaly obýektiw ähtimal diýsek, ol ykdysadyýetde seýrek duşýar, ikinji görnüşdäki ähtimal subýektiw ähtimal bolup, biznese mahsusdyr. Hem obýektiw, hem subýektiw ähtimallar töwekgelçilik derejesini aňlatmakda we saýlamakda peýdalanylýar. Obýektiw ähtimal ortaça bahany anyklamaga kömek etse, subýektiw ähtimal alynmagy mümkin bolan netijeleriň üýtgeýjilik ölçegini anyklamaga kömek edýär. Töwekgelçiligi mukdar taýdan anyklamak üçin käbir waka ýa-da hadysanyň getirmegi mümkin bolan netijelerini we bu netijeleriň ähtimalyny bilmek gerek bolýar.

Garaşylýan mukdar – bu mümkin bolan ähli netijeleriň ortaça ölçelen bahalary. Bu ýerde her bir netijäniň ähtimaly şu laýyk bahalaryň gaýtalanma ýygylygy ýa-da ölçegidir.

$$E(X) = P_1x_1 + P_2x_2 + \ldots + P_nx_n$$

Bu ýerde $x_i$ – mümkin bolan netije;

$P_i$ (Probabilitiy) – şu netijäniň peýda bolmak ähtimaly:

$$P_1+P_2+\ldots+P_n = 1$$

Meselem, telekeçi täze önüm öndürmekçi. Eger telekeçiniň täze önümi bazarda üstünlik gazansa, her bir önüm birligine 10 000 som peýda gazanmak mümkin, eger üstünlik gazanmasa, bir birlik önüm üçin 1 000 som alynýar. Kärhananyň önüminiň bazarda üstünlik gazanmak ähtimaly 0,6-a deň bolsa, bir birlik önümden garaşylýan peýdanyň mukdary aşakdaky ýaly anyklanýar:

$$E(X) = 0{,}6 \times 10\,000 + 0{,}4 \times 1\,000 = 6\,400 \ som$$

Adamlar riske, ýagny töwekgelçilige barmaga taýýardygy bilen birbirinden tapawutlanýar. Adamlar riske barmaga taýýardygy boýunça üç görnüşe bölünýär:

1. riske, ýagny töwekgelçilige barmaga meýilli adamlar.
2. riske barmaga garşy, ýagny maýilli däl adamlar.
3. riske biparh garaýan adamlar.

Töwekgelçilige garşy bolan adam diýende şeýle adam düşünilýär, ýagny garaşylýan girdeji berlende, ol töwekgelçilik bilen bagly netijelere garanda, kepillendirilen netijäni üstün görýär. Şonuň üçin hem töwekgelçilige



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

barmaga meýilliligiň ýoklygy köp adamlara mahsusdyr. Töwekgelçilik olar üçin agyr synag ýaly hasaplanýar we olar diňe mälim kompensasiýa bolanda töwekgelçilige barmagy mümkin.

Töwekgelçilige biparh garaýan adam şeýle adam hasaplanýar, ýagny ol garaşylýan girdeji berlende, ol kepillendirilen netijäni makul görüp, töwekgelçilik bilen bagly netijelere biparh garaýar. Töwekgelçilige neýtral garaýan adam üçin ortaça peýda möhüm hasaplanýar.

Töwekgelçilige meýilli bolan adam şeýle adam hasaplanýar, ýagny ol garaşylýan girdeji berlende ol kepillendirilen netijä garanda töwekgelçilik bilen bagly netijäni üstün görýär.

Töwekgelçilige gyzyklanýan adam ondan lezzet alýar. Şeýle görnüşdäki adamlara öz tagdyryny synap görmek üçin berkarar girdejiden ýüz öwrüp bilýän adamlar girýär.

Riski peseltmegiň aşakdaky görnüşleri bar: diwersifikasiýa, ätiýaçlandyryş, töwekgelçiligi paýlamak, maglumat agtarmak.

Diwersifikasiýa usulynda risk birnäçe harytlara paýlanýar, ýagny haýsyda bolsa bir harydy satmak (satyn almak) ýokary risk bilen bagly bolmagy başga bir harydy satmakdan (satyn almakdan) bolýan riski kemeltmäge getirýär.

Meselem, käbir firma iki hili önüm öndürýär. Mälim bolşy ýaly, bir wagtyň özünde iki önüm görnüşine bolan talabyň barha kemelmek ähtimaly, olardan birine bolan talaby barha kemelmek ähtimalyndan ýokary. Köp halatlarda bir görnüşdäki önüme bolan talap kemelende ikinji görnüşdäki önüme bolan talap artýar. Aşakdaky jedwelde iki görnüşdäki önümden alynýan girdejiler getirilen.

*1-nji jedwel*

**Harytlary satmakdan düşen girdeji**

| **Harytlaryň görnüşi** | **Tomus pasly** | **Gyş pasly** |
|---|---|---|
| Doňdurma | 600 mln. som | 100 mln. som |
| Doňdurmaly tort | 100 mln. som | 600 mln. som |

Firma öz önümçiligini diwersifikasiýa edip, tomus aýynda ikinji görnüş harydyň hasabyndan ýitirýän girdejisini birinji görnüş harydy köpräk satmagyň hasabyndan öwezini dolýar. Edil şeýle gyş paslyndaky ýitgiler ikinji harydyň hasabyndan öwezi dolýar. Görnüşi ýaly, firma diwersifikasiýa



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýoly bilen töwekgelçiligi kemeltdi. Ýöne diwersifikasiýa töwekgelçiligi doly ýok etmeýär, ol diňe kemeldýär.

## RISKLERI ÄTIÝAÇLANDYRMAK

**Riskleri goşmak** – şu usul tötänleýin ýitgileri hemişelik harajatlara öwürmek arkaly töwekgelçiligi kemeltmäge gönükdirilen. Mälim bolşy ýaly, emlägiň ogurlanmagy, şahsyň kesel bolup işe çykmazlygy, tebigy apatlaryň bolmagy tötänleýin bolup olar örän uly harajatlara getirmegi mümkin. Şu nähoş hadysalaryň netijelerini kemeltmekde ätiýaçlandyryşyň ähmiýeti uly.

Ätiýaçlandyrmakda töwekgelçiligi goşmak netijeliligi şunuň bilen kesgitlenilýär, ýagny ätiýaçlandyrylan şahslaryň töwekgelçiligi bir-birine bagly bolmaly däldir.

### BILIMIŇIZI BARLAŇ!

1. Telekeçilik riski diýende nämäni düşünýärsiňiz?
2. Telekeçilik riski nähili görnüşlere bölüp öwrenilýär?
3. Telekeçilik riskini bahalamagyň nähili usullaryny bilýärsiňiz?
4. Ähtimal risk esasynda garaşylýan mukdar nähili anyklanýar?
5. Telekeçilik riskini peseltmegiň nähili görnüşlerini bilýärsiňiz?

## TEMA BOÝUNÇA AMALY ÝUMUŞLAR WE MAŞKLAR

1. Aýdaly ýaş telekeçi Nigora Abdurazzakowanyň ygtyýarynda puluny köpeltmegiň iki hili saýlamak warianty bar.

Birinjiden, eger ol özünde bar bolan artykmaç 100 mln. som serişdesini banka amanada goýsa, ýyllyk 20 göterim görnüşinde kepillendirilen goşmaça girdeji alýar.

Ikinjiden, ol goşmaça önümçilik bilen meşgullanmagy mümkin. Onuň öndüren önümi bazarda üstünlik gazansa, telekeçiniň goşmaça alýan girdejisi 40 mln. som, eger üstünlik gazanyp bilmese 10 mln. som bolýar. Önümiň bazarda üstünlik gazanmak ähtimaly 0,4-e deň. Önümi öndürmekden garaşylýan girdejiniň mukdaryny anyklaň. Telekeçi haýsy warianty saýlaýar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 29-njy TEMA KÄRHANADAKY ZÄHMET RESURSLARY

### ZÄHMET RESURSLARY

Telekeçilik işlerini guramakda iň möhüm ykdysady resurslardan biri – zähmet resurslary hasaplanýar.

**Zähmet resurslary** – ilatyň zähmet etmek üçin zerur bolan fiziki we akyl ukybyna eýe bolan bölegi.

Özbegistanda zähmet resurslarynyň düzümine 16 ýaşdan 55 ýaşa çenli bolan aýallar hem-de 60 ýaşa çenli bolan erkekler girýär.

### ZÄHMET ŞERTNAMASY

Eger siz telekeçilik işleri esasynda işçileri işe hakyna tutmakçy bolsaňyz, muny kanuny esasda guramalysyňyz. Ýurdumyzda kärhana bilen işçileriň arasyndaky gatnaşyk zähmet şertnamasynyň kömeginde şekillenýär.

**Zähmet şertnamasy** – kärhana bilen işçileriň arasyndaky işe hakyna tutmak boýunça gatnaşygy ýüze çykarýan we tertibe salýan hukuk resminamasy.

Zähmet şertnamasynda aşakdaky möhüm meseleler kesgitlenilýär:
– iş hakynyň stawkasy;
– normadan artyk ýerine ýetirilen işler üçin stawka;
– dynç alyş günleri we arakesmeler;
– pensiýa fondlary we saglygy goraýşa pul goýbermeler;
– nyrhlaryň özgerişini hasaba almak bilen iş hakyny we başga tölegleriň mukdaryny tertibe salmak;
– zähmet şerti we başga meseleler.

Şonuň ýaly-da, zähmet şertnamasynda zerur guramaçylyk meseleler hem görkezilip geçilýär. Adatda, zähmet şertnamasy birnäçe ýyla düzülýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## IŞ HAKY

Telekeçilik işlerinde işçileri höweslendirmegiň iň esasy şekli iş haky hasaplanýar. Iş hakynyň dogry we adalatly bellenilmegi ahyrky netijede telekeçilik işleriniň netijelerine gowy täsir edýär.

**Iş haky** – telekeçilik işlerinde döredilen önümden işçileriň we gullukçylaryň zähmetiniň mukdary, hili we öndürijiligine garap tölenýän ülüşiniň puldaky aňlatmasy.

Işçileriň we gullukçylaryň iş haky olaryň ýeterli derejedäki durmuş şertini üpjün etmelidir. Bu orunda nominal we real iş haky düşünjelerini bilmek zerur.

**Nominal iş haky** – mälim wagtyň dowamynda alnan pul summasy ýa-da pul şeklindäki iş haky.

Mysal üçin, siz öz kärhanaňyzdaky işçä ýanwar aýynda 800 müň som, fewral aýynda 790 müň som, mart aýynda 820 müň som iş haky tölediňiz. Bular nominal iş haky hasaplanýar.

**Real iş haky** – nominal iş hakyna satyn alynmagy mümkin bolan harytlar we hyzmatlar mukdary.

Başgaça aýdanda real iş haky – bu nominal iş hakynyň «haryt etmek» ukybydyr. Öz-özünden aýan bolşy ýaly, real iş haky nominal iş hakynyň mukdaryna we haryt edilýän harytlaryň nyrhyna bagly. Diýmek, real iş haky nominal iş hakyna göni proporsionaldyr we sarp edilýän serişdeleriň hem-de hyzmatlaryň nyrhynyň derejesine ters proporsionaldyr:

$$V_r = \frac{V_n}{P}$$

Bu ýerde: $V_r$ – real iş haky; $V_n$ – nominal iş haky; $P$ – sarp edilýän serişdeleriň we hyzmatlaryň nyrh derejesi.

Ýokardaky mysalda siz tarapdan işçä tölenen nominal iş haky ýanwar aýyna garanda fewral aýynda 98,7 göterimi, mart aýynda 102,5 göterimi düzüpdi. Real iş hakynyň derejesiniň özgerişini anyklamak üçin bolsa sarp edilýän serişdeleriň we hyzmatlaryň nyrh derejesi barada maglumat zerur bolýar. Aýdaly, nyrh derejesi ýanwar aýyna garanda fewralda 1,08,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

martda bolsa 1,2 esse artan bolsun. Onda işçiniň real iş haky fewralda 731 müň som, mart aýynda bolsa 683 müň som bolýar. Ýagny, işçiniň real iş haky ýanwar aýyna garanda fewral aýynda 91,3 göterim, mart aýynda 85,3 göterim derejesinde bolýar.

## IŞ HAKYNY BELLEMEK

Telekeçilik işlerinde iş hakynyň dogry bellenmegi döwlet tarapyndan kadalaşdyrylýar. Iş hakyny bellemek tarif ulgamynyň kömeginde amala aşyrylýar.

**Tarif ulgamy** – ýurduň guşaklygyna, pudaklara, önümçilik görnüşlerine, işgärleriň hünärine we zähmet şertlerine garap iş hakynyň derejesini tertibe salyp durýan normalar toplumy.

Tarif ulgamy öz içine tarif-hünär maglumatnamalary, tarif stawkalary, tarif setkalary, iş hakyna görä ulanylýan dürli koeffisiýentleri alýar:

**Zähmete hak tölemegiň ýalňyz tarif setkasy**

| Zähmete hak tölemek razrýadlary | Tarif koeffisiýentleri | Zähmete hak tölemek razrýadlary | Tarif koeffisiýentleri |
|---|---|---|---|
| 1 | 2,476 | 12 | 6,115 |
| 2 | 2,725 | 13 | 6,503 |
| 3 | 2,998 | 14 | 6,893 |
| 4 | 3,297 | 15 | 7,292 |
| 5 | 3,612 | 16 | 7,697 |
| 6 | 3,941 | 17 | 8,106 |
| 7 | 4,284 | 18 | 8,522 |
| 8 | 4,640 | 19 | 8,943 |
| 9 | 4,997 | 20 | 9,371 |
| 10 | 5,362 | 21 | 9,804 |
| 11 | 5,733 | 22 | 10,240 |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Tarif stawkalary** degişli razrýada eýe bolan işçiniň zähmetine tölenýän hakyň mukdaryny kesgitleýär.

## ZÄHMET ÖNDÜRIJILIGI WE ONY HASAPLAMAK

Kärhanada işçilere iş hakynyň dogry we adalatly bellenilmegi işçileriň zähmet öndürijiligine täsir edýär.

**Zähmet öndürijiligi** – işçiniň wagt birligi dowamynda önüm döretmek ukyby.

Zähmet öndürijiligi işçiniň zähmetiniň her bir birliginiň hasabyna öndürilen önümiň mukdary bilen anyklanýar:

$$ZÖ = Ö/V$$

Bu ýerde: *ZÖ* – zähmet öndürijiligi; *Ö* – önüm, *V* – sarp edilen iş wagty.

Şundan görnüşi ýaly, işçiniň zähmet mukdary ol tarapyndan işlenen wagt bilen, adam güni, adam sagady we başgalar bilen kesgitlenilýär.

## ZÄHMET ÖNDÜRIJILIGINI ÝOKARLANDYRMAGYŇ FAKTORLARY

Telekeçi öz kärhanasyndaky zähmet öndürijiligini ýokarlandyryp barmaga hereket etmelidir. Çünki zähmet öndürijiliginiň ösüşi kärhanadaky zähmet resurslaryndan netijeli peýdalanylýandygyny aňladýar. Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmagyň faktorlary ykdysady, sosial, ylmy-tehniki ösüşi çaltlandyrmak faktorlaryna bölüp öwrenilýär.

### BILIMIŇIZI BARLAŇ!

1. Zähmet resurslary näme we ol öz içine kimleri alýar?
2. Zähmet şertnamasy näme üçin zerur?
3. Iş haky näme we onuň telekeçilik işlerindäki ähmiýeti nähili?
4. Nominal we real iş haky düşünjeleri nämäni aňladýar?
5. Tarif ulgamy näme? Ol öz içine nähili esasy taraplary alýar?
6. Zähmete hak tölemegiň ýalňyz tarif setkasy barada maglumat beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 30-njy TEMA KONKURENT BOLUP BILMEGI ÜPJÜN ETMEK

Özbegistan ylym-bilim, intellektual ukyp ugrunda, häzirki zaman kadrlar, ýokary tehnologiýalar babatda dünýä möçberinde konkurentlik edip biljek ýurt bolmalydyr.

***Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Ş. Mirziýoýew***

### KONKURENSIÝA WE ONUŇ WEZIPELERI

Bazar mehanizminiň möhüm we aýrylmaz tarapy konkurensiýa hasaplanýar.

**Konkurensiýa** – bu ýokary netijä we ýagdaýa eýe bolmak üçin bazar gatnaşyjylarynyň arasyndaky ykdysady göreşdir.

Siz öz telekeçilik işleriňizi üstünlikli ýöretmegiňiz üçin, hökman, konkurensiýa barada ýeterli bilime eýe bolmalysyňyz.

Konkurensiýanyň ençeme esasy wezipeleri bar.

Konkurensiýanyň wezipeleri

- Tertibe salmak
- Resurslary ýerleşdirmek
- Innowasiýany höweslendirmek
- Paýlamak
- Gözegçilik etmek

### KONKURENSIÝANYŇ ŞEKILLERI

Siz öz telekeçilik işleri ýönelişiňizi saýlamazdan öň onuň nähili konkurensiýa şertinde amal etjegini öňünden bilmegiňiz möhüm hasaplanýar. Konkurensiýanyň dört esasy şeklini aýratynlykda görkezmek mümkin.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Konkurensiýanyň şekilleri

- Erkin konkurensiýa
- Monopolistik konkurensiýa
- Sap monopoliýa
- Oligopoliýa

**Erkin konkurensiýa** – bu bir görnüşdäki önüm öndürýän pudakda örän köp sanly kärhanalaryň barlygy şertindäki konkurensiýadyr.

**Erkin konkurensiýanyň aýratynlykly belgileri:**

– aýratyn kärhana ýa-da telekeçi tarapyndan öndürilen önümi pudagyň umumy önümçilik göwrümindäki ülüşiniň uly dälligi;

– öndürijiniň öz önüminiň nyrhynyň üstünden gözegçiligi ýola goýup bilmezligi;

– pudaga girmegiň we ondan çykmagyň erkinligi.

Meselem, siz oba hojalyk önümlerini ýetişdirmek telekeçiligi bilen meşgullansaňyz, onda erkin konkurensiýa şertinde iş alyp barmaga dogry gelýär.

**Sap monopoliýa** – bu pudakda ýalňyz öndüriji bar bolup, ol ýeketäk hökümdarlyga eýe bolan bazar ýagdaýydyr.

**Sap monopoliýanyň aýratynlykly belgileri:**

– pudakdaky ähli önümiň ýalňyz kärhana tarapyndan öndürilmegi;

– öndürijiniň öz önüminiň nyrhynyň üstünden doly gözegçiligi ýola goýmagy;

– pudaga girmegiň we ondan çykmagyň gaty kynlygy.

**Monopolistik konkurensiýa** – bu bir wagtyň özünde hem konkurensiýa, hem monopoliýa aýratynlyklaryna eýe bolan konkurensiýadyr.

**Monopolistik konkurensiýanyň aýratynlykly belgileri:**

– pudakdaky bir görnüşdäki önümleriň birnäçe onlarça kärhanalar tarapyndan öndürilmegi;

– öz önümini başga şu görnüşdäki önümlere garanda özboluşly aýratynlygyna görä differensirlemegi;



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Oligopoliya** – pudakda onçakly köp bolmadyk kärhanalaryň bar bolmagy we hökümdarlyk etmegi şertindäki konkurensiýa.

**Oligopoliýanyň aýratynlykly belgileri:**

– pudakdaky bir görnüşdäki önümleriň birnäçe iri kärhanalar tarapyndan öndürilmegi;

– öndürijiniň öz önüminiň nyrhynyň üstünden duýarly gözegçiligi ýola goýmagy;

– pudaga girmegiň we ondan çykmagyň kynlygy.

## BÄSDEŞLIGIŇ USULLARY

Bäsdeşligiň nyrh arkaly we nyrhsyz konkurensiýa usullary tapawutlanýar.

**Nyrh arkaly bäsdeşlik** – bu belli bir önümleriň nyrhyny başga öndürijileriň şu görnüşdäki önümleriň nyrhyna görä peseltmäge esaslanýan konkurensiýa usuly.

**Nyrhsyz konkurensiýa** – konkurensiýa göreşiniň esasy faktory bolup harydyň hili, serwis hyzmat etmegi, öndüriji firmanyň at-abraýy hasaplanýan göreş usuly.

## YNSAPSYZ BÄSDEŞLIK

Bäsdeşligiň ykdysady däl usullaryndan peýdalanmaga ynsapsyz bäsdeşlik diýlip atlandyrylýar. Olara fiziki güýç ulanmak, mejburlamak, bäsdeşleriň abraýyna putur ýetirmek, ykdysady resurslaryň çeşmelerinden mahrum etmek, öňdebaryjy hünärmenleri başyny aýlamak, nyrhy ýiti peseltmek ýalylar girýär.

## KÄRHANANYŇ KONKURENT BOLUP BILIJILIGINI ARTDYRMAGYŇ ÝOLLARY

Bazar ykdysadyýetinde başga bäsdeşlerden ozup gitmek ýa-da üstün çykmak ukyby, ýagny bäsdeşlik edip bilmek möhüm hasaplanýar. Konkurent bolup bilijilik dürli derejelerde ýüze çykmagy mümkin.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




Konkurent bolup bilijiligiň islendik derejesi üçin aýratynlykly bolan esasy faktorlar bar.




Siz öz telekeçilik işleriňizi üstünlikli amala aşyrmak üçin kärhanaňyz konkurent bolup bilijiligini üpjün etmelisiňiz.

**Kärhananyň** konkurent bolup bilijiligi – belli bir görnüşdäki önümi öndürýän başga kärhanalara özüniň önümçilik, maliýe we marketing işleriniň netijeliligi taýdan mynasyp garşy durup bilmek ukyby.

Munuň üçin, elbetde, kärhananyň konkurent bolup bilijiligini üpjün etmegiň ýollary barada bilmelisiňiz. Aşakda olaryň esasylaryny getirýäris:

– üznüksiz ýagdaýda önümçilik prosesine täzelikleri ornaşdyrmak;
– önümiň beýlekilerden kämilleşen şekliniň üstünde işlemek;
– önümiň hiliniň milli we jahan ülňülerine laýyklygyny üpjün etmek;
– ýokary hilli çig mallardan we materiallardan peýdalanmak;
– yzygider ýagdaýda işgärleriň hünärini kämilleşdirmek;
– işgärleriň maddy bähbitliligini artdyrmak we zähmet şertlerini gowulandyrmak;
– bazarda çuňňur marketing barlaglaryny geçirmek we başgalar.

## BARLAG WE PIKIR ÝÖRETMEK ÜÇIN SORAGLAR

1. Konkurensiýanyň nähili wezipeleri bar?
2. Konkurensiýanyň nähili şekillerini bilýärsiňiz?
3. Erkin konkurensiýanyň aýratynlykly belgilerini düşündiriň.
4. Nyrh arkaly konkurensiýa näme? Onuň nähili usullary bar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## GLOSSARIÝ

**Agrofirma** – daýhan we şahsy kömekçi hojalyklar tarapyndan ýetişdirilen oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemek hem-de satmak bilen meşgullanýan kärhana.

**Biznes taslama** – belli bir biznes taglymy amala aşyrmak bilen bagly ähli çäreler beýan edilen hem-de netijeliligi esaslandyrylan resminama.

**Biznes-plan** – telekeçilik işini başlamazdan öň onuň häsiýeti, iş döwürleri, nazarda tutulýan sarp-harajat we garaşylýan peýda ýaly möhüm taraplary beýan edilen guramaçylyk-ykdysady görnüşdäki resminama.

**Bäsdeşlik** – bu ýokary netijä we ýagdaýa eýe bolmak üçin bazar gatnaşyjylarynyň arasyndaky ykdysady göreş.

**Daýhan hojalygy** – maşgala baştutanyna berlen mellek ýer uçastogunda maşgala agzalarynyň şahsy zähmeti esasynda oba hojalyk önümi ýetişdirilýän we realizasiýa edilýän ownuk maşgala haryt hojalygy.

**Esaslandyryjy şertnama** – esaslandyryjylaryň kärhanany döredende özara ylalaşylan esasy şertlerini aňladýan ýuridik resminama.

**Fermer hojalygy** – kärendesine berlen ýer uçastoklaryndan peýdalanmak bilen oba hojalyk haryt öndürmek bilen meşgullanýan, özbaşdak hojalyk ýörediji subýekt.

**Innowasiýa** (iňl. «innowation» – täzelik, nowatorlyk) – täze tehnologiýa, önüm we hyzmat görnüşleri, önümçilik, zähmet, hyzmat etmek we dolandyryş görnüşindäki täzelikleriň ulanylmagy.

**Inwestisiýa riski –** nazarda tutulmadyk sebäplere görä inwestisiýa serişdeleriniň netije bermezligi netiesinde maliýe taýdan ýitgi ähtimaly.

**Jogapkärligi çäklendirilen jemgyýet (JÇJ)** – agzalary kollektiwleýin borçlary boýunça diňe özleri goşan ülüş çäginde jogapkär bolýan jemgyýet.

**Kalkulýasiýa –** latynça «calculatio» diýen sözden alnan bolup, hasap, hasap-hesip diýen manylary aňladýar. Bu önüm birligine dogry gelýän önümçilik harajatlaryny pul şeklindäki hasaby.

**Kärhana konkurentlik edip bilijiligi** – belli bir görnüşdäki önümi öndürýän başga kärhanalara özüniň önümçilik, maliýe we marketing işi netijeliligi taýdan mynasyp garşy durup bilmek ukyby.

**Kärhananyň ustawy** – kärhananyň iş alyp baryş tertibini we şertlerini kesgitleýän resminama.

**Marketing barlagy** – bazary öwrenmek boýunça marketing çärelerinden biri bolup, önümçilikde we bazarda satmak nazarda tutulýan harytlar baradaky maglumatlary toplamak, derňemek, gaýtadan işlemek proseslerini öz içine alýar.

**Mikrofirma** – belli bir ugurdaky işleýänler sany taýdan iň kiçi bolan ýuridik şahs görnüşindäki kiçi telekeçilik subýekti.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Maşgala kärhanasy** – ýuridik şahs döredilmek bilen amala aşyrylýan maşgala telekeçiligi şekli.

**Maşgala telekeçiligi** – maşgala agzalary we olaryň ýakyn garyndaşlary tarapyndan döredilýän telekeçilik işi.

**Önümçiligi diwersifikasiýalamak** – bazaryň ýagdaýynyň üýtgeýjiligine uýgunlaşmany artdyrmak maksadynda önüm ödürmegiň görnüşlerini giňeltmek.

**Önümçiligiň zyýansyzlyk nokady** – bu önüm satmakdan alnan girdejiler önümçilik harajatlaryny doly öwezini dolan ýagdaýdyr. Şol nokatda peýdanyň göwrüm nola deň bolýar.

**Özüne düşýän gymmat** – önüm öndürmek we satmak harajatlarynyň puldaky aňlatmasy.

**Startap** (iňl. «startup company», «startup» – hereketi başlaýan) – öz işini innowasion taglymlara ýa-da tehnologiýalara esaslanmak bilen ýöredýän täze döredilen kompaniýa, firma ýa-da biznes taslama.

**Şahsy kömekçi hojalyk** – oba ýerlerinde ýaşaýan raýatlaryň öz mellegindäki şahsy zähmeti arkaly oba hojalyk önümlerini ýetişdirmek bilen meşgullanmagyna esaslanýan maşgala hojalygy.

**Telekeçi** – telekeçilik ukybyna, ýagny nähilidir görnüşdäki haryt öndürmek ýa-da hyzmat etmek prosesini gurap bilmek boýunça bilime, endige we tejribä eýe şahs.

**Telekeçilik riski** – resurslardan netijeli peýdalanmak mümkin bolan ýagdaýdan daşlaşmak we şonuň netijesinde resurslary ýitirmek howpy.

**Telekeçiniň hukugy** – döwlet tarapyndan telekeçi üçin peýdalanmagy bellenilen ýa-da rugsat edilen hereketleriň kadalar toplumy.

**Telekeçiniň jogapkärligi** – bu telekeçiniň hereketiniň bellenilen kanun normalary, sosial we ahlak kadalara laýyklygy boýunça jogap bermek borjy.

**Telekeçiniň borjy** – döwlet tarapyndan telekeçi üçin amal edilmeli ýa-da ýerine ýetirilmegi hökmany edip bellenilen hereketler kadalarynyň toplumy.

**«Ýalňyz äpişge » merkezi** – ilata we kärhanalara dürli döwlet hyzmatlary etmek, şol sanda telekeçilik işini döwlet sanawyndan geçirmek bilen meşgullanýan mahsus edara.

**Ýekebara telekeçilik** – ýuridik şahs döretmezden hususy telekeçilik işini amala aşyrmak şekli.

**Ýaşlaryň telekeçiligi** – ýurtda telekeçilik işiniň 18 ýaşdan 35 ýaşa çenli bolan telekeçileri tarapyndan amala aşyrylýan bölegi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# MAZMUNY

1-nji Tema. Telekeçiligiň mazmuny we ähmiýeti ........ 3
2-nji Tema. Telekeçiligiň görnüşleri we şekilleri ........ 9
3-nji Tema. Ýekebara telekeçilik ........ 14
4-nji Tema. Maşgala telekeçiligi ........ 20
5-nji Tema. Mikrofirma we kiçi kärhana ........ 25
6-njy Tema. Hususy kärhana ........ 30
7-nji Tema. Jogapkärligi çäklendirilen jemgyýet ........ 34
8-nji Tema. Paýdarlar jemgyýeti ........ 38
9-njy Tema. Oba ýerlerindäki telekeçilik ........ 43
10-njy Tema. Ýaşlaryň telekeçiligi ........ 49
11-nji Tema. Biznes-plany işläp taýýarlamak ........ 53
12-nji Tema. Biznes taslama we startaplar ........ 57
13-nji Tema. Kärhananyň esaslandyryjy resminamalary ........ 61
14-nji Tema. Telekeçileri döwlet sanawyndan geçirmek ........ 66
15-nji Tema. Telekeçiligiň jogapkärligi ........ 70
16-njy Tema. Kärhananyň serişdeleri we olardan peýdalanmagyň netijeliligi ........ 74
17-nji Tema. Bankyň kreditleri ........ 80
18-nji Tema. Kärhananyň harajatlary ........ 85
19-njy Tema. Önümiň özüne düşýän gymmaty ........ 89
20-nji Tema. Kärhananyň maliýe netijeleri ........ 93
21-nji Tema. Telekeçiligi salgyda çekmek ........ 99
22-nji Tema. Telekeçilikdäki marketing ........ 103
23-nji Tema. Harytlary satmak we reklama ........ 107
24-nji Tema. Kärhanany dolandyrmak ........ 111
25-nji Tema. Önümi eksporta çykarmak ........ 115
26-njy Tema. Inwestirleme işi ........ 120
27-nji Tema. Innowasion iş ........ 124
28-nji Tema. Telekeçilik risklerine baha bermek ........ 128
29-njy Tema. Kärhanadaky zähmet resurslary ........ 133
30-njy Tema. Konkurent bolup bilmegi üpjün etmek ........ 137



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Telekeçiligiň esaslary:** umumy orta bilim berýän mekdepleriň 11-nji
T 14 synp okuwçylary üçin derslik/U. Gafurow, K. Şaripow. – D.: «O'zbekiston» NÇDÖ, 2018. – 144 s.

ISBN 978-9943-25-612-5

**UO'K 338.22(075.32)**
**KBK 65.290-2ya721**

*O'quv nashri*

**Ubaydulla Vahobovich G'afurov,**
**Quvondiq Baxtiyorovich Sharipov**

# TADBIRKORLIK ASOSLARI

*Umumiy o'rta ta'lim muassasalarining 11-sinfi va o'rta maxsus, kasb-hunar ta'limi muassasalari uchun darslik*

(Turkman tilida)

Original-maket «O'zbekiston» nashriyot-matbaa ijodiy uyida tayyorlandi.
100011, Toshkent. Navoiy ko'chasi, 30.

Terjime eden *J. Metýakubow*
Redaktor *K. Hallyýew*
Çeper redaktor *H. Kutlukow*
Tehredaktor *B. Karimow*
Korrektor *K. Hallyýew*
Kiçi redaktor *G. Ýeraliýewa*
Sahaplaýjy *F. Hasanowa*

Neşirýat lisenziýasy AI № 158. 14.08.09.
Çap etmäge 2018-nji ýylyň 18-nji iýulynda rugsat edildi. Ofset kagyzy.
Ölçegi 70×90 1/16. «Tayms» garniturada ofset çap ediliş usulynda çap edildi.
Kegli 12. Şertli çap listi 10,53. Neşir listi 11,23.
1010 nusgada çap edildi. Buýurma №201-18.

Özbegistanyň Metbugat we habar agentliginiň
«O'qituvchi» neşirýat-çaphana döredijilik öýünde çap edildi. Daşkent-206,
Ýunusabat tümeni, Ýangişäher köçesi, 30.

Telefon: (371) 244-87-55, 244-87-20. Faks: (371) 244-37-81, 244-38-10.
*e-mail: uzbekistan@iptd-uzbekistan.uz,*
www.*iptd-uzbekistan.uz*

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE